Ösüşiň 9 syry

(Ösüp gelýän döwletler üçin)

Yhlas Ýagşyýew

- **Giriş...2**
- **1-nji syr.Lider...4**
- **2-nji syr.Adalatly hökümet..14**
- **3-nji syr.Pul...25**
- **4-nji syr.Içerki we daşarky syýasat...32**
- **5-nji syr.Býurokratiýa we korrupsiýa...41**
- **6-njy syr.Önümçilik ……………………..................................48**
- **7-nji syr.Söwda we telekeçiler ……..57**
- **8-nji syr.Ylym we alymlar..62**
- **9-njy syr.Syýahatçylyk ………………….....................................66**
- **Bibliografiýa..71**

Gahryman ARKADAGYMA bagyş edýärin!

Giriş

Bu kitapda beýan edilen pikirler, baryp 2011-nji ýylda Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndaky San Fransisko Döwlet Uniwersitetinde Ykdysady ylmy boýunça Magistratura edip ýörkäm, birnäçe ukusyz gijelerimiň sebäbi bolupdy. Näme üçindir, ykdysady we maliýe ulgamynyň kemçilikleri barada, ykdysadyçylar diňe ykdysady we maliýe çöküşlikden soň gürläp başlaýarlar. Bu maňa, uruşdan soň gylyç bulaýanlary ýatladýar. 2008-nji ýylda bütin dünýäni ykdysady çöküşe elten ABŞ-yň maliýe bazarlaryndaky bidüzgünçilikler barada, diňe ýalta ykdysadçylar ýazmadylar. Dünýäde bir-birinden belli ykdysadçylar, bir-birinden öňürdip, bu çöküşligiň nä sebäp bilen bolandygyny her hili inçe ýollar bilen adamlara düşündirmäge, telewideniýe programmalaryna çykmaga, has gözaçyklary bolsa kitap ýazyp bu çöküşligiň arkasy bilen at gazanmaga we pul gazanmaga goýuldylar. Eýsem, bu "akylly" ykdysadçylar, maliýe çöküşi beýle gowy tanaýan bolsalar, onda, näme üçin bu maliýe çöküşe tarap gidilip barylýarka sesini çykarmadylar. Maliýe ulgamy dessine dogrulamasaň, bu ulgamyň ykdysady betbagtçylyga eltjekdigi barada näme üçin öň gürlemediler? Bu barada men birnäçe professorlar bilen hem gürleşdim, gynansakda bu soraga takyk jogap berip bilen bolmady.

Oýlanmalaryň we dogrusyny aýtsam birnäçe seljeriş işlerimiň netijesinde men şu netijä geldim- **Hemme zat wagtynda edilmeli!** Wagtynda edilen ykdysady reforma açlykdan halas eder, wagtynda gymyldasaň baýarsyň, wagtynda kelläňi işletseň belalardan goranarsyň, wagtynda der dökseň soň gowy ýaşarsyň, wagtynda dynç almaly, wagtynda okamaly, elgaraz hemmezadyň wagtynda bolmagy, wagtynda edilmegi, bu zadyň haýryny müň esse artdyrýandyr! Wagtynyň haçandygyny nädip bilmeli? Oba-hojalygyny reforma etme wagty haçan, ylym we bilimi, hökümeti, söwdany reforma etme wagt haçan? Bir ugruň ýalňyşdygyny we bu ugruňy üýtgedip başga ugra goýulmagyň haýyrly boljakdygyny nädip bilmeli? Dogry, hemme zadyň wagty bar, ýöne şol wagtyň dogry wagtdygyny nädip bilmeli? Ýigrimi birinji asyrda, wagt örän çalt geçýär, hadysalar bir-birini örän çalt çalyşýarlar, göz açyp ýumasy salymda ýagdaýlar üýtgäp dur. Şol sebäpli, köp zatlary örän çalt we effektiw etmeli bolýar, ýöne gynansakda adamlar öz ýaşaýyş şeklini, gylyk häsiýetini beýle çalt üýtgetmek islemeýärler, bu adamzadyň tebigatyndadyr. Könäni söýmek, köneleri ýatlamak, köne döwri öwmek, bu häsiýetler belki-de şu döwrümizde, iň uly böwet bolup durýan zatlaryň biridir.

Bu kitaby ýazmagymyň sebäplerinden ýene biri hem, ösüp gelýän döwletleriň, ýerasty we ýerüsti baýlyklaryna garamazdan, halkynyň

zähmetsöýerligine garamazdan bu döwletleriň “ykdysady gapanlara” düşmegi we haýal ösmegi fenomenidir. Göräýmäne, ösmek we galkynmak üçin bütin mümkinçilikler ýeterlik ýaly, emma bu mümkinçilikler dolylygyna ulanylanok. Bu döwletlerde, amala aşyrmak, ýerine ýetirmek meselesi bardygy ikuçsyz.

Gynansakda, ykdysadyýet ylmy, bu ýokardaky aýdylan zatlara örän az üns berýär, hat-da hiç üns bermeýär diýsek hem ýalňyşmarynmykam diýýän. Döwrümizde ylymlaryň barysy örän materiallaşan, ýagny her bir zady ylmy dil bilen subut etmeli. Şonuň üçin hem, ykdysady ösüş we galkynyş modelleri, bütin ykdysady kitaplarda örän fundamental, ýagny örän ýönekeýleşdirilip görkezilen. Maýany köpeltmeli (investmen), kapitaly ösdürmeli (capital) we adamlaryň işeňňirligini artdyrmaly (labor output). Günümiziň ykdysadyýet ylmy bir lideriň harizmasyny, ýa-da halkyň içki ruhunyň güýjüni, hyjuwyny, höwesini, yhlasyny hasaplap berip bilmeýär. Eýsem, ykdysady ösüş üçin bu zatlar, bu duýgular hökmany dälmidir? Serediň okyjym, dogry ýoly bilmek aýry, ýöne ony amala aşyrmak, düýbünden aýry meseledir. Her bir boks ussady, dünýäniň çempiony bolmany arzuw eder, her bir boks ussady muny nähili amala aşyrmalydygyny hem biler, ýöne gynansakda her bir boks ussady bu ugurdaky kynçylyklara we agyr zähmete döz gelip bilmez. Şonuň üçin hem boks ussady köpdür, emma dünýä çempiony azdyr. **Bilmek aýry, amala aşyrmak aýrydyr!** Her bir adam, alym bolmany arzuw eder, muny nähili amala aşyrmalydygyny hem biler, ýöne her bir adam bu ugurdaky agyr zähmete döz gelip bilmez. Şonuň üçin hem okumyş köpdür, emma hakyky alym azdyr. **Bilmek aýry, amala aşyrmak aýrydyr!** Ykdysady ösüşe we galkynyşa gidýän ýoly bilmeýän lider, halk we hökümet ýokdur, emma muny amala aşyryp bilýäni örän azdyr, sebäbi bu ugurda örän uly zähmet, örän uly düýpli özgerişler we pidalar bardyr. Bu pidalary edip bilmek, zähmete we özgerişiklere döz gelmek hakyky gahrymanlaryň işidir. Gynansakda, her bir lider, halk we hökümet gahryman bolup bilmeýändir.

Ynha bu kitap, gahrymançylygy amala aşyrmagyň şertleri baradadyr, gahrymançylygyň syrlarydyr, her bir ösüş we özgeriş ýolundaky gahrymanlaryň bilmeli zatlary, çözmeli meseleleri baradadyr. Bu kitapda, diňe bir syrlar aýan edilmän, eýsem bu syrlaryň we meseleleriň çözgütleri hem görkezilendir. Bu kitap her kim üçindir, bu kitapda beýan edilen syrlar, her kimiň düşünäýjek dili bilen ýazylmagyna uly üns berilendir.

“Alla Tagalla, her döwürde halkyň arasyndan birini saýlap, ony, halkyň dünýä we jemgyýetçilik işlerine jogapkär kylar.”
Nyzam al Mülk, “Syýasatnama”, 1-nji fasyl.

1-nji syr. Lider

XXI-nji asyrda dünýäniň ýüzünde iki ýüzden gowrak döwlet bar[1] we jemi adamzadyň sany bolsa, ýedi milliarddan geçdi[2]. Şu güne çenli, dünýäniň taryhynda adamzadyň sany beýle köp bolmandy we bir wagtyň özünde beýle köp döwlet hem ýokdy. Dünýäde derýalaryň, deňizleriň, gury ýerleriň we ýerasty baýlyklaryň sany, mukdary bellidir, bu bolsa, git-gide sany köpelip barýan adamlaryň we döwletleriň arasynda bu baýlyklary eýelemegiň ugrunda ýaryşyň has hem gyzgalaňly boljakdygyna şaýatlyk edýär. Bazar ykdysadyýetiň fundamental prinsiplerine görä, sany artýan adamzadyň gymmaty gaçýandyr, emma git-gide azalýan ýerasty we ýerüsti baýlyklaryň gymmaty bolsa artýandyr[3]. Geçen ýüzýyllyklar bilen biziň döwrümizi deňeşdireniňde, döwletleriň arasyndaky diri galmak ugrundaky ýaryşyň usuly we tilsimi ýumşan hem bolsa, netijesi we maksady üýtgän däldir. Bu, bazar ykdysadyýeti “erbet”, döwletleriň arasyndaky ykdysady ýaryşlar erbet diýdigim däldir, gynansakda bu ýaryşlaryň we “kör kapitalizmiň” adamzat taryhynda örän aýylganç sahypalara eltip bilýändiginiň bir duýdurmasydyr[4]. Bu gün Latin we Demirgazyk Amerikada ýaşaýan bütin gara tenli (negroid) adamlaryň bir wagtlar Ýewropaly kolonizatorlar tarapyndan gul hökmünde ulanmak üçin (pagta, temmäki, şeker we rom öndürmek üçin) Afrika kontinentinden zorluk bilen getirilmegi, “kör kapitalizm” we döwletara ykdysady ýaryşlaryň merhemetsizliginiň aňrybaşy nusgasydyr[5]. Beýleki tarapdan bolsa, bu ýaryşlaryň netijesinde adamzat takyk, jemgyýetçilik we ynsanperwerlik ylymlarynda iňňän uly açyşlar edip, özüni we gurşaw barada gaty köp zatlara aň ýetirmegine getirendir. Täzeliklere, ösüşe we galkynyşa ymtylmak, ýaryşmak, bu, adamzadyň tebigatyna, edil iýmek içmek we goranmak ýaly, degişli bolan fundamental häsiýetdir[6].

Her bir döwletiň maksady: garaşsyz bolmakdyr. Garaşsyzlygyny bolsa diňe güýçli[7] döwlet gorap bilmekdedir. Her bir garaşsyz döwletiň güýjüniň asyl

---

[1] Birleşen Milletler Guramasy şu günki günde jemi 206 döwleti hasaba almakdadyr. (**Un.org**)

[2] Birleşen Milletleri Guramasynyň adamzat sany gory. (**Unfpa.org**)

[3] Eger islendik bir haryda bazarda talabyň üýtgemeýändigini kabul etsek (stable demand), şol harydyň bazara üpjün edilmegi artan ýagdaýynda (increased supply), bu şol harydyň bazar bahasynyň (equilibrium price) düşmegine getirer. Talap, üpjün etmek we baha gatnaşyklary barada ilkinji we düýpli işleri, belli iňlis ykdysatçysy Adam Smith tarapyndan *“Wealth of Nations”* (1776) kitabynda, iňlis ykdysatçysy David Riccardo *“Principles of Political Economy and Taxation”* (1817) we fransuz ykdysadçysy Leon Walrus tarapyndan *“Elements of Pure Economy”* (1874) kitabynda görkezipdirler. Şu günki günde köplenç ulanylýan talap we üpjün etmek grafigini bolsa, iňlis ykdysadçysy Alfred Marshall, *“Principles of Economics”* (1890) kitabynda görkezendir.

[4] Nicholas Georgescu-Roegen, “*Mathematical Proofs of the Breakdown of Capitalism*” (1960).

[5] Ira Berlin, “*Many Thousands Gone*” (2000).

[6] Gunnar Myrdal, “*What is Development*?” (1974).

[7] “Güýçli döwlet” bu ýerde - Diňe sebitinde öz-özüni uruş we açyk söweşde gorap biljek ukypda bolman, eýsem gerek bolan ýagdaýynda özüniň hüjüme geçme ukyby bolan, häzirki zaman tehnologiýasyna eýe bolup, döwrebap ýaraglary bolan, tertipli we gazaply

düýbi bolsa, onuň ykdysadyýetindedir. Diňe baý döwletler güýçli bolup bilerler, we diňe güýçli döwletler sözüň hakyky manysynda "garaşsyzdyr". Her bir döwlet, öz garaşsyzlygyny goramak üçin elmydama uly "ykdysady göreş" içindedir. Ýeri gelende bolsa, "ykdysady göreşiň" soňy "açyk göreşe" ýazyp, bir döwletiň garaşsyzlygy ýa düýbünden alynmagyna[8], ýa-da çäklendirilmegine getirýändir[9]. Hiç bir döwlet, garaşsyzlyk, özbaşdaklyk we gorag babatynda, abraýly halkara guramalarynyň berýän garantlaryna, rezolýusalaryna we beýleki namalaryna arkaýyn bolmaly däldir, sebäbi taryh, şol abraýly halkara guramalarynyň durnuksyz, adalatsyz we hatda öz kanuny namalaryna garşy, hereketlerine az şaýatlyk eden däldir[10].

Bu döwürde, bir döwletiň garaşsyzlygyny, gymmada düşýän "basybalmak" tilsimi bilen dälde[11], eýsem arzanrak düşýän "bergä batyryp almak" hem-de "bazarlaryny eýelemek" tilsimlerini ussatlyk bilen ulanmak arkary alnýar[12]. Bu tilsimleriniň jeminiň adyna bolsa "ykdysady güýç" diýilýär. Gynansakda, bir döwletiň "ykdysady güýji" ulanmak arkaly beýleki bir döwlete ýetirip biljek zeper we zyýanyň möçberi, "ýarag güýjünineňkiden" belki-de ençeme esse artykmaçdyr[13]. Taryhda hiç wagt biziň asrymyz ýaly taryhy hadysalara baý eýýam bolmandy. Bary ýogy ýüz ýyl mundan ozal, dünýaniň kartasynda müňýyllygyň dowamynda ady dünýä ýaň salan imperiýalaryň, Osmanly, Russiýa we Britan Imperiýasy ýaly[14], bu günki günde bölünip we dargap, taryhyň çuňňur ummanyna çümüp gidendiklerini görmek bolýar. Düýnki kolonizatorlaryň ganly gamçylarynyň aşagynda hopukýan döwletler bolsa, Hindistan we Braziliýa ýaly[15], bu günki günde dünýa

goşuna eýe bolan döwleti aňladýar. Güýç we güýçli psihologiýasyny giňişleýin öwrenmek üçin Nobel edebiýat baýragynyň eýesi bolgariýaly alym Elias Cannettiniň "*The Crowds and Power*" kitabyndan peýdalanmak bolar. (1962 ý.)

[8] Ýa basybalyjy döwlete birikdirilmek arkaly, ýa-da koloniýa öwürmek arkary.

[9] Wassal döwlete öwürmek ýa-da oturtma (marionet) döwlet getirtmek arkaly.

[10] Stanley Meisler "*United Nations. A History*" (2011), Mahdi Darius Nazemroaya "*Globalization of NATO*" (2012), Richard Peet "*Unholy Trinity: The IMF, World Bank and WTO*" (2009).

[11] Ykdysadyýet ugrundan Nobel baýragynyň eýesi belli amerikan ykdysadçysy Joseph Stiglitz "*The Three Trillion Dollar War"* (2008) atly kitabynda, 2003-nji ýylda Amerikanyň Yrak döwletine garşy başlan we 2011-nji ýylda tamamlanan urşuň jemi maliýeti Amerika döwletine 3 trillion Amerikan dollara barabardygyny subut edýär.

[12] XIX-njy asyryň ortalarynda Hytaý Imperiýasy bilen Britan Imperiýasynyň arasynda birnäçe Tirýek Uruşlary atly Britan Imperiýasynyň taryhynda gara leke hökmünde bolup galjak uruşlar bolup geçýär. Bu uruşlaryň sebäbi bolsa söwdadyr. Hytaý Imperiýasynyň öndürýän harytlary (çaý, ýüpek we farfor) Ýewropada diýseň uly şöhrata eýedigi zerarly Britan Imperiýasynyň bolsa Hytaýa satyp biljek harydynyň ýoklugy zerarly bu söwda bir taraply bolup Hytaý Imperiýasy ummasyz girdeji edýar (eksport arkaly), Britan Imperiýasy bolsa ummasyz ýitgiler görýär, import edýänligi üçin. Britan Imperiýasy bu bir taraplaýyn söwdany deňlemek üçin başda gizli soň bolsa aç-açan koloniýasy bolan Bengalda tirýek (opium) ýetişdirip, ýetişdiren tirýeklerini Hytaý Imperiýasyna satmaga başlaýar. Bu bolsa Hytaý Imperiýasynyň ilatyny azdyrmak bilen bilelikde Britan Imperiýasyna uly girdejiler getirmäge başlaýar. Bu gatnaşyklar soňy urşa ýazmak bilen bolup, Britan Imperiýasy bu uruşlarda üstün çykýar.

[13] Dünýa Bankynyň maliýe hasabatyna laýyklykda, Amerikanyň Rusýa garşy goýan ykdysady sanksiýalarynyň netijesinde 2015-nji ýylda Rusýa Federasiýasy jemi içerki önümi 3.7% pese düşdi, we 2016-njy ýylda bolsa jemi içerki önümçilikde 1.6% pese düşüşlik garaşylýar. (**worldbank.gov**). 2015-nji ýylda Rusýa Federasiýasynyň Türkiýe döwletine garşy ykdysady sanksiýasynyň netijesinde Türkiýe döwleti iň azyndan 10 milliard Amerikan dollarynyň ýitirjekligi iňlis habarlar agentligi tarapyndan habar berilýär. (**bbc.com**). Mundan başgada ýarym asyr dowam eden Amerikanyň Kuba döwletine garşy ykdysady sanksiýalarynyň Kuba döwletine maliýi zyýany entäk hem doly hasaplanylyp bilinenok. Amerikanyň Eýran Yslam döwletine garşy ykdysady sankiýasynyň (1979) zyýanly täsiri hem şuňa degişli.

[14] Osmanly Imperiýasy takmynan (1299-1922), Rus Imperiýasy (1721-1917) we Britan Imperiýasy takmynan (1500-1997) aralygynda döwran sürendir. Britan Imperiýasy üçin 1997 ýyly, Gon Kongyň Hytaý Halk respublikasyna geçirilmegi sebäpli alyndy.

[15] Bu döwletleriň ikisi hem G-20 we BRICS agzasy bolup durýar.

syýasatynyň esasy oýunçylaryndan biri bolup duryarlar. Jemi territoriýasy boýunça iň uly döwlet bolup, ýer ýüzüniň gury ýer gatlagynyň altyda birini tutup duran we wagtynda iň güýçli döwlet hasap edilen, on bäş respublikany öz içine alan Sowet Sosialistik Respublikarynyň Birleşiginiň döreýşi ýaly hem, bary ýogy ýetmiş ýyly aşyryp dargamagyň özi, taryhda deňi bolmadyk syýasy hadysadyr. Çarhy pelek aýlanyp dur, bu gün dünýä kartasynda ady bolan döwletleriň ertir hem şol kartada adynyň boljaklygy, ady bolsada territoriýasynyň üýtgemejekligi barada akly bolan hiç kim kepil geçmese gerek. Muňa mysal hökmünde, bary ýogy on ýyl mundan ozal "orta güýç" döwletleriniň hatarynda ýerini alan Yrak we Liwiýa döwletlerini getirmek mümkin, bu günki günde gynansakda dünýä kartasynda diňe ady bar diýsek ýalňyşmarys[16]. 2000-nji ýyllaryň başynda Ýewropada ykdysady ösüşde nusga hökmünde garalan, Ýewropa birleşiginiň agzasy Gresiýa döwleti, 2008-nji ýylyň dünýä ykdysady çöküşliginde ýalňyş maliýe syýasatyny ýöretmegiň netijesinde, çuňňur bergi bataklygyna gireninden soň, bu günki günde Gresiýa döwleti dünýä kartasynda garaşsyz we özbaşdak döwlet hökmünde görünýän hem bolsa, hakykatda bu garaşsyzlygyň "çäklendirilendigini" aýtmak bolar[17]. "Hakyky" garaşsyzlyk näme? Garaşsyz döwlet, ykdysady we syýasy güýji bar bolan döwletdir. Ýagny, öz ykdysady meselelerini özbaşdak çözýän we syýasatyny hem öz bähbidine baglylykda hiç hili "daşyndan zorluksyz" çözme ukyby bolan döwletdir. Döwlete degişli bolmaýan halkara ykdysady guramalaryndan ummasyz "şertli" karzlary[18] alyp, ýa-da beýleki döwletlerden, olaryň banklaryndan hetden aşa "şertli" karzlary alyp, bu bergileriň aşagyndan onýyllaryň dowamynda çykybilmän ýatan döwletleriň sözüň doly manysyndaky "garaşsyzlyklary", iň azyndan sorag astynda bolmalydyr. Bu günki günde, "hakyky garaşsyz" döwletleriň sany onçakly hem köp däldir[19]. Esasan hem ösüp gelýän döwletleriň bu "karz duzaklaryna" düşmek mümkinçilikleri gaty ýokary bolup duryar[20]. Sebäbi ösüp gelýän döwlete serişde hemişede gerek bolýar, esasan hem tebigy baýlyga gyt bolan döwletler üçin. Gynansakda bütin döwletler ösüşe deň derejede, deň şertlerde we deň wagtda başlamaýarlar. Bu, edil 20 ýaşly ýigit bilen 9 ýaşly çagany 100 metrlik ylgaw ýaryşyna goýbermek ýaly akla sygmajak (absurd) we adalatsyz ýaryşa meňzeýär. Muňa garamazdan, taryh bize Şweýsariýa we Günorta Koreýa ýaly göwrümi boýunça kiçi, tebigy baýlyk taýdan garyplygyna garamazdan bu günki günde uly ösüşlere eýe bolup iň bir ösen döwletleriň hatarynda ady geçýän nusgalary az görkezen däldir.

[16] "Middle Powers Initiative" halkara guramasynyň beryän maglumaty. (**Middlepowers.org**)

[17] Gresiýa döwleti Ýewropa Birleşiginiň agzasy we esasy algydarlary hem Ýewropa Birleşigi bolup duryar. Şu günki günde bütin Gresiýanyň islendik maliýe ädimleri Ýewrop Birleşiginiň gollanmasyny alanyndan soň amala aşyrmaga rugsat berilýär. Meselem Ýewropa Birleşigi tarapyndan Gresiýanyň jemgyýetçilik tölegleri azaldylmagy (pensiýa, stipendiýa we ş.m.) we salgytlar galdyrylmagy "teklip" berildi we Gresiýa döwleti bu "teklibi" kabul etdi. M. Mitsopoulos and T. Pelagidis, "*Understanding the Crisis in Greece*" (2012).

[18] Halkara Pul Gaznasyndan (IMF) karz alýan döwletleriň nähili ykdysady reforma şertleri bilen bu karzlary alýandyklary barada maglumatlar (**Imf.org**). Axel Dreher, "*A Public Choice Perspective of IMF and World Bank Lending Conditionality*" (2004).

[19] Diňe Halkara Pul Gaznasy guramasyna (International Monetary Fund) bergidar döwletleriň sany 50-ä golaý (**Imf.org**). Marcelo de Paiva Abreu, "*Brazil as a Debtor, 1824-1931*" (2006).

[20] Margit Koves, "Fascism in the Age of Global Capitalism" (2004).

Teritoriýasy boýunça kiçi we ykdysady ýaryşa giç goşulan döwletleriň ykbaly çözülen, geljekleri bolsa garaňky diýsek uly ýalňyşlyga ýol berdigimiz bolar. Gündogaryň ady belli birnäçe başa-baş söweş sungatlarynyň biri bolan Karate-do söweş sungatynyň ussady Funakosi Gitin, şu sözleri bilen dünýä bellidir: "Söweşi iň uly we iň güýçli pälwan ýeňýän däldir, iň ruhybelent we iň taýýarlykly pälwan ýeňýändir"[21].

Ykdysadyýet ylmynda ösüş we galkynyş toeriýalary köpdür, we bu teoriýalaryň aglabasy klassiki biçimde öňe sürülmekdedir. Ýagny, ösüş sebäplerden şol bir ýerasty (gaz, nebit, gymmatly daşlar we metallar, we ş.m.) we ýerüsti baýlyklar (geografiki ýerleşiş, goňşular, tokaýlar we ş.m.) ulanylmakdadyr[22]. Gaty hasap, matematika ylmyna öte ynanyp, hasaplanyp bolmaýan ölçegleri bolsa, günümiziň ykdysadyýet ylmynda göz öňüne tutulmaýandyr[23]. Milli we ruhy galkynyş, agzybirlik, ynam, watana söýgi, zähmete söýgi, din we beýleki adamzadyň durmuşyna we onuň üsti bilen bolsa ykdysady galkynma uly täsiri bolan halkyň "içki dünýäsiniň"[24] baýlygy, häzirki zaman ykdysadyýet ylmynda soňky döwürler içgin gyzyklanma bilen öwrenilsede, bularyň netijeleri köplenç ünssüz galýar[25]. Adam, häzirki zaman ykdysadyýet ylmynda görkeziljek bolunyşy ýaly diňe maddy talaby bolan mahluk däldir[26], eýsem "içki dünýäsiniň" talaplary hem bardyr. Bir enäniň çagasyny goramak üçin öz janynyň bahasyna göreşişi, uruşda ýagynyň köplükdigine garamazdan esgerleriň soňuna çenli janyny orta goyup watan goraýyşlary, söýgi güýjüniň ummasyz keramatlary, zuluma duçar bolan gyz-gelinleriň namysyny goramak üçin janlaryna kast etmekleri, ýaly ylym dili bilen düşündirip bolmaýan hereketler adamyň tebigatyna nätanyş däldir, galybersede, bu hereketler adamlaryň "içki dünýäleriniň" güýçlidikleriniň açyk subutnamasydyr. Ikinji jahan urşundan soň garaşsyzlygyny alan we üstünden ýene ganly doganlyk urşuny geçiren, esasan hem agrar döwlet hökmünde tanalan, ýerasty we ýerüsti baýlyklary babatynda gaty çäklendirilen Günorta Koreýa döwletiniň soňky on ýylyň içinde dünýäde ösen döwletleriniň ilkinji onlugynyň hatarynda ýer almagynyň sebäbi, dogry strategiki ösüş ýollaryny saýlamaklyklary bilen birlikde, bu döwletiň halkynyň ägirt uly "içki dünýä" baýlygyna eýediginiň açyk subutnamadyr. Ikinji jahan urşunda ägirt uly ýitgiler bilen birlikde, iki sany uly industrial şäherleriniň, Hiroşima we Nagasaki, atom

[21] Funakosi Gitin, "*Karate-do: My way of life*" (1956 ý)

[22] Makroykdysadyýetde ösüşi öwrenmek maksatly ulanylýan modelleriň aglabasy ýer, pul, önüm, işleýänler (land, labor, capital, output etc.) ýaly önümçilik sebäplerini ulanýarlar. Mes: Solow's Growth Model (Solowyň ösüş modeli).

[23] Jaakko Hintikka, "Are Mathematical Truth Synthetic a Priori?" (1968).

[24] Awtor, adama mahsus bolan ruhy, manewi we duýgy baýlyklarynyň jemine (dindarlyk, agzybirlik, söýgi, merhemet, zähmetsöýerlilik, edep we ş.m.) –"içki dünýä" hökmünde atlandyrmagy makul bildi.

[25] Ykdysadyýet ylmy "mainstream"(baş akym) we "heterodox"(beýleki akym) ýaly esasy iki akyma aýrylýar. Bütün dünýäde esasan ykdysadyýetiň "baş akym" ugry ulanylmakda. Bu akym, matematika we statistika ylmyny has ýokary derejede ulanyp, adamyň diňe maddy talaplaryny öwrenmek bilen çäklenýär. K. Vela Velupillai, "*The Unreasonable Ineffectiveness of Mathematics in Economics*" (2004), "*The Mathematization of Macroeconomics*" (2008), "*Freedom, Anarchy and Conformism in Academic Research*" (2011).

[26] Ykdysadyýet ylmynda, adam, "tüketiji, iýiji, ulanýan" (consumer, buyer, client) hökmünde atlandyrylyp, ruhsuz, diňe peýdasynyň gadryny bilýän barlyk hökmünde seredilýär.

bombasy bilen ýer bilen bir edilmegine garamazdan, Ýaponiýa döwleti, iň gysga wagtyň içinde aziýa yklymynda birinji bolup ösen döwletleriň arasynda ýerini almaga başaryşyny şu güne çenli Amerikan we Ýewropaly ykdysadçy alymlarynyň eginlerini gysyp diňe "Ýapon keramaty"[27] hökmünde at goýmaklygy, ýapon halkynyň "içki dünýäsiniň" güýjüniň sergisi bolman başga näme bolsun? Diňe ýerasty baýlyklaryň ykdysady ösüşe ýetmeýändigini, galybersede bu baýlyklaryň köp bolmagy ykdysadyýetde beýleki pudaklarynyň ösüşine zeper ýetirip biljekdigini gollandiýaly ykdysadçylaryň "baýlyklaryň näleti" adyny beren düşünjeleri şaýatlyk edýär[28].

Ykdysady galkynmanyň syrlary köpdür: geografiki taýdan amatly ýerleşiş: okeanlara we açyk suwlara ýakyn ýerleşiş, goňşy döwletleriň baý bolmagy, ýerasty baýlyklara bereketli bolmak, we ş.m., ýöne **iň uly syrlarynyň ilkinjisi bolsa şol halkyň "içki dünýä" mehanizmini işledip biljek lideriň bolmagydyr**. Gysgaça aýdanymyzda: Hakyky lider, halkynyň maddy we manewi baýlygyny ulanyp, halkynyň peýdasyny artdyrýandyr! Halkyň agzybirligini berkitjek, watana bolan söýgi keseli bilen her bir ilatyny keselletjek, geljege ynamy güýçlendirjek, adalaty getirjek, argynsyz zähmeti bilen nusga boljak, agyr günlerde birinji döşüni gerjek, halkynyň köne däp dessurlaryny depelemän, eýsem tersine bulary ussatlyk bilen häzirki zaman medeni sütünlere öwürjek, kalplardaky söýgi we hormat oduny özünde jemlejek, ýagny gysgaça aýdanymyzda halkyň "içki dünýäsiniň" oduny boljak lider, **hakykatdan-da, ykdysady galkynmanyň hakyky syrydyr.** Söýgüli lideri üçin, halk kynçylyklara göz ýumar, gerek bolsa akla sygmajak pidalary edýändir. Karfageniň gahryman ýolbaşçysy Gannibal, b.e.öň 218 ýylda Gadymy Rime garşy başladylan ikinji Puna urşunda, altmyş müň we kyrk pilli goşuny bilen, uly töwekgelçilik edip, garly we beýik Alp daglaryny geçişi, we söweşde ýeňiş gazanyşy şindi-şindiler hem muny öwrenýän serkerdebaşylary haýrana galdyrýar. Eýsem bu haýrana galdyryjy hereketi, Gannibal, diňe we diňe, goşunynyň arasyndaky beýik abraýy we Karfagen halkynyň Gannibala sarsylmaz ynamy esasynda amala aşyryp bilendir. XIX asyrda, Italiýanyň birleşmesi we garaşsyzlygy üçin gahrymanlarça söweşlere baştutanlyk eden Juzeppe Garribaldi, italiýan halky tarapyndan şeýle uly söýgä we hormata eýe bolupdyr welin, Katolik Hristiýanlaryň baştutany Rim papasyna garşy göreşinde Juzeppe Garribaldi iki sapar Rim papasynyň eline ýesir düşende, italiýan halky Rim papasyna garşy güýçli nägilelikler görkezip Juzeppe Garribaldini azatlyga goýberilmegini talap edýär. Rim papasy bu ählihalk nägileligine garşy gelip bilmändir. Ýagny halk, öz gahryman lideri Juzeppe Garribaldini, bütin Katolik Hristiýan dünýäsinde "günäsiz" hasap edilýän, "Hudaýyň ýerdäki gözegçisi"

[27] "Japanese miracle"

[28] "Resource curse"-"Bereketlilik paradoksy", ykdysadyýet ylmynda bu paradoks, ýerasty baýlyklara gaty baý bolmaklyklaryna garamazdan (bereketli topraklar), ykdysady we syýasy taýdan gaty yza galak döwletleriň ýagdaýlaryny aňlatmak üçin ulanylýar. (Mes: Wenezuela, Demirgazyk Kongo, Yrak we ş.m.). Jeffrey D. Sachs and Andrew M.Warner, "*Natural resource abundance and economic growth*", NBER (1995).

hasap edilýän dini liderinden, Rim Papasyndan hem üstün görüpdir. XX asyryň başlarynda, Ýewropada ylmy we ykysady taýdan iň ösen döwletleriň biri bolmagyna garamazdan, Birinji Jahan urşuny özi başladyp uly ýeňilişe sezewar bolan Germaniýa döwleti, bu wakadan köp wagt geçmänkä döwletiň başyna geçen Adolf Gitleri[29], eger Germaniýa halky jany teni bilen söýmesedi, diýenlerine ynanmasady, Adolf Gitleriň Ikinji Jahan urşuny başlatmak meýilnamasyny halk goldardymy? Geçmişde her bir medeniýetiň, imperiýanyň ýa-da korollygyň gurulmagyna-da, we soňralary bolsa ýykylmagyna-da sebäp bolýan onuň başyna geçýän lideridir. Gündogar Ýewropada bir gysym "ýabany" hasap edilýän, öz watanlary bolan mongoliýadan gysylyp çykarylan Gunlaryň başlaryna biziň eramyzyň (mundan beýläk b.e.) 434 ýylynda Atillanyň geçmegi bilen, Gunlaryň halky diňe bir şol döwrüň iň güýçli döwleti bolan Rim Imperiýasyny dyza çökermek bilen çäklenmän (b.e. 447 ý.), eýsem taryhda aýylganç hem bolsa iň uly yzy galdyryp gitmegine ähmiýeti uly bolan, "Hudaýyň Gamçysy" lakamyna eýe bolan beýik liderdir. Bir-birleriniň etini iýip, gan çaýkaşyp ýören bir topar mongol taýpalaryny on üçünji asryň başlarynda birikdirip, bary ýogy sanlyja ýylyň içinden dünýäde iň gazaply imperiýalaryň başyny başlatjak ýörişleri başladan Çingizhansyz, bu zatlar mümkin bolardymy? Dünýä medeniýetlerine täsirini ýetiren, günbatar we gündogar halklarynyň dilinde rowaýata öwrülen, Makedonlary dünýä tanadan Aleksandr Makedonskisiz taryh, taryh bolardymy? Eger Teýmirleňiň okdan ýiti akly, rowaýat öwrülen mekirligi we "atyňky ýaly ýüregi" bolmasady, bir tarapy Hindistan beýleki tarapy bolsa Anadola degýän, köpmilletli Timuridler Imperiýasyny gurup bolardymy? Fatih Mehmet II Soltanyň boýnyýogynlygy, demirden häsiýeti we daş ýaly gaty ynamy bolmasady, Gündogar Rim Imperiýasynyň sarsmaz merkezi Konstantinopl şäheri (bu günki Istanbul) b.e.1453 ýylynda Osmanogullarynyň eline düşerdimi? Eline düşen hem bolsa, soňraky geljek Selim I (1470-1520 ý) we Murad IV (1612-1640) ýaly beýik soltanlaryň argynsyz zähmeti we ýolbars deýin gaýduwsyzlygy bolmadyk bolan bolsa, Konstantinopl Osmanogullarynyň elinde näçeräk wagt galardyka? Pýetr I-niň egsilmez watansöýüjiligi we energiýasy bolmadyk bolsa bu günki Rusýa döwletiniň dünýä kartasyndaky tutýan jemi meýdany ep-esli egsigräk bolardy diýsek ýalňyş bolmazdy. Bu günki günde Germaniýa döwletiniň döremeginiň özi, tutanaýerli kansler Otto fon Bismarkyň tagallasynyň netijesidir. Napoleon Bonapart bolmadyk bolsa, bu günki Fransiýa şeýle bitewi bolardymyka? XXI asyrda, Eýran Yslam Respublikasynyň merkezi aziýa sebitinde güýçli syýasy we ykdysady oýunçy hökmünde ýer almagy, Nedir Şanyň on sekizinji asyrda basybalyjylyk hereketleriniň netijesi dälmidir? Häzirki zamanda aýratyn garaşsyz döwlet hökmünde dünýä kartasynda ýer alýan Hindistany Mahatma Gandisiz, Wýetnamy Ho Şi Minsiz, Türkiýäni Kemal Atatürksüz, Taýwany Çaý Kan Şysyz, Efiýopiýa Haýri Selasisiz, Hytaý Halk Respublikasy Mao Sedunsyz,

[29] Bu ýerde okyjy şuny bellemeli, Adolf Gitler, bu ýerde, liderlik nusgasyna mysal hökmünde getirilendir, ýagny onuň moral we etiki hereketleri göz öňüne tutulýan däldir.

Indoneýziýany Sukarnosyz, Günorta Koreýany Pak Çjon Hisiz, Wenezuelany Ugo Çawessiz, Taýlandy Bumibol Adulýadesiz, Liwiýany Muammar Kaddafisiz, Pakistany Muhammad Ali Jinnasyz göz öňüne getirmek mümkin däldir, sebäbi bu liderleriň şahsyýeti halkyň "içki dünýäsi" bilen şeýle haşyr we neşir bolandyr welin, bu ikisini bir-birlerinden aýyrmak mümkin däldir[30].

Hakyky lider, halkynyň "içki dünýäsini" gaty gowy bilýändir we adata halkynyň aýnasydyr. Lideriň halkyň arasyndaky iň möhüm rollarynyň biri bolsa, halka wepaly hyzmat etjek, halkyň "içki dünýäsini" has hem güýçlendirjek işgärleri getirmek we ýetişdirmekdir. Döwletiň kazyýet, ýerine ýetiriş we kanun çykaryş ýaly birnäçe funksiýalary bardyr, we bu funskiýasyny effektiw alyp barmak üçin döwlete ýüzlerçe we müňlerçe ukyply, iş başarjaň we zähmetsöýer işgärler gereklidir. Hakyky lideriň ukyby, ynha bu işgärleri saýlamakda we bu işgärleriň gönümel il bähbitli borçlaryny ýerine ýetirmekde ýardam bermekdir. 2000-nji ýyllarda, başyndan maliýi krizisini geçiren, jenaýatçylykda we alkogolizmde dünýäniň iň ýokary görkezijileriň arasynda ýerini alan Rusýa Federasiýasy, 2016-njy ýylda ykdysady taýdan dünýä döwletleriň arasynda ilkinji onlukda, jemgyýet- zäherli edim gylymlaryndan taplanan ýagdaýda, syýasy berk we durnukly. Rusýa Federasiýasynyň prezidenti Wladimir Putiniň ýokardaky aýdylanlary amala aşyrmakda uly goşandy bardyr. Preziden Putiniň üstünliginiň syry bolsa onuň liderlik ukyby we özi bilen getiren işgärleridir[31].

Bu kitabyň birinji we iň möhüm bölümini, lideriň we işgärleriň ähmiýetinden başlamagym ýöne ýere däldir, muňa ýokarda görkezilen birnäçe taryhy wakalar şaýatlyk edýär. Kitapda "ukypsyz" liderleriň döwletlerini nähili agyr kynçylyklara eltýändigini, ýagny "anti-liderler" barada hiç hili nusga getirmedim, sebäbi bularyň sany gaty köp. Dogrusyny aýtmaly bolsa, häzirki zamanda ýer ýüzündäki ykdysady kynçylyk çekip ýören bütin döwletleriň liderleri bu "anti-lider" (hakyky lideriň tersi, ýagny halkynyň hal ýagdaýyny pese gaçyrýan, ykdysady we syýasy krizise sokýan, halkara abraýdan düşürýän baştutan) mysalyna nusga bolup biler[32]. Bolmasa Sudan, Nigeriýa, Kongo Demokratik Respublikasy, Efiýopiýa, Müsür, Wýetnam, Owganystan, Mongoliýa, Senegal, Namibiýa, Mawritaniýa, Somaliýa we beýleki ady agzalmadyk, ýerasty baýlyklaryna örän baý bolmagyna garamazdan, dünýäniň ykdysady taýdan iň yza galak döwletleriň hatarynda ýer alýandygyny nädip

[30] Bu kitapda ady agzalan taryhy wakalaryň, döwürleriň we şahsyýetleriň ählisi UNESCO tarapyndan 2003 ýylda çap edilen 8 tomdan ybarat bolan "*History of Humanity*" kitabyndan alynandyr.

[31] Hubert Seipel "*Putin. The Logic of Power*", (2016)

[32] Häzirki döwürde bu "anti-lider", hatda "anti-liderlere" mysal hökmünde Demirgazyk Koreý döwletiniň baştutanlaryny: Kim Il Suň, Kim Joň Il we Kim Joň Uny görkmezmek bolar. Bu "anti-liderleriň" başa geçmegi bilen Demirgazyk Koreý döwletiniň ykdysady we syýasy ýagdaýy ýyl-ýyldan pese gaçmak bilen çäklenmän, eýsem halkara gatnaşyklarynda hem izolýasiýa ýoly saýlamak bilen birlikde, halkara abraýy hem pese gaçandyr. Bu günki günde Demirgazyk Koreý döwleti bilen sanlyja döwlet aragatnaşygy saklamakdadyr (Hytaý we Rusýa). Ýakyn ýüzýyllygy alanymyzda Kambojiýanyň Pol Potuny, Ugandanyň Idi Aminini, Nikaraguanyň Anastasiyo Samosasy, Merkezi Afrika Döwletiniň Jan Badel Bokassasy bu anti-lider nusgalary hökmünde garalyp biler.

düşündirjek? Bu döwletleriň başyna ilki bilen halkynyň "içki dünýäsini" güýçlendirip, ýagty geljegiň ylham çeşmesi bolup biljek, demirleri we kalplary deň derejede eredip biljek Şarl De Goller, Oliwer Kromweller, Oda Nobunagalar, Liýeasu Tokugawalar, Tipu Soltanlar we Çandragupta Maurýalar ýaly lider gerek. "Ukyply" lider getiren we ýetişdiren işgärleri bilen, adalatly hökümetiň gurulmagyna getirer, bu hökümet bolsa gerekli gözegçilik gurallaryny ulanmak arkaly, ykdysadyýetiň durnukly ösmegine sebäp bolar.

"Hakyky" lideriň, esasy häsiýetlerinden käbiri şulardyr[33]:

- **Işeňňir**: Lider dowamly hereketde bolmalydyr. Hereket bereketdir. Işeňňirligiň netijesi halk üçin bereketdir, lider üçin bolsa uly abraýdyr.

- **Ynamly**: Lider, maksadyna düwen halka peýdaly ädimler ädende gaty ynamly hereket etmelidir. Bu ynam, lideriň daşyndaky wepaly hökümet işgärlerini hem-de halkyny, bu ädimleri ätmek üçin bar bolan kynçylyklara aňsat döz gelinmegine getirer. Ynamsyz ädilen her bir ädimiň soňy netijesizdir, boşdur.

- **Gözýetimi giň**: Öňdengörüjilik, bu her bir beýik lideriň sarsmaz sypatlarynyň biridir. Bu sypat bolsa, diňe we diňe, gözýetimi giň liderlere mahsusdyr.

- **Ussat diplomat**: Adamlaryň aň düşünjeleri bir-birine meňzeş bolmaýşy ýaly, dünä garaýşlary hem gaty tapawutlydyr. Her bir adama onuň öz dilinde hakykaty ýetiribilmek bolsa hakyky ussat diplomat lideriň deňsiz taýsyz ukybydyr. Käbir adamlara ýagşy sözüň we öwgüleriň täsiri gaty güýçli degýändir, beýlekiler bolsa diňe gamçynyň güýjüni bilýändir. Ynha hakyky lider, haçan ýagşy sözi, haçan hem bolsa gynyndan gamçyny çykarmalydygyny gowy bilmelidir.

- **Batyr**: Hiç bir ýagdaýda lider, öz gorkusyny ele bermeli däldir. Eger edýän ädimleriniň dogrudygyna ynanýan bolsa, lider hiç haçan bu ädimleri ätmäge çekinmeli däldir. Lideriň ýeke täk gorkusy diňe halkyň ynamyny ödemezlik bolmalydyr, başga gorkusy bolmaly däldir.
- **Şahsyna garşy tankyda rehimli:** Lideriň etjek bolýan işlerine şol wagtyň özünde düşünilmeýänligi sebäpli halkyň käbir bölegi tarapyndan tankyda ugramaklygy tebigydyr. Lider bu ýagdaýda,

[33] Erline Moxnes we Eline van der Heiden, "*The effect of Leadership in a Public Bad Experiment*" (2003)

hiç wagt tankyda sabyrsyzlyk görkezmeli däldir, gaýta tersine, tankyda uly sabyr we rehimdarlyk görkezmelidir. Sebäbi, lideriň eden işleriniň miweleri görünmäge başlanynda, bu tankyd edýän adamlaryň tankydyny hiç kim diňlemez. Tankytçylara garşy lideriň iň ýiti ýaragy, bu uly ösüşler we özgerişlerdir.

- **Halkyna garşy adalatsyzlyga gazaply**: Adalat- agzybirligiň, jebisligiň, parahatçylygyň, ösüşiň, bagtyýarlygyň özenidir! Lider hemişe hak we hakykatyň tarapynda bolmalydyr. Adalatsyzlyga garşy, esasan hem hökümet işgärleriniň eden-etdiliklerine garşy halkyny goramaly.

- **Dogruçyl we hakykatdan gorkmaýan:** Lider, halkyny ýalan ýaşryk maglumatlar, ýalan ösüşler, oýnatgy mejlisler we düzme maslahatlar bilen aldamaly däldir. Sebäbi hakykat hemişe aýandyr. Onuň ýerine, lider mydama dogruçyl bolmalydyr, edýän ädimleri hakykatdan da maksada laýyk bolmalydyr. Lideriň diýeni bilen hereketleri deň gelmese, bu lider halkyň näletine duçar bolar.
- **Ylymly we bilimli:** Bereketiň başy –ylym we bilimdir. Lider, nämäni, nädip, ne ýagdaýda we haçan etjegini gaty gowy bilmelidir. Ylym we bilim derejesi gaty ýokary bolmalydyr. Maslahatçylaryna diň salsada, bulara bagly bolmaly däldir. Dürli-dürli pikirleri diňläp, dogry netijä gelip bilýän derejede okumyş bolmalydyr. Tekepbirligiň, ulumsylygyň, däp-dessurlaryň, köneçililigiň, diniň ýerine, akyla we ylma daýanýan syýasaty bolmalydyr. Her bir edýän hereketleriniň ylmy ölçegini gaty gowy bilmelidir.
- **Ylyma we bilime garşy çuňňur söýgi besleýän:** Ylyma we bilime garşy söýgi-dogruçylylyga, takyklyga we adalata söýgüdir. Sebäbi, ylym we bilim dünýäsinde, adalatsyzlyga, ýalana we gözbagçylyga ýer ýokdur.

- **Täzeliklere we tehnologiýa garşy örän açyk:** Konserwatizm (köneçililik)-lideriň iň uly duşmanlaryndan biridir.

- **Daşyny ukyply adamlar bilen gurşaýan:** Lideriň iň uly ukyby, erjel we ýiti ýigitleri we gelin gyzlary tapyp bulara wezipeler bermek bilen, daşyny hakykatdan hem halkyna wepaly, ahlak taýdan arassa adamlar bilen gurşamakdyr. Wezipesine laýyk bolmaýan adamlaryň hökümet edaralarynda köpelmegi, lideriň, halkyň gözünde abraýdan gaçmagyna, we halkyň ynamynyň ýitip, adalatsyzlygyň köpelmegine getirer.

- **Halkyny we däp dessurlaryny çyn ýürekden söýýän:** Täze eýýamda, tehnologiýanyň ösen döwründe, hakyky lider, öz halkynyň gadymdan gelýän däp dessurlaryna hormatyny bu däp dessurlary täze eýýamyň içine emaý bilen ýerleşdirmek arkaly goramalydyr. Kimdigini, we nirden gelendigini halkyna ýatladyp durýan bu taryhy baýlyklar elmydama lideriň ýüreginde bolmalydyr. Bu babatda Ýaponiýa döwletini nusga getirmek örän ýerlikli bolar.

- **Päk ahlakly:** Adamy beýleki janly jandarlardan tapawutlandyrýan zat-ahlakdyr. Ahlagy päk adama duşmanlary hem hormat goýýandyr. Daşyňdaky adamlaryň wepalylygyny gazanmagyň iň aňsat usuly, bu ahlaky taýdan arassa bolmakdyr.

Her bir halk medeniýetinde, liderler barada gaty köp atasözleri we nakyllar bardyr, bu bolsa lider we işgärler meselesiniň taryhyň dowamynda nähili möhüm mesele hökmünde garalýandygynyň açyk subutnamasydyr.

“Hökümdaryň hepdede iki gezek, hiç hili araçylary goşman, şikaýatçylaryň hut özlerinden meseläni öwrenip, olaryň hakyny zalymlardan almalydyr. Hökümdaryň hut özüniň, hepdede iki gezek zulmedilenleri huzuryna çagyryp meselä seredýändigi halkyň arasynda ýaýramagy, zalymlaryň ýureginde uly gorky oýandyrar, we agyr jezadan gorkularyna, adalatsyzlyga baş goşmaga çekinerler”
Nyzam al Mülk, “Syýasatnama”, 3-nji fasyl.

2-nji syr. Adalatly hökümet

Islendik oýuny oýnamak üçin üç sany zat hökmanydyr: oýunçylar (küştçüler), oýunda gerekli esbaplar (küşt tagtasy we mallary) we oýunyň düzgüni. Ýaşaýyşy bir oýnuň nusgasy hökmünde alsak, onda ýaşamak üçin hem iň azyndan üç sany zada mätaç bolarys: ýaşaýan adama (ýaşaýjy, raýat, halk), ýaşamak üçin mümkinçilik (ýer, suw, azyk harytlary, gorag) we ýaşaýyşyň düzgünlerine (kanunlar). Taryhy eýýamdan şu güne çenli bütin medeniýetleriň, döwletleriň, jemgyýetleriň öz kanunlary bolandyr[34] we bu kanunlar, jemgyýetde adalaty we düzgüni saklamak üçin bolandyr. Kanunlaryň işlemeýän ýerinde, adalat ýokdur, adalat bolmaýan jemgyýetde baý-garyp deňsizligi ulydyr, deňsizlik bolsa wagtyň geçmegi bilen syýasy we ykdysady durnuklylygyň ýitmegine, kä halatlarda bolsa açyk göreşe eltýändir. Ykdysadyýet ylmynda, “adalat”, döwletdäki baý-garyp deňsizlik derejesini aňladýandyr, we bu çylşyrymly mowzuga örän ähmiýetli orun berilýändir[35].

Kanunlar, bir jemgyýetiň medeniýetinden, taryhyndan, dininden we ýaşaýyş ýagdaýyndan süzülip ýazylýandyr, we geçmişe garanyňda, häzirki wagtda köp döwletleriň kanunlary bir-birlerine meňzeşdir[36]. Munyň sebäbi bolsa dünýämiziň globallaşmagy we halkara gatnaşyklaryň giňelmegidir. Söwda we syýasy gatnaşyklaryň üsti bilen döwletler bir-birlerinden diňe haryt we ylym geçirmän, eýsem ynsanperwer häsiýetlerini we durmuş pelsepesini (kanunlaryny öwrenmek arkaly!) hem geçirendir. Öňki döwürlerde, käbir şahyslar we maşgalalar (imperatorlar, faraonlar,

[34] Bu kanunlar ýazgyda bolmadyk hem bolsa dilde hökman bolandyr. Meselem Arap halklarynyň taryhynda köp bolup geçen wakalar ýazga geçirilmän, esasan hem dilden indiki nesile geçirilipdir.

[35] Ykdysadyýet ylmynda baý-garyp deňsizliklerini öwrenýän ýörite ugur bolup (Welfare Economics), bu ugurda uly işler amala aşyrany üçin Hindistanly alyma Amartýa Sena Nobel ykdysat baýragy hem gowşurylandyr. Kenneth Arrow, “*Little’s Critique of Welfare economics*” (1951), Torsten Persson we Guido Tabellini, “*Is Inequality harmful for Growth*” (1994).

[36] Günümizde, Ýewropa döwletlerinde esasan hem düýbüni Gadymy Rimden alyp gaýdýan Raýat Hukuk sistemasyny (Civil Law) ulanmakdadyrlar, Beýik Britaniýa we Amerika döwletinde bolsa Anglo-Sakson Hukuk sistemasyny (Common Law) ulanýarlar. Dini hukuk sistemasy bolup durýan Şerigat Hukuk sistemasy bar hem bolsa, häzirki döwürde bu hukuk sistemasyny ulanýan döwlet sanalgyjadyr. (Meselem: Saudi Arabystan we Eýran Yslam Respublikasy). Bu hukuk sistemalary bir birinden tapawutly görünsede, bu tapawutlar diňe çözgüt çykarma we kazyýet sistemasyndaky tapawutlara degişlidir. Wladimir Georgiýewiç Grafskiý, “*Wseobshaýa Istoriýa Prawa i Gosudarstwa*”, (2007).

karollar we şalar) kanundan üstün görülen hem bolsa[37], XXI-nji asyrda, dünýä döwletleriň aglabasynyň konstitusiýasynda, "kanun her kim üçin deň we herkimden üstün"[38] prinsipi boýunça ýöreýär. Kanunlar, her bir döwletiň hökümeti bilen, halkynyň arasyndaky mizemez bagydyr. Adalatly hökümet, bu bagyň berkäp birikmegine getirer, ýagny hökümetiň, "halkyň hökümetine" öwrülmegine getirer[39]. Syýasy we ykdysady durnuklylyk, adalatyň bolan ýerinde has ýokarydyr. Ykdysady galkynyş we ösüş bolsa, diňe syýasy we ykdysady durnukly döwletlerde mümkindir. Matematiki logikanyň netijesinde, ykdysady galkynyş we ösüş adalatyň bolan ýerinde has ýokarydyr[40]. Bu ýerde bir zady bellemek gerek: döwletiň syýasy gurluşy, ykdysady ösüşe täsiri babatynda alymlar bir netijä gelip bilendäldirler.[41] Döwletiň syýasy gurluşy, halkyň saýlap alan ýoluna we durmuş pelsepesine bagly, emma kanuny namalara hormat we olaryň bökdençsiz ýerine ýetirilmegi, hökümetiň dürüstligine baglydyr![42]

Adalatly hökümetiň bolmagy, ykdysady ösüşe iki ýol bilen täsir edýändir. Içerki we daşarky ýollar. Içerki ýol, hökümetiň halkyna "adalatly" içerki bazarlary, ýagny ýaryşa açyk bazarlary, döredip biljek kämillikde maliýe syýasatynyň bolmagy netijesinde, baý-garyp deňsizlik derejesini azaltmak arkaly. Kanuna we hökümete ynamy bolan raýatlar, içerki bazarlarda uly maýa goýumlar goýup söwda etmäge, zawod fabrikler açyp önümçilik etmäge ymtylarlar. Bu bolsa ýeri gelende işsizligiň düşmegi, salgyt ýygymlaryň hem artmagy diýmekdir. Içerki bazarlaryň iň oňaýly bahalardan we ýokary hilli önümler we hyzmatlar bilen üpjün edilmegi üçin, bazar ykdysadyýetiniň esasy sütüni bolan "ýaryş" hökmanydyr. Hökümetiň esasy funksiýasy bolsa, ynha bu "ýaryşyň" adalatly bolmagyna kanun esasynda, maliýe syýasatynyň işjeň ulanmak

---

[37] Ýapon Imperatorlary (Tenno) özleriniň aslyny Gün Hudaýy Amaterasudan alyp gaýdýandygyna ynanylmakdadyr. Şinto dinine görä, Ýapon Imperatorlary ýerdäki Hudaýlardyr we her diýenleri kanundyr. Hytaý Imperatorlary (Tianzi), halklary tarapyndan ýarym Hudaý (demigod), hasaplanypdyrlar we her bir sözüne gürrüňsiz uýupdyrlar. Häzirki döwürde, bir şahsyýetiň beýleki şasyýetlerden we kanunlardan üstünlüginiň açyk nusgasy Katolik Hristiýanlarynyň baştutany Rim Papasydyr. Katolik Doktrinlerine görä, **1983 Code of Canon Law** (Kanoniki Kodeks), Rim Papasy mukaddes we günäsiz hasaplanylýar, we onuň sözi hemme zatdan üstün hasaplanylýar.

[38] Deňlik, syýasy azatlyk we kanunyň her bir şahsyýetden üstünlik düşünjesi demokratiýa pelsepesinden gelip çykandyr. Bu pelsepäni döwlet dolandyryşynda birinji bolup b.e.öň 500-nji ýyllarda Afina şäheri/döwleti ulanyp başlandyr. Bu şäherde/döwletde saýlawlara degişli ýaşa ýeten her kimiň gatnaşmagy bilen mejlise agza (deputat) saýlanypdyr. Häzirki wagtda dünýä döwletleriniň aglabasynyň Konstitusiýalarynda, döwletiň demokratik pelsepä laýyk ýöredilýändigi agzalmakdadyr. Döwletleriň demokratiýasynyň derejesini ölçeýän we çap edýän birnäçe institutlar we halkara guramalar bardyr (Freedom House guramasy, Reporters without Borders guramasy, Fraser we Cato Institutlary, Connecticut University, The Economist Intelligence Unit tarapyndan).

[39] Häzirki wagtda, Halkyň Hökümetiniň iň açyk nusgasy hökmünde Şwesariýa döwletini almak mümkindir. 1848-nji ýylda kabul edilen we sol günden şu güne çenli hiç hili düýpli özgerdilmän gelýän Konstitusiýasy bilen, Şwesariýa döwleti "gönümel demokratiýanyň" (direct democracy) hökümetde ulanylmagyna dowam edýän döwletdir. Meselem, bary ýogy 50000 raýatyň goly bilen (100 günüň dowamynda gollar ýygnalmaly) Şwesariýanyň Parliamentiniň (mejlisiniň) islendik kabul eden kanunyny ýatyrmak mümkindir. Şwesariýanyň Federal Konstitusiýasy (**www.admin.ch**)

[40] Eger B ⊆ A, we Ç ⊆B, onda Ç ⊆ A

[41] Daron Acemoglu, "*Simple Model of Inefficient Institutions*"(2006), Ling Shen, "*When will a dictator be good*" (2007), Gunnar Myrdal," *Institutional Economics*" (1978), Elinor Ostrom, "*Collective action and the Evolution of Social Norms*" (2000), Oliver E. Williamson, "*Institutions of Governance*" (1998) we "*Economics of Governance*" (2005).

[42] "Rule of law"- termini ykdysady ylmynda, hususy eýeçiligiň we adam hukuklarynyň goralyş derejesini aňladýär. Ykdysady taýdan ösen döwletleriň ählisinde bu dereje iňňän ýokarydyr. (**imf.gov**)

arkaly, gözegçilik etmekdir[43]. Ýagny, hökümet, içerki bazarlarda monopoliýanyň[44] we oligopoliýanyň[45] döremegine garşy degişli kanunlary arkaly, gerek bolan ýagdaýynda degişli gözegçilik edarasyny döretmek bilen, içerki bazaryny gözegçilikde saklamalydyr. Häzirki wagtda, dünýä döwletleriniň aglabasynda monopoliýa we oligopoliýa garşy kanuny namalaryň bolmagy, bu meseläniň ähmiýetiniň görkezijisidir. Şeýle kanunlaryň kömegi bilen, bazarda "adalatly ýaryşyň" goldanmagynyň asyl sebäbi bolsa, bazar ykdysadyýetinde, hökümet tarapyndan "gözegçilik edilmeýän" monopoliýa we oligopoliýa, jemi girdejileriň adalatsyz paýlanmagyna getirýär, bu bolsa, gürrüňsiz, döwletde, baý-garyp deňsizligiň artmagyna sebäp bolýandyr. Hökümetiň içerki bazarlary gözegçiligi gowşak bolan ýagdaýynda, wagtyň geçmegi bilen, içerki bazarlardaky önümleriň we hyzmatlarynyň bahalary we hilleri sanlyja telekeçiniň täsiri astynda bolar. Bazardaky nyrha täsir edip bilýän telekeçi, hiç hili sebäpsiz, (çig malyň bahasy galanok, salgytlar galanok, bazar talapy artanok)[46], peýdasyny köpeltmek üçin nyrhy ýokary galdyrmak bilen bolar, bu bolsa halkyň ykdysady ýagdaýyna erbet täsir eder. Ýöne, hökümet tarapyndan "gözegçilik edilýän" we "gözegçilik edilmeýän" monopoliýa we oligopoliýa garyşdyrylmaly däldir. XX-nji asyrda, Ýaponiýanyň içerki bazarlary, "keiretsu"[47] diýip atlandyrylýan, "maşgala" kärhanalaryň täsiri astyndady. Bu gaty baý we uly kärhanalar oligopoliýa ýaly bolup görünsede, bularyň esasy tapawudy, Ýapon hökümeti tarapyndan berk gözegçilikde bolmagydyr. Hatda bu kärhanalar, döwlet maksatnamalaýyn goldanýardy, sebäbi bolsa, Ýewropaly we Amerikan kärhanalarynyň Ýapon bazarlaryny eýemekligine garşy göreşdir. Hökümet tarapyndan goldanýan kärhanalar özüniň gurluşy boýunça monopoliýa ýa-da oligopoliýa meňzesede, bular köplenç daşary ýurt kärhanalarynyň içerki bazarlary basyp almagyna garşy döredilýändikleri we hökümet tarapyndan berk gözegçilikde bolýandyklary zerarly, bulary, "ykdysady galkan" hökmünde görülmegi gereklidir[48].

Gözegçilik gurallary hökmünde, hökümet: salgytlary, ýygymlary, gümrük paçlaryny, jemgyýetçilik çykdajylaryny (public expenditures) we

[43] Hökümetiň, maliýe syýasaty we kanunlaryny ulanmak arkaly, bazar ykdysadyýetinde işeňňir rol oýnamalydygy baradaky birinji we iň möhüm pikiri, XX –nji asryň belli iňlis ykdysadçy alymy John Maynard Keynes tarapyndan öňe sürülendir.

[44] Belli bir harytlaryň ýa-da hyzmatyň bazarlara bir telekeçi tarapyndan üpjün edilmegi. Diňe ýeke özi üpjün edensoň, harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhy we hili babatynda telekeçiniň täsiri uly bolýar. Ykdysady dilde muňa "bazar güýji" diýilýär. Monopolist "bazar güýji" ulanyp, bahany galdyryp ýa-da hili düşürip bilýar. Açyk we adalatly bazarlarda bazar güýji diňe satyn alyjylarda bolýandyr, ýagny haryda we hyzmata halkyň talaby uly bolsa baha galýandyr, kiçi bolsa-da baha düşýändir. R. H .Coase, "*Durability and Monopoly*" (1972).

[45] Belli bir harytlaryň ýa-da hyzmatyň bazarlara sanlyja telekeçi tarapyndan üpjün edilmegi. Sanlyja telekeçi üpjün edensoň, bu telekeçiler öz aralarynda bäsleşmegiň ýerine birleşip, harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhy we hili babatynda öz aralarynda düşünişip bazara ýokary bahadan ýa-da düşük hilli haryt we hyzmatlaryň üpjün edilmegine getirip bilýär. Lawrence R. Klein, "*Supply Side*" (1978).

[46] Ceteris paribus (Latin dilinde): hemme zat öňki-öňküligine galmak, hiç zat üýtgemeýär diýmekligi aňladýar.

[47] Mitsui, Mitsubishi, Sumitomo,Guyo, Sanwa we DKB kärhanalary keiretsudyrlar.

[48] Günorta Koreýanyň Jaebol, Ýaponiýanyň Keiretsulary, Ýewropaly we Amerikan kärhanalaryna garşy "ykdysady galkandyr". Käbir döwletlerde, käbir kärhanalara döwlet tarapyndan monopoliýa rugstat berilýär, ýöne bu monopoliýalar "maksatlaýyn" döredilýändir. Meselem Rusiýa Federasiýasynyň Gazpromy, Saud Arabystanyň Saudi Aramcosy, Meksikanyň Pemexi, Malaýziýanyň Petronasy, Aljyriň Sonatrachy, we ş.m.

monopoliýag garşy kanunlary ulanýandyr. Her döwletiň öz ykdysadyýetine we syýasatyna baglylykda öz salgyt ulgamy we ýygymlary bardyr. Döwlet býüjetine girdejileriniň agramly bölegi, jemi salgytlardan we ýygymlardan gelýän bolmagy, bu döwletde bazar ykdysadyýetiniň has ösendiginiň görkezijisidir[49]. Sebäbi, býujetiň esasy girdejisiniň salgytlardan we ýygymlardan bolmagy, bu döwletde önümçiligiň we söwdanyň ösendiginiň subutnamasydyr. Bu bolsa diňe ösen bazar ykdysadyýetine eýe döwletlere degişlidir. XXI-nji asyrda, salgyt ulgamynyň köp ýurtlarda, esasan hem ösen ýurtlarda, progressiw görnüşini ulanýarlar, ýagny salgytlaryň we ýygymlaryň göterimi, salgyt töleýjiniň töleýän salgyt mukdaryna baglylykda üýtgeýär. Şeýle salgyt ulgamyna, halkyň arasyndaky baý-garyp deňsizligini azaltmakda güýçli täsir edýänligi sebäpli gelinendir[50].

Mekdepleriň, ýokary okuwlaryň, çagalar baglaryň, şäherara we şäheriçi transport ulgamynyň hökümet tarapyndan mugt ýa-da elýeterli halka üpjün edilmegi, jemgyýetdäki baý-garyp deňsizligini ýok etmekligine diýseň oňaýly täsir edýändir. Skandinaw döwletlerinde, (Şwesiýa, Norwegiýa, Daniýa we Finlýandiýa), döwletiň örän uly jemgyýetçilik çykdajylary netijesinde, dünýäde iň ýokary hilli we arzan orta mekdepleri, ýokary okuwlary we lukmançylyk hyzmatlary bardyr. Bu jemgyýetçilik çykdajylaryň netijesinde, bu döwletler, dünýäde baý-garyp deňsizliginiň iň az bolan döwletleridir, we göterim boýunça, ilatlarynyň agramly bölegi orta gurply bölegine degişlidir. Bir zady şu taýda bellemek gerek, hökümetiň jemgyýetçilik çykdajylary esasan hem jemgyýetiň orta gurply we gurpsuz bölegine gaty ýiti täsir edýändir. Döwlet ykdysadyýetinde iň işjeň gatnaşýan jemgyýetiň bölegi orta gurply bölekdir. Orta gurply bölekden alymlar, injenerler, mugallymlar, sungat ussatlary, telekeçiler, döwlet işgärleri, sport ussatlary we başgalar döreýändirler, şonuň üçin, ösen döwletleriň ählisinde jemgyýetiň ykdysady ýagdaýyny, jemgyýetiň otra gurply agzalarynyň sanynyň azalmagy ýada köpelmegi bilen ölçenýändir[51]. Eger orta gurply raýatlar azalýan bolsa, jemgyýetiň baý-garyp deňsizligi artýar diymekdir, bu bolsa diňe ykdysadyýete erbet täsir etmän, eýsem döwletiň syýasy durnuklylygyny hem sarsýandyr. Tersine, jemgyýetiň orta gurply agzasy köpelýän bolsa, bu baý-garyp deňsizliginiň azalýandygynyň, we döwletiň durnukly ykdysady we syýasy ugur bilen barýandygynyň alamatydyr. Hökümetde, kararlar we kanunlar çykarylanda, bu namalaryň jemgyýetiň iň köp haýsy bölegine täsir etjekligini gowy bilmelidir, hatda bu kararlar we kanunlar jemgyýetiň orta gurply bölegine iň az zyýan etjek biçimde bolmagyna hökümet işgärleri (kanun çykaryjy) üns bermelidirler!

[49] Ýewropanyň Statistika edaralarynyň berýän maglumatyna laýyklykda, dünýäde salgyt we ýygymlardan alnan girdejileriň býudjetde iň ýokary orny eýeleýän döwletleri Daniýa (býudjet girdejileriň 51% salgytlardan we ýygymlardan), Belgiýa (48%), Fransiýa (47%), Şwesiýa (45%) we Finlýandiýa(44%) we başgalar. (**ec.europa.eu**)

[50] P.Moyes, "*A note on minimally progressive taxation and absolute income inequality*" (1986).

[51] Max Weber, "*Economy and Society*", (1978)

Meselem girdeji salgydyny 10% göterimden 15% göterime çykarylanda, bu orta gurply we gurpsuz ilata erbet täsir eder, sebäbi aýlyk bilen işleşýän bölek şolardyr. Gurply bölek bu reformadan kän zat ýitirmez[52]. Ýöne peýda salgydynyň galdyrylmagy, jemgyýetiň gurply, ýagny, önümçilik we söwda bilen meşgullanýan bölegine esasy täsirini ýetirer, sebäbi peýda salgydyny töleýjiler şolardyr. Ünsi çekmeli zat bolsa, bu salgytlar we ýygymlar üýtgedilende, gönümel jemgyýetiň orta we gurpsuz bölegine täsir etmeýän ýaly görünsede, aýlawly ýol bilen täsirini ýetirmegine garşy dykgatly bolmalydyr. Bu bolsa, şol salgyt salynýan we ýygymy alynýan harydyň we hyzmatyň bazardaky "talap häsiýetine" baglydyr[53], ýagny "talap häsiýeti durnukly", ýa-da "talap häsiýeti durnuksyz" harytlar we hyzmatlar bardyr. Mysal üçin, azyk önümleriniň "talap häsiýeti" durnuklydyr (bu harytlar ýaşaýyşda ähmiýetiniň örän ululygy zerarly, alyjylaryň bahasyna garamazdan bu harytlary almakdan başga çäreleri ýokdur!). Eger ýag öndürýän ýa-da daşary ýurtdan import edýän telekeçiniň hökümet tarapyndan bu harydy öndürýän we import edýänlere ýygymy artdyrylan ýagdaynda, bu telekeçiler artdyrylan mukdary gönümel alyjylara geçirip goýberer. Meselem: Ýagyň 1 litri öň 5 Manatdan bazara getirilýärdi. Hökümet, käbir sebäpler zerarly 1 litr ýagyň ýygymyny, 2 manat köpeltdi. Telekeçi bu ýagy bazara ertesi güni 7 Manatdan çykarmagy (2 manat ýygymy alyja geçirýär), bu ýagyň bazardaky "talap häsiýetiniň" örän durnuklydygynyň açyk subutnamasydyr. Hökümetiň ýag babatynda alan kararynyň aýlawly biçimde jemgyýetiň orta gurply we gurpsuz bölegine erbet täsirini ýokarda görkezilen meselede görmek bolýar. Aýratyn bellemeli zat hem, azyk senagaty önümlerine we energetika degişli islendik baha oýnamalary (salgytlaryň we ýygymlaryň esasynda), esasan hem jemgyýetiň orta gurply we gurpsuz bölegine ýiti täsir edýändir!

Bazar ykdysadyýetiniň, hökümetiň berk gözegçiligi astynda bolmadyk ýagdaýynda, peýdany köpeltmek üçin telekeçileriň öz aralarynda ýaryşmagyň/bäsleşmegiň ýerine (ýaryş we bäsleşik harytlaryň we hyzmatlaryň hiliniň ýokarlanyp bahalarynyň hem düşmegine getirýändir!), birleşmeleri, we şeýlelikde nyrha we hile täsir etmegine getirýändir. Beýle hereketler bolsa, jemi girdejiniň deňsiz paýlanmagyna, ýagny sanlyja adamlaryň ummasyz baýlygy bolup, köpçülik bolsa ýeter ýetmezçilikde

[52] Decreasing marginal utility (harydyň tüketimi artdykça lezzetiniň düşmegi): Ykdysadyýet ylmynda bu termin, ulanyşdaky bir harydyň mukdary artdykça adama berýän lezzetiniň düşýändigini görkezýär. Meselem birinji doňdurmanyň lezzeti ikinji doňdurmaňkydan has ýokarydyr, ikinji doňdurmanyň lezzeti bolsa üçünjiňkiden. Matematiki dilde: $MU_1 > MU_2 > MU_3 > ... MU_x$

[53] Elasticity of demand (talap häsiýeti)– Ykdysadyýet ylmynda harytlar özleriniň "talap häsiýetleri" boýunça üç topara bölünýarler. 1-Arzan we hilsiz zatlar (Inferior goods), bular adamlaryň ykdysady ýagdaýlaryň gowulanmagy bilen bazardaky talaby azalýan harytlardyr. Meselem arzan we hili pes egin eşikleri adamlaryň hal ýagdaýlary gowulandykça az alýandyrlar. 2-Adaty harytlar (Normal goods), bulary adamlar ýagdaýlary gowulansada ýa-da hal ýagdaýlary pese gaçsada alynýan zatlardyr. Meselem azyk senagat önümleri, jemgyýetiň bütin gatlaklary deň derejede satyn alynýandyr. 3-Gymmat bahaly harytlar (luxury goods)-bu harytlary diňe jemgyýetiň baý gatlagy satyn almakdadyr. Bularyň bahasynyň üýtgemegi derrew öz täsirini bazara bildirýändir. Meselem gymmat bahaly göwher daşlarynyň bazar bahasy galan ýagdaýynda, bazarda talap derrew azalmak bilen bolar, sebäbi göwher daşlary durmuşde şeýle bir möhüm haryt däldir.

ýaşamagyna getirýändir[54]. Jemgyýetde orta gurply bölegiň ýyl-ýyldan azalmagyna, gurpsuz böleginiň bolsa köpelmegine getirer. Bazary eline alan baý gatlak bolsa, soňy bilen döwletde alynjak bütin kararlara we kanunlara uly täsirini ýetirip, syýasy güýç gazanarlar (oligarhiýa), hökümet ýuwaş-ýuwaş sowgatlardyr parahorluga öwrenişip, baý gatlagyň eline geçer[55]. Syýasy we ykdysady durnuklylyk bozular, adalat ýiter. Korrupsiýa, hökümetiň her bir işgäriniň gündelik durmuşynyň bir bölegi ýagdaýyna geler[56]. Gözegçiligi gowşak içerki bazarda, spekulýasiýanyň artmagy netijesinde, ykdysady we maliýe jenaýatlaryň artmagyna getirer. Beýle hereketleriň bolsa, maliýe krizisini döretmek bilen, içerki bazaryň doly çökmegine eltmegi hem daşda däldir[57]. Jenaýat ýoly bilen alnan girdejileriň, kanuna laýyk ýol bilen alnan girdejilere garyşyp, bir topar näme edýändigi belli bolmaýan kärhanalaryň döremegine we içerki bazardan, daşary ýurtlara uly möçberde maliýe akymlarynyň döremegine getirer[58]. Gurpsuz gatlagyň köpelmegi, agyr jenaýatyň köpelmegine getirer[59], aýaga galmalar we hökümetden nägilelikler artar[60]. Jemgyýetiň "içki dünýäsi" garalyp, liderine we hökümetine ynamy gaçar. Jemgyýetiň göz guwanjy we ykdysadyýetiň hereketlendirijisi bolan, ukyply, ylymly we bilimli raýatlar, watanlaryny taşlap başga ýurtlara işlemäge gitmek bilen bolarlar. **Ýewropa döwletleriniň we Amerika Birleşik Ştatlarynyň ykdysady ösüş syrlarynyň biri, öz döwletlerinde gadry bolmadyk "beýinleriň" göçüp barmagy netijesinde bolandygyny megerem okyjy bilýän bolsa gerek**. Dünýäde, getirýän sap peýdasy boýunça iň uly kärhanalaryň sanawynda, çak edişimiziň tersine, ýerasty baýlygy bilen baglanyşykly kärhanalar (tebigy gaz we nebit önümleri, altyn we gymmatly daşlar magdanlyklary) onçakly hem köp däldir, iň gymmat we girdejili kärhanalaryň köpüsi, ylymly we bilimli, "beýinli" raýatlary gerekdirýän, önümi boýunça çylşyrymly we ýokary tehnologiýasy bar bolan kärhanalarydyr[61]. Dünýäde azyk senagaty önümçiliginde ady belli Şwesariýanyň Nestle[62] kärhanasynyň 2015-nji ýyl üçin sap peýdasy 10 milliard Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň (ABŞ) dollaryna deňdir. Şwesariýanyň derman önümçiligi bilen baglanyşykly dünýä belli beýleki

[54] Gini coefficient (Jini kofisenti)-Italiýan alymy Corrado Gini tarapyndan jemgyýetiň baý-garyp deňsizlik derejesini ölçemek üçin bu günki günde ykdysadyýet ylmynda giňden ulanylýan kofisentdir. Bu kofisent näçe 0 ýakyn bolsa şonçada bu döwletde baý-garyp deňsizliginiň azdygyny, 1 ýakyn boldugyça bolsa deňsizliginiň ulydygyny görkezýär. Meselem Skandinaw döwletlerinde (Norwegiýa, Finlýandiýa, Şwesiýa we Daniýa) bu kofisent 0 ýakyndyr. Afrika kontinentiniň we Latin Amerika döwletlerinde bolsa bu kofisent adatça 1-e ýakyndyr. (**www.worldbank.org**)

[55] Louis Kaplow, "*Antitrust, Law and Economics, and the Courts*"(1987).

[56] Nauro F. Campos we Francesco Giovannoni "*Lobbying, Corruption and Political Influence*" (2007).

[57] 2007-2008-nji ýyllarda, Amerikanyň Birleşen Statlarynyň banklarynyň spekulýasiýasy we maliýe kanunlaryň gowşaklygy netijesinde dörän maliýe krizisi, bütin dünýäde örän uly ykdysady we syýasy durnuksyzlygyň emele gelmegine sebäp bolandyr. **www.senate.gov**

[58] **www.fatf-gafi.org**

[59] Lee Ellis, Kevin M. Beaver, John Wright "*Handbook of Crime Correlates*"(2009)

[60] Nicholas Sambanis," *What is Civil War*?" (2004)

[61] **www.fortune.com**

[62] **www.nestle.com**

kärhanasy, Novartis[63], 2015-nji ýylda jemi sap peýdasy 18 milliard ABŞ dollaryna deňdir. ABŞ-a degişli, telefon öndürýän Apple[64] kärhanasynyň 2015-nji ýylda sap peýdasy 54 milliard ABŞ dollaryna, tehnologiýa kärhanasy Alphabet[65] 2015-nji ýylda sap peýdasy 17 milliard ABŞ dollaryna, tehnologiýa kärhanasy Microsoft[66] 2015-nji ýylda sap peýdasy 17 milliard ABŞ dollaryna, owadanlyk we lukmançylyk önümleri kärhanasy Johnson and Johnson[67] 2015-nji ýylda sap peýdasy 15 milliard ABŞ dollaryna, Wells Fargo[68] banky 2015-nji ýylda sap peýdasy 23 milliard ABŞ dollaryna deň bolandyr. Germaniýanyň ätiýaçlandyryş kärhanasy (dünýäde iň uly!), Allianz[69], 2015-nji ýylda sap peýdasy 7 milliard ABŞ dollaryna ýakyndyr. Ýaponiýanyň maşyn öndürýän äpeti Toyota[70] bolsa, 2015-nji ýylda 21 milliard ABŞ dollaryna deň sap peýda edendir. Bu önümleri öndürmek üçin ýerasty baýlyklaryň gaty bir geregi ýokdur, onuň ýerine, örän ylymly we bilimli raýatlar hökmanydyr!

Soňky döwürlerde, internet ulgamynyň ýaýramagy, bu ulgamyň üsti bilen söwdanyň we gazanç ugurlarynyň artmagyna getirendir. Facebook, Tweeter, Amazon, Google, Baidu, Taobao, Alibaba, we ş.m. kärhanalar, ýylda millionlarça we milliardlarça ABŞ dollary mukdarynda sap peýda gazanýandyrlar we öz döwletleriniň býujetine örän uly salgyt ýygymlary tölemek arkaly, döwletleriniň ykdysadyýetinde iňňän uly ähmiýete eýedirler. Bu kärhanalaryň ählisi diňe öz watanlarynda uly abraýa eýe däldir, bular, öndürýän önümleri we hyzmatlary bilen bütin dünýä bazarlarynda, höwes bilen kabul edilýän kärhanalardyr. Bir döwletiň ylymly we bilimli raýatlary näçe köp boldugyça, ýokarda agzalan kärhanalar şonça hem köp bolmagyna getirer[71]. Tersine, gymmat bahaly we gadry bilinmeýän "beýinleriň" ýurtdan ýitmegi, döwletiň has hem garaňky geljege ýönelmegine, ýagny ykdysadyýetiniň gaty haýal ösmegine getirer.

Adalatly hökümetiň bolmagynyň ykdysady galkynyşa täsiriniň ikinji ýoly bolsa, daşarky ýoldur. Bu ýol öz içine, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmegi, alýandyr. Ýokarda agzaýşymyz ýaly, globallaşýan dünýämizde döwletler ykdysady ýaryşa deň derejede başlamaýarlar. Bu gün käbir (ösen) döwletleriň elinde maýa bolup, goýum goýmak üçin täze bazarlary gözleýärler. Ösüp gelýän döwletler üçin bu maýa goýumlary örän

[63] **www.novartis.com**
[64] **www.apple.com**
[65] **www.abc.xyz**
[66] **www.microsoft.com**
[67] **www.jnj.com**
[68] **www.wellsfargo.com**
[69] **www.allianze.com**
[70] **www.toyota-global.com**
[71] Gene M. Grossman we Elhanan Helpman, "*Endogenous Innovation in the theory of Growth*" (1994).

möhümdir, we bu maýa goýumlary üçin bu döwletleriň arasynda güýçli depginde ýaryş gidýändir. Maýa goýumyny goýýan tarap, maýa goýumlaryndan peýdanyň ýokary we töwekgelçiligiň hem az mekanyny, ýagny: a) ykdysady geljegi ýagty, b) bazarlary bäsleşige açyk we gözegçiligi ýokary derejede, we ç) hökümeti adalatly maliýe syýasatyny ýöredýän döwletleri saýlap almakda[72]. Hukuklaryň hormatlanmagy, adalatyň bolmagy diňe bir syýasy we ykdysady durnuklylygy artdyrmak bilen ýetinmän, eýsem, ýokarda görkezilişi ýaly, daşary ýurt maýasyny çekmekde esasy/baş ähmiýete eýedir. Maýa goýumlary bu täze iş orunlary, goşmaça salgyt ýygymlary, söwdanyň we önümçiligiň artmagy, we hat-da ykdysadyýet ulgamynda täze ugurlaryň açylmagy (meselem:ätiýaçlandyryş) diýmekdir. Daşary ýurt maýa goýumlary bilen bile, daşary ýurtly işeňňirler we telekeçiler hem gelýändir, bu bolsa, ýerli işeňňirleriň söwdada we önümçilikde täze tehnologiýa usullaryny öwrenmegine getirýändir. Täze tehnologiýa bolsa, ýerasty baýlyklaryny iň oňaýly usulda ulanyp iň tebigy arassa we ýokary hilli önümleri öndürmekligine getirmek bilen birlikde, gurşawyň ekologiki tämizligine-de uly goşant goşýandyr. Ýerli telekeçileriň tehnologiýany öwrenmek arkaly, ýerli önümleriň ýokary hilli we ekologiki arassa öndürmekligi bolsa, diňe içerki bazarda bu haryda talaby artdyrmak bilen ýetinmän, eýsem bu harytlaryň daşarky bazarlara, eksporta hem çykmagyna uly mümkinçilik berer. Eksportyň artmagy bolsa, ýerli kärhanalaryň sap peýdalarynyň artmagyna getirer, soňy bilen bolsa bu kärhanalar has hem ulalyp, döwletiň, esasan hem ýerasty baýlyklaryna gaty garaşly döwletleriň, ýuwaş-ýuwaş ýerasty baýlyklaryna garaşsyz hala gelmegine getirer. Ýerli bazarlaryň ýuwaş-ýuwaş ýokary hilli we ekologiki arassa önümleri import edýänden, eksport edýäne öwrülmegi bolsa, döwlet býudjetiniň, goşmaça salgytlar bilen girdejisiniň artmagy diýmekdir.

Bütin döwletleriň ykdysady maksatlarynyň iň ulusy (arzuwy!), diňe öz-özüni gerekli hyzmatlar we harytlar bilen üpjün etmek däl, bu harytlar we hyzmatlar bilen daşary ýurt bazarlaryny hem üpjün etmekdir. Eksporty mydama importdan ýokary tutmakdyr (profisit). Sebäbi import eksportdan ýokary bolan ýagdaýynda, döwlet pul ýitirýär diýmekdir (defisit), bu bolsa wagtyň geçmegi bilen ykdysady kynçylyga eltmek bilen, daşary ýurt banklaryndan karz almaklygyna getirýändir. **Karzlar bolsa başda belleýşimiz ýaly, döwletiň garaşsyzlygyna urulýan iň uly we doňýürek paltalaryň biridir. Bu kynçylyklara düşmez ýaly, adalatly hökümetiň öz bazarlaryny gözegçilikde saklamagy hökmanydyr**! Şu ýerde bir zady bellemek gerek, ösen döwletleriň alymlary, ykdysadçylary we döwlet işgärleri, bilip ýa-da bilmän, ösüp gelýän döwletleriň

[72] **www.worldbank.org**

hökümetlerine, içerki bazarlaryň özleriniň, hiç hili hökümetiň gözegçiligi bolmazdan, "adalatly", deňlikli we durnukly ýagdaýa gelip bilýändiklerini nygtaýarlar. Bu, düýbünden nädogrydyr! Muňa, taryhdan döwrümize iň ýakyn subutnama, 90-njy ýyllaryň Rusýa Federasiýasydyr. Rusýa Federasiýasynyň, käbir ösen döwletleriň gepine gidip, ykdysadyýeti "liberallaşdyrmak", ýagny içerki bazarlary gözegçiliksiz goýmak ýoly bilen, öňem bir aýagyna agsak ykdysadyýeti öz erkine goýberdi. Netijesi bolsa, oligrahiýanyň ösmegi, baý-garyp deňsizliginiň artmagy, "jemgyýetçilik keselleriniň" artmagy (korrupsiýa, alkogolizm, jenaýat işleri), jemi halkyň sanynyň we halkara abraýynyň düşmegi boldy. Rusýa Federasiýasy, hökümetiň çalyşmagy bilen, içerki bazar gözegçiligini iňňän güýçlendirdi, ýöne, bu wakadan ýigrimi ýyla golaý wagt geçen hem bolsa, başdaky goýberilen ýalňyşlyklardan, ykdysadyýet we jemgyýet, entäkler hem doly taplanyp bilenok.

Içerki bazarda adalatly ýaryşyň döremegine ýardam berýän, baý-garyp deňsizligini azaldýan, hökümetiň gurallary:

- Monopoliýa we oligopoliýa garşy kanunlaryň bolmagy we içerki bazaryň muňa garşy berk gözegçilikde tutlmagy[73]

- Progressiw salgytlaryň bolmagy[74]

- Ýörite ýygymlaryň (gymmat bahaly harytlar üçin aýratyn döwlet ýygymlaryň bolmagy) bolmagy

- Salgyt we ýygym tölegleri bilen baglanyşykly düzgün bozulmalara örän berk çäreleriň görülmegi (agyr jenaýat derejesinde!)
- Içerki bazarda, daşary ýurt raýatlaryna degişli kärhanalaryň salgydyny, ýerli kärhanalaryňka garanyňda, kanun esasynda ýokary salmak (ýerli kärhanalaryň proteksionizmi!)

- Jemgyýetçilik çykdajylaryň[75] (çagalar baglaryň, lukmançylyk hyzmatlaryň, okuwlaryň, mekdepleriň, suw, we energiýa tölegleriň, benziniň arzan ýa-da bu hyzmatlaryň mugt bolmagy, pensiýa, maýyplara kömek pullar, stipendiýanyň ýokary bolmagy), esasan jemgyýetiň orta gurply bölegine ýardam etjek şekilde bolmagy

[73] Jordi Gali, "*Multiple Equilibria in a Growth Model with Monopolistic Competition*"(1996)
[74] Richard Snyder we Ravi Bhavnani, "*Diamonds, Blood and Taxes: A Revenue Centered Framework for Explaining Political Order*" (2005)
[75] Jordi Gali, David Lopez Salido, we Javier Sallez, "*The Understanding Effects of Government Spending on Consumption*"(2007)

- Ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygyny köpeldilmegi we bahasynyň hem gaty amatly edilmegi (bu hökümetiň jemgyýetçilik proýektine girmeli we goldanmaly)

- Raýata degişli bolup biljek ýaşaýyş jaýlaryň sanynyň, kanun esasynda çäklendirilmegi. Meselem bir raýatyň adyna diňe bir jaý bolmaklygy.

- Daşary ýurtly raýatlarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň eýeçiligini (satyn almagyny), kanun esasynda, gaty çäklendirmek ýa-da düýbünden gadagan etmek (bu ösüp gelýän döwletlere degişli)

- Kazyýet sistemasynyň adalatly we ynsanperwer bolmagy[76]

- Jemgyýetçilikli guramalaryň hökümet tarapyndan goldanmagy

- Hukuk goraýjy edaralaryň we kazyýetiň garaşsyzlygy

- Salgyt ulgamyň gönümel iň ýokary edaranyň (Prezidentiň Diwanynyň!) gözegçiligine degişli bolmagy

- Hukuk goraýjy edaralaryň, kazyýetiň we salgyt ulgamynyň işgärleriniň aýlyklarynyň ýokary bolmagy

- Hukuk goraýjy, kazyýet we salgyt ulgamynyň işgärleriniň berk gözegçilikde bolmagy
- Kazyýetiň, hukuk goraýjy edaralaryň we salgyt ulgamynyň ösen we döwrebap bolmagy, internet ulgamy arkaly hyzmat ediş ukyby artdyrylmaly, we iş ýöreýiş çaltlaşdyrylmagy

- Hususy eýeçilik artdyrylmaly we hökümet tarapyndan güýçli goralmaly

- Döwlete degişli kärhanalyň priwatizasiýasyny, (hususylaşdyrylmagyny) adalatly geçirilmegi[77]

- Býurokratiýanyň azaldylmagy

- Hökümet tarapyndan korrupsiýa garşy göreşiň, dowamly, düýpli we rehimsiz alnyp barylmagy

[76] Rafael La Porta, Florencio Lopez de Silanes, Christian Pop-Eleches, we Andrei Schleifer, "*Guarantees of Freedom*"(2002)

[77] Jean Jacques Laffront we Jean Tirole, "*Privatization and Incentives*" (1991)

- Döwlet işine diňe hemme taraplaýyn ukyply adamlaryň alynmagy we aýlyklarynyň ýokary bolmagy

- Habarlar gullugynyň ösen we garaşsyz bolmagy

Ösüp gelýän döwletleriň maksatlary, geljekde uly ykdysady ösüşlere ýetmek, syýasy we ykdysady durnuklylyk gazanmak bolsa, onda adalatly hökümetiň içerki bazarlary gözegçiligi hökmanydyr. Adalat, deňlik diýmekdir, deňlik bolsa, durnuklylykdyr, durnuklylyk bolsa, ösüşe getirýändir[78]. Gysgaça aýdanymyzda: Adalat, peýda getirýändir!

[78] Alberto Alesina we George-Marios Angeletos, "*Fairness and Redistribution*", (2005).

“Mülk eýeleriniň, kärendeçilerden, kanun esasynda almaly kärende töleglerinden artykmaç, hiç zat almaga haky ýokdur. Kärendeçilerine gaty agram salýan mülk eýeleriniň mülkleri elinden alynmaly, we halka “göz bolar” ýaly, jemgyýetde masgara edilmelidir”
Nyzam al Mülk, “Syýasatnama”, 5-nji fasyl.

3-nji syr. Pul

Pul-häzirki döwürde, hökümet bilen halkyň arasyndaky ynamlylyk şertnamasydyr! Öňki döwürlerde puluň hümmeti özündedi, ýagny puluň düzümindäki gymmat bahaly metal önümiň (kümüş, altyn) agramyna laýyklykda puluň hümmeti üýtgeýärdi. XXI-nji asyrda, bütin dünýäde ulanylýan pullaryň hümmeti, döwletleriň alyp barýan pul syýasatyna baglydyr, ýagny pullaryň özüniň hümmeti ýokdur[79]. Bu ýagdaý, halkyň ykdysady ýagdaýyny, hökümetiň pul syýasatynyň ýöredişine bagly etmekdedir[80], başga dilde aýdanymyzda bolsa: halk, hökümetiň “dogry” pul syýasatyny ýöretmegine ynanmakdan başga çäresi ýokdur. Sebabi pul diňe bir söwdada araçy gural hökmünde ulanylmak bilen çäklenmän[81], puluň ýygnaýyjy (savings) funksiýasy hem bardyr. Adamlar öý almak üçin, maşyn almak üçin, öýlenmek we toý etmek üçin, okuw üçin, pensiýa goýumlary, uzak möhletleýin maýa goýumlary we başgada birnäçe amallar üçin uzak wagtlaryň dowamynda pul ýygnaýandyrlar, bu ýygnanan pullaryň, hökümetiň pul syýasaty netijesinde hümmetiniň gaçmagy, ýygnaýyjyny uly maliýe ýitgiler çekmegine sezewar edýändir. Inflýasiýanyň we deflýasyýanyň, ykdysadyýete gowy hem-de erbet täsir edýän ýerleri bardyr we puluň bu häsiýetini birnäçe ýüzýyllyklardan bäri öwrenilip gelmegine garamazdan, entäk hem alymlaryň arasynda jedelli meseleler ýüze çykýandyr. Muňa garamazdan, bütin dünýäde, inflýasiýanyň we deflýasiýanyň ykdysadyýete ýetirýän täsiri babatynda gelinen netije bardyr. Pes derejede inflýasiýa[82] ykdysadyýete üç ýol bilen gowy täsirini ýetirýär. Bular:

i. Merkezi banklaryň içerki bazarlary pul bilen üpjün etmekde ulanýan guraly, ýerli banklara berýän karz pullarydyr, has

[79] Christopher A. Sims, “*Monetary Policy Models*” (2007)

[80] Puluň hümmetiniň galmagyna deflýasiýa diýilýär, we puluň alyjylyk güýjüniň artmagyny aňladýar (geçen ýyl bilen deňeşdireniňde, bir birlik pula köp haryt we hyzmat alyp bolýar). Puluň hümmetiniň gaçmagyna bolsa inflýasiýa diýilýändir, we puluň alyjylyk güýjüniň gaçmagyny aňladýandyr (geçen ýyl bilen deňeşdireniňde az haryt we hyzmat alyp bolýar).

[81] Armen Alchian, “*Why Money*?”(1977).

[82] Ykdysadyýet ylmynda inflýasiýanyň belli bir peýdalalylyk derejesi ýokdur, ýagny takyk ykdysadyýete “gowy” täsir edýän ýa-da erbet täsir edýän dereje diýip zat ýokdur. Inflýasiýa derejesi her bir döwletiň ykdysady galkynyş ýoluna baglylykda we maliýe syýasatynyň maksatnamasyna baglylykda üýtgemekdedir. Ýöne, inflýasiýanyň pes derejsi diýip köplenç (2%<i<7%) hasaplanýar, ýokary dereje diýip bolsa (8%<i) derejelere hasaplanýar.

dogrusy bu karzyň göterimleridir. Eger içerki bazarlarda pul ýetmezçiligi (recession) başlaýan ýagadýynda, merkezi banklar ýerli banklara berýän karzlarynyň göterimlerini düşürmek arkaly, ýerli banklaryň merkezi bankdan köpräk karz almaklyklaryna iterýär. Ýeri gelende bolsa, ýerli banklar, telekeçilere we raýatlara berýän karz pullarynyň göterimini azaltmak arkaly içerki bazarlara puluň ýerlenmegini artdyrýar (alynan karzlaryň köpelmegi bilen). Merkezi banklaryň karzlarynyň nominal göterimleriniň noldan ýokary bolmagy, Merkezi banklaryň, içerki bazarlara pul üpjün etmek güýji arkaly, ykdysady kynçylyklardan çykma mümkinçiligini artdyrmakdadyr[83]. Meselem inflýasiýanyň derejesiniň ýokarlanmagyny, Merkezi bank, ýerli banklara berýän karzlarynyň göterimlerini galdyrmak bilen, sowadyp bilýär. Tersine, eger içerki bazarlarda pulyň ýetmezçiligi bar bolsa, Merkezi bank karz göterimlerini peseldip, ýerli banklara göterimleri ýeňletmek bilen birlikde, içerki bazarlaryň pul çeşmesine elýeterliligini artyrmak arkaly ykdysady kynçylykdan çykmagyna uly ýardam berýär.

ii. Pes derejede inflýasiýa, jemi alnan karzlaryň (public and private loans) wagtyň geçmegi bilen, karz alyja, hakyky düşýän maliýi agramyny ýeňletmek arkaly. Karz haýsy pul birliginde alnan bolsa, geljekde şol pul birliginiň hümmetsizlenmegi, jemi berginiň hem hümmetsizlenmegi diýmekdir.

iii. Aýlyklar, inflýasiýanyň üýtgemegine dessine täsir etmeýändigi zerarly, pes derejede inflýasiýa adam zähmetiniň arzan bolmagyna getirýär, bu bolsa içerki bazarda işsizligi azaltmak bilen ykdysadyýete gowy täsir edýär[84].

Ýokary derejede inflýasiýa ykdysadyýete üç ýol bilen erbet täsirini ýetirýär. Bular:

i. Inflýasiýanyň derejesiniň ýokary bolmagy, puluň ýygnaýyjy funksiýasynyň düşmegine getirer. Ýagny, raýatlar we telekeçiler uzak möhletleýin maýa goýumlary azaldarlar, sebäbi, puluň hümmetiniň, uzak möhletleýin maýa goýumlaryndan geljek peýda bilen deňeşdireniňde has hem çalt

[83] Liquidity trap (likwidlilik duzagy)-Ykdysadyýet ylmynda Merkezi banklaryň nominal karz göterimleriniň nola deň bolmagy, Merkezi banklaryň ykdysady kynçylyga göterimlerini gowşatmak (peseltmek) arkaly täsir güýjüni ýitirmegine getirýär. Bu ýagdaýa, ykdysadyýet ylmynda likwidlilik duzagy diýilýär.

[84] Gregory Mankiw, "*Macroeconomics*" (2010).

düşmegidir[85]. Bilşimiz ýaly, ykdysadyýetiň galkynmagy we ösmegi üçin uzak möhletleýin goýumlaryň ähmiýeti gaty uludyr. Zawodlar we fabrikler, uly göwrümli strategiki we taktiki möhüm gurluşyklar diňe we diňe uzak möhletleýin maýa goýumlaryň netijesinde amala aşyrylýandyr.

ii. Inflýasiýanyň derejesiniň ýokary bolmagy, puluň ýygnaýyjy funksiýasynyň düşmegine getirer, bu bolsa raýatlaryň pul ýygnamagyň ýerine, puluň ýerini tutýan harytlaryň ýygnalmagyna, beýle harytlaryň alynmagy bolsa, onsuzam bazarlarda ýokary bahany has hem ýokary galmagyna getirer. Gymmat bahaly metallaryň we daşlaryň, gymmat bahaly metallardan we daşlardan ýasalan bezeg şaýlarynyň, jaýlaryň, maşynlaryň we uzak möhletleýin saklap bolýan azyk senagaty önümleriniň bazarlardan ýitmeginiň sebäbi, ýokary derejede inflýasiýanyň netijesinde ýygnap goýan pulunyň günbe-günden hümmetiniň gaçýanyny gören raýatyň, geljek baradaky howsalasydyr[86]. Howsalanyň ykdysadyýete getirýän zyýany, ýokary derejedäki inflýasiýanyň getirýän zyýanyndan uly bolmasa kiçi däldir. Şonuň üçin, hökümetler, halkyň bu howsalasyny ýatyrmak üçin gerek bolan çäreleri görmelidir.

iii. Ýokarda agzalan iki erbet täsiriň, hökümet tarapyndan inflýasiýany peseltmek uçin gerekli çäreleriň wagtynda geçirilmedik ýagdaýynda, netijeleri giperinflýasiýa getirýändir. Ýagny, puluň ýokary tizlik bilen gysga wagtyň içinde ummasyz hümmetiniň ýitirmegine. Bu adamlaryň howsalasynyň iň ýokary derejä ýetendiginiň görkezijisidir. Ykdysadyýet ylmynda, mundan uly maliýe betbagtçylygy ýokdur. Giperinflýasiýanyň soňy açlyga, ykdysady çöküşe we düýbünden durmagyna, aýaga galmalara, hökümetiň çalşylmagyna we açyk raýat urşunada getirip bilýändir. Puluň hümmetsizlenmegi ýokary derejedäki inflýasiýadan giperinflýasiýa geçen ýagdaýynda, hökümetiň muny saklamaga garşy her bir ädimi boşadyr. Hökümet

[85] Opportunity cost (deňeşdirme nyrhy)-Meselem, bir daýhan ýerine şaly ýa-da bugdaý ekme mümkinçiligi bolsa. Bu ýerden 40 tonna bugdaý, ýa-da 10 tonna şaly alma mümkinçligi bar bolsa, daýhan iň ýokary peýdany almak üçin bularyň deňeşdirme nyrhyna sereder. Diýeli bir tonna bugdaýyň bazar bahasy 1000 manat, bir tonna şalynyňky bolsa 5000 manat. Çykdajy babatynda bolsa bugdaýyň tonnasyna 100 manat çykdajy, şalynyňky bolsa 1000 manat çykdajy bolsun. Jemi bugdaý ekmekden girdeji 40*1000=40000 manat, sap peýda bolsa, 40000-40*100=36000 manat. Jemi şaly ekmekden girdeji 10*5000=50000 manat, sap peýda bolsa, 50000-10*1000=40000 manat. Şalynyň her tonna çykdajysynyň bugdaýyňka görä ýokary hem bolsa, bugdaý ekmegiň deňeşdirme nyrhynyň şaly ekmegiňkiden ýokary bolanlygy zerarly, daýhan şaly ekmegi saýlap alar.

[86] Panic (howsala)-Ykdysadyýet ylmynda, içerki bazarlary iň çykgynsyz ýagdaýa eltip bilýän we ýeri gelende bazarlary ýykyp bilýän, tiz ýaýraýan adam duýgusydyr. Bu howsalanyň iň bellisi, bu bank howsalasydyr (bank panic), banka maýa goýujylaryň birnäçesi öz maýalaryny ýa-da göterimlerini doly ýa-da bölekleýin bankdan alyp bilmänligi zerarly, bankyň maliýe ýagdaýynyň gowy däldigi bankyň müşderileriniň arasynda tiz ýaýramagyna getirýändir. Bu bolsa, bankyň bar müşderileriniň pullaryny yzyna gysga wagtyň içinde islemegi netijesinde, banky bankrotlyga eltip bilýändir. Taryhda beýle howsalalar gaty köpdür.

tarapyndan näme çäreler görüljek bolsa, inflýasiýanyň pes derejesi bilen ýokary derejesi aralygynda görülmelidir. Giperinflýasiýa ýoluna düşülen ýagdaýynda hiç bir ädimleriň kömek etmeýändigini taryhyň dowamynda az şaýatlyk edilen däldir[87].

Bir döwletde inflýasiýanyň ýa-da deflýasiýanyň bolmagy, ykdysady dil bilen aýdanymyzda, tebigydyr. Esasy zat, bu ykdysady hadysany gowy tanamakdyr. Inflýasiýany we deflýasiýany gowy tanamak üçin, bu ykdysady hadysalaryň nirden we nämeden gelip çykyşyny gowy bilmelidir. Inflýasiýanyň döremeginiň esasy sebäpleri şular hasaplanylýar:

i. Jemi içerki bazar talabyň, ykdysadyýetiň jemi üpjün edibiljek mümkinçiliginden ýokarda bolmagydyr[88]. Mysal üçin ykdysady ösüşiň netijesinde raýatlar et önümlerini köp talap edip başlaýarlar, et önümleri bilen bazarlary üpjün etmek gysga wagtyň dowamynda mümkin bolmanlygy üçin, et önümleriniň bahasynyň ýokarlanmagyna getirýär. Jemi talabyň netijesinde emele gelýän pes derejede inflýasiýa aslynda ykdysadyýetiň ösüşi üçin örän möhümdir, sebäbi jemi talabyň ösmegi, üpjün etmek üçin maýa goýumlaryň ösmegine we ykdysadyýetiň giňelmegine getirýändir. Dünýäniň ösen döwletleriniň aglabasynyň ykdysadyýetlerinde pes derejede inflýasiýa barlygyny görmek bolýar, ynha bu inflýasiýa, jemi içerki bazar talabyň artmagy netijesinde dörän inflýasiýadyr, we bu, ykdysadyýetiň "sagdynlygynyň" görkezijisidir[89].

ii. Döwlet üçin strategiki taýdan möhüm bolan harytlaryň ýa-da çig malyň nyrhlarynyň ösmegi netijesinde dörän inflýasiýadyr[90]. Meselem nebit we tebigy gaz önümlerini, azyk önümlerini import edýän döwletlerde, bu harytlaryň nyrhlarynyň dünýä bazarlarynda galmagy netijesinde bütin ykdysadyýetine agyr täsir etmekdedir. Nebit we tebigy gaz önümleri, häzirki zaman ýaşaýyşymyzyň aýrylmaz möhüm bölegi bolup duryanlygy üçin, bu önümleriň gymmatlamagy, beýleki önümleriň we

[87] Geçmişde, başyndan giperinflýasiýany geçiren döwletleriň sany az däldir. Eger geçen ýüzýyllygy alsak, onda 1923-nji ýyldaky Germaniýanyň (Weýmar respublikasynyň), 1944-nji ýyldaky Gresiýanyň, 1946-njy ýyldaky Wengriýanyň, 1994-nji ýyldaky Ýugoslawiýanyň we 2008-nji ýyldaky Zimbabwe döwletleriniň giperinflýasiýasyny almak mümkindir. Giperinflýasiýanyň derejesini biljek bolsaňyz, Ýugoslawiýanyň Merkezi Banky tarapyndan 1993-nji ýylda çykarylan 500000000000 (bäş ýüz milliard) Ýugoslaw dinary banknotyny, we 2008-nji ýylda Zimbabweniň Merkezi banky tarapyndan çykarylan 100000000000000 (ýüz trillion) Zimbabwe dollarlyk banknotyny görmek ýeterlik diýip pikir edýärin. Steve H. Hanke we Nicholas Krus, "*World Hyperinflations*" (2012), S. Rao Aiyagari, R. Anton Braun we Zvi Eckstein, "*Transaction Services, Inflation and Welfare*" (1998), Eldar Sharif, Peter Diamond we Amos Tversky, "*Money Illusion*" (1997).

[88] Aggregate demand and aggregate supply (jemi talap we jemi üpjün edijilik)

[89] **www.cia.gov**

[90] Robert J. Gordon, "*Macroeconomics: Theory and Policy*" (1988).

hyzmatlaryň hem bahalarynyň galmagyna getirýändir. Bahalaryň galmagy bolsa, puluň hümmetiniň düşmegi diýmekdir. Bu bolsa inflýasiýadyr.

iii. Puluň, hökümet tarapyndan, içerki bazarlara talap edilişinden artyk üpjün edilmegi netijesinde inflýasiýa döremegi, hat-da giperinflýasiýa çenli alyp gitmegi[91]. Gysgaça aýdanymyzda, puluň gaty köp basylmagydyr. Köp zadyň hümmeti gaçýandyr, pul köp bolsa, puluň hem hümmeti gaçmak bilen bolýar.

iv. Spekulýasiýa netijesinde dörän inflýasiýa[92]. Käbir döwletleriň (köplenç ösen döwletler) içerki bazarlary maýa goýumlaryna "dok" bolýar, ýagny maýa goýumlaryndan alynjak sap peýda az bolýar. Munyň sebäbi bolsa, içerki bazarlardaky, sap peýda üçin argynsyz ýaryşdyr (bazar ykdysadyýeti!). Şonuň üçinem, maýa, daşary ýurt döwletleriniň bazarlaryny öwrenmäge, peýda gazanma mümkinçiliklerini gözlemäge başlaýar. Ösüp gelýän döwletler, maýa goýumlaryna mätäç bolanlygy üçin, içerki bazaryň maýa goýumlaryna talaby ýokary bolanlygy sebäpli, sap peýdanyň hem mukdary uludyr. Ynsapsyz maýa eýeleri, sap peýda göterimi ýokary, maliýe çäklendirmeleri az, bazar gözegçiligi pes we pul syýasaty gowşak bolan ösüp gelýän döwletleriň bazarlaryny has hem söýýändirler, sebäbi, bu bazarlarda gysga wagtyň dowamynda maýa goýumyny goýup (köplenç gysga wagtly karz bermek ýa-da gymmat bahaly kagyzlary satyn almak arkaly) we gysga wagtyň dowamynda derrew satyp, aratapawutda utup, spekulýasiýa etmek arkaly uly peýdalar görmek bolýar[93]. Gysga wagtyň içinde uly maýalaryň gelmegi, birden içerki bazarlarda harytlaryň we hyzmatlaryň (esasan hem emläkleriň) bahalarynyň ýokarlanmagyna getirýär. Bu bolsa puluň hümmetsizlenmegi diýmekdir. Spekulýasiýa niýetli pullaryň içerki bazarlardan çykyp gitmegi bolsa, inflýasiýany has hem güýçlendirip, döwletiň ykdysady çökgünlige batmagynyň mümkinçilini has hem artdyrýar[94].

---

[91] Ykdysadyýetiň birnäçe akymy bardyr, bu akymlardan Monetarist akymy, puluň hümmetsizlenmeginiň sebäbiniň (inflýasiýa), hökümet tarapyndan puluň köp basylýandygy bilen düşündirýärler. Milton Friedman, "*Optimum Quantity of Money*" (1969).

[92] Kiminori Matsuyama, "Financial Market Globalization, Symmetry-Breaking and Endogenous Inequality of Nations" (2004)

[93] Hot money (gyzgyn pul)-Ykdysadyýet ylmynda, daşary ýurtdan spekulýasiýa niýetli gysga wagtlyk karzlar, gysga wagtyň dowamynda gymmat baha kagyz birjalaryň üsti bilen gymmat baha kagyzlaryň alnyp satylmagyna (gaty uly möçberlerde!), we şuňa meňzeş, uly mukdarda pullaryň daşary ýurtdan ykdysadyýete guýulmagyna diýilýär. Bu pullar, daşary ýurt maýa goýumlary bilen garyşdyrylmaly däldir, sebäbi, hot money, gysga möhletleýin we meýilnamasyz gelýändir. Maýa goýumlary bolsa uzak möhletleýin we meýilnamalydyr. Bütin döwletlerde bu , hot money, spekulýasiýasyna garşy gerekli kanunlar bardyr, sebäbi bu pullaryň ykdysadyýete zyýany eýýäm öňden bäri subut edilendir.

[94] 1997-nji ýylda Gündogar Aziýa döwletlerinde we 1998-nji ýylda Rusýa Federasiýasyndaky maliýe krizisleriniň sebäplerinden biri, hot money, ýagny gyzgyn pullardyr. Mark Weisbrot, "*Ten Years After: The Lasting Impact of the Asian Financial Crisis*"(2007), Yegor Gaidar, "*Lessons of the Russian Crisis for Transition Economies*", (1999).

Inflýasiýanyň, ykdysadyýetde "tebigy" (jemi içerki talabyň ösmegi, käbir strategiki harytlaryň we çig mallaryň nyrhlaryň artmagy) we "emeli"(hökümetiň hasapsyz has köp pul basmagy, spekulýasiýa) biçimlerde döremegine garşy, hökümetiň taýýarlykly bolmagy hökmanydyr. Bu taýýarlyklar öz içine:

- Hökümetiň ýokary inflýasiýa garşy göreş meýilnamalarynyň bolmagy
- Gerekli döwrebap maliýe kanunlary we syýasaty[95]
- Puluň ýokary gorag tehnologiýasy bilen ýasalmagy
- Pul we maliýe spekulýasiýa bilen baglanyşykly düzgün bozmalara berk çäre görülmegi (agyr jenaýat derejesinde!)
- Maliýe ulgamynyň (banklar, gymmat bahaly kagyzlaryň we beýleki birjalaryň, ätiýaçlandyrylyşyň) ösdürilmegi we berk gözegçilikde bolmagy
- Nagt görnüşinde pul hereketi azaldylmaly
- Daşary ýurt raýatlarynyň, maliýe ulgamyndaky eýeçilikli (meselem bank satyn almak) hereketleriniň, kanun esasynda çäklendirilmegi ýa-da düýbünden gadagan edilmegi.
- Maliýe gözegçilik ulgamlary (Merkezi bank, Maliýe ministrligi, we beýleki gözegçilik gullukaryň) tarapyndan, maliýe ulgamynyň (banklar, birja, ätiýaçlandyryş), duýdansyz düýpli maliýe barlaglarynyň alnyp barylmagy
- Maliýe gözegçilik ulgamynyň işgärleriniň örän ýokary derejeli taýýarlyklarynyň (ussat) bolmagy we aýlyklarynyň ýokary bolmagy
- Strategiki ähmiýete eýe önümleriň (nebit, gaz, bugdaý, ýag, şeker, suw) uzak möhletleýin gorlarynyň döredilmegi
- Pul syýasatynyň berk gözegçilik elementleri (komissiýa, ýygnaklar, statistika)
- Offşor zolaklarda resmileşdirilen, ýa-da offşor zolaklarda bank hasaplary bolan daşary ýurt kärhanalary bilen işleşmegi düýbünden gadagan etmek
- Nominal bahasy uly (meselem 1000, 5000 ýa-da 10000) pul birligini çykarmazlyk
- Aýratyn bellenmeli zat bolsa, döwletiň gymmat bahaly metallaryň (Altyn, platin, kümüş) gorlarynyň bolmagy, we bu gorlarynyň elmydama köpeltmegiň ugrunda bolmagy, döwleti diňe içerki maliýe kynçylyklaryň täsirini dälde, eýsem halkara maliýe

[95] Narayana Kocherlakota, "*Optimal Monetary Policy: What We Know and What We Do Not Know*" (2005)

kynçylyklaryň täsirini ýeňilleşdirmäge, döwlete uly ýardam bolar. Bu gorlaryň, daşary ýurt banklarynda dälde, eýsem döwletiň içinde ýerleşdirilmegi bolsa, döwletiň özbaşdaklygyny has hem güýçlendirer.

Eger bir döwlete, gysga wagtyň dowamynda, uruş, diplomatiki (izolýasiýa) we beýleki ýollary (söwda embargosy) ulanmazdan, zyýan ýetiriljek bolsa, onda şol döwletiň pul syýasatynyň kemçiliklerini ulanmak, bu iň arzan we iň ygtybarly ýoldur (Meselem galp pul ýasamak ýa-da maliýe spekulýasiýa arkaly). Şol sebäpli, her bir döwletiň pul syýasaty, diňe ykdysady we syýasy durnuklylygy saklamak amalyny ýerine ýetirýän gural dälde, eýsem döwlet derejesinde strategiki we taktiki örän uly ähmiýete eýe milli döwlet guralydyr!

“Hökümetiň syýasy ädimleri, alymlar we dünýäni görenler bilen geňeşiň netijesinde ädilmelidir”
Nyzam al Mülk, “Syýasatnama”, 18-nji fasyl.

4-nji syr. Içerki we daşarky syýasat.

Her döwletiň (we milletiň) taryhy aýrydyr, her halk özboluşly durmuş pelsepesi we taryhy wakalaryň garyşmagyň netijesinde şu günlere ýetýändir. Bir halkyň çekenini, beýleki halk çeken däldir, her döwletiň geçmişde çeken kynçylyklary we häzirki wagtda çekýän syýasy ýa-da ykdysady kynçylyklary bir-birine meňzemeýändir! Her döwlet, özüne laýyk ykdysady galkynyş ýoluny özi seçýär, we beýleki döwletleriň muňa garyşmaga hiç hili haky ýokdur![96] Meselem Amerikanyň Birleşen Ştatlary (mundan beýläk ABŞ) bilen Meksika döwleti bir geografiki nokatda ýerleşýärler, we birnäçe asyryň dowamynda goňşyçylyk gatnaşyklaryna garamazdan, bu iki döwletiň ykdysadyýeti, syýasaty, jemgyýet gurluşy, medeniýeti we halkara derejeleri düýbünden tapawutlydyrlar. Her döwletiň özboluşly dünýä garaýşy bardyr, we her döwlet, bu dünýä garaýşy bilen ösmäge, özgermäge doly haky bardyr. Bir döwlet üçin amatly bolan syýasy ugur, beýleki döwlet üçin düýbünden nädogry bolup biler. Munuň sebäbi bolsa, beýleki döwletiň halkynyň medeni gurluşy, dini, durmuş pelsepesi, hat-da ykdysady güýji ýaly müňlerçe bahanasynyň bolmagydyr. Saudy Arabystanyň raýatynyň dünýä garaýşy, Şweýsar raýatynyňkydan düýbünden tapawutly bolmagy, bu iki baý döwletiň ykdysady ösüşine täsiri barmyka? Eýsem biziň dünýämiziň şeýle dürli-dürli halklar, pikirler, diller, däpler, dinler we reňkler bilen doly bolmagy owadan dälmidir[97]? Her kim, her döwlet üçin, öz ýoly dogrydyr, ýöne biriniň ýa-da bir döwletiň orta çykyp, “diňe meniň ýolum iň dogry ýol” diýmegi, moral we etiki taýdan dogry bolardymyka?[98] “Islendik meseläni çözmegiň birnäçe ýollary bardyr” diýmegiň ýerine, “bütin meseleler ynha diňe şu ýol bilen çözülýändir” diýilse nähili bolardyka? Ýagny, her döwletiň syýasy we ykdysady saýlap alan ýoluna hormat goýmagyň ýerine, diňe bir ýoly “hakyky dogry ýol” hökmünde öňe sürüljek bolnuşy, geljekde gatnaşyk kynçylyklaryny

[96] Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 50/172 belgili kabul eden rezolýusiýasy. **(www.un.org)**

[97] UNESCO-nyň 2005-nji ýylda, Medeni Alamatlyklarynyň Tapawutlyklaryny Goramak we Ösdürmek, atly konwensiýasy.**(www.unesco.org)**

[98] Özüni beýleki döwletlerden üstün tutmak, beýleki döwletleri ýabany görmek, başga döwletleriň medeniýetini, däp dessurlaryny düşük hasap etmek, durmuş pelsepesini bolsa äsgermezlik, bu halklaryň uly işler amala aşyryp biljeklerini kabul etmemek bu gadymdan gelýän **elitizm** duýgularydyr. Gadymy Rim Imperiýasynda, Parfiýanlar, German halklaryna, Gunlara, Keltlere gysgaça “Ýabanylar” diýip atlandyrylýardy, we bu halklaryň käbirleriniň Gadymy Rimi ençeme sapar dyza çökermegine garamazdan, Rimliler özlerini bu halklardan üstün hasap edýärdiler. Hytaý we Ýaponiýa Imperiýalarynda, bütin beýleki halklara gysgaça “ýabany” diýip atlandyrylýardy. Gadymy Grekler Skiflere hormat goýýardylar, ýöne muňa garamazdan Skifleri “ýabany halk” hasap edýärdiler. Skandinaw döwletlerinde döräp, bütin Ýewropany, wagtynda gazap astynda saklan Wikingler, baý medeniýetine, dinine we ösen kanunlaryna garamazdan, Ýewropa döwletlerinde “ýabany halk” hasab edilendir. Ykdysady we syýasy durnukly, gazaply ýaragly güýçleri bolan döwletleriň bu elitizm duýgusyna duzaga düşmekleri, beýleki döwletleri özlerinden aşagy görmeklikleri, halkara gatnaşyklaryny örän çylşyrymly ýagdaýlara salmaklyklary geň görülmeli däldir.

döretmezmikä?[99] “Syýasat-köp partiýaly, hat-da gaty köp partiýaly bolmaly”, “Söwda-gapylar aňyrsyna çenli açyk bolmaly, hiç hili proteksionizm bolmaly däl[100]”, “Ykdysadyýet-içerki bazarlaryň özleri ykdysady durnuklylyga barar, hökümet hiç hili goşulmaly däl[101]”, ynha, şunuň ýaly wesýetleriň her biri, ösüp gelýän döwletler üçin ykdysady we syýasy taýdan örän howplydyr, hat-da ölüm derejesinde howplydyr! Bu iki aýlyk çaga, ýigrimi ýaşly ýetginjegiň iýýän zatlaryny iýdirjek bolnuşy ýaly howplydyr. Çaganyň gurluşy, entäk bu agyr naharlary göterip biljek derejede güýçli däldir, we beýle naharlar çaga berlen ýagdaýynda, örän aýylganç netijelere gelinjegi ikuçsyzdyr. Ösen döwletler üçin “adaty” bolup görünýän hereketler, ösüp gelýän döwletler üçin “adatdan gaty daşary” hereketlerdir. Ösen döwletleriň, ösüp gelýän döwletlere, ykdysadyýeti ösdürmek üçin gerekli çäreler babatynda, berýän maslahatlarynyň eger barysy bolmasada köpüsi, düýbünden ýalňyş we nädogry bolup çykmagy bolsa, halkara gatnaşyklaryny, uly synaga itermekdedir. Meselem, ykdysadyýetiň galkynmagy üçin, hökümetiň “köp partiýaly syýasatyň” ýada “bir partiýaly syýasatyň” alyp barmagynyň hiç hili tapawudy ýokdugyny ykdysadçy alymlar tassyklaýarlar[102]. Bütin ösen döwletleriň, öz wagtynda, içerki bazarlaryny iňňän berk gözegçilikde saklandyklaryny, söwdanyň bolsa, gaty güýçli proteksionist kanunlar esasynda gorag astynda bolandygyny taryh bize habar bermekde[103].

Ösüp gelýän döwletler, halkara gatnaşyklarynyň dowamynda, ösen döwletler tarapyndan, käbir içerki we daşarky meseleler babatynda, ykdysady we syýasy basynja duçar bolmagy, gadymdan gelýän düzgündir. Bir zady bellemek gerek, halkara gatnaşyklary, näçe “deňhukukly” bolup görkeziljek bolsada, bu gatnaşyklar “deňhukukly” bolmakdan gaty daşdadyr. Jemi içerki önümi 10 trillion ABŞ dollaryna deň bolan döwlet bilen jemi içerki önümi 50 milliard ABŞ dollaryna deň bolan döwletiň “deňhukukly” gatnaşyklary bolup bilermi? Bolup bilýän hem bolsa, birinji

---

[99] Rusýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Wladimirowiç Putiniň 2014-nji we 2016-njy ýyllarda Waldai Halkara Gürrüňdeşlik klubyndaky resmi çykyşlarynda, “diňe meniňki dogry” pelsepesi bilen ýöreýän döwletleriň, halkara howpsyzlygyna getirip biljek zyýanlaryny açyk nygtaýar.

[100] Axel Dreher, “*IMF Conditionality: Theory and Evidence*”(2009).

[101] Friedrich Hayek, “*The Pure Theory of Capital*” (2007).

[102] Patrick Heller, “*Degrees of Democracy: Some Comparative Lessons from India*”(2000), Silje Aslaksen we Ragnar Torvik,”*A Theory of Civil Conflict and Democracy in Rentier States*”(2006), Platon “Respublika”.

[103] Mercantilism (Merkantilism)- Orta asyrlardan XX-nji asyrlara çenli, Ýewropa we Amerikanyň ykdysady pelsepesi, Merkantilizm ýoly bilen ýöreýärdi we bu günki ykdysady ösüşiniň asyl sebäbi hem şol merkantilizm pelsepesidir. Mekrantilizm, bu ykdysadyýetiň we söwdanyň hökümet tarapyndan berk gözegçiligi astynda saklamak, gerek bolan ýagdaýynda goňşy döwletleriň hasabyna baýamak, egosentrik kanunlaryň toplumyny öz içine alýandyr. Meselem: Hökümetiň eksporty köpeltmek üçin goýumlary köpeltmegi, gerekli ýerde söweşleriň üsti bilen beýleki döwletleriň içerki bazarlaryny eýelemegi, diňe öz gämilerini ulanmak, portlaryň monopoliýalaşdyrylmagy, döwletden gyzyl we kümüşiň çykarylmagyny gadagan etmek, döwletiň sap peýdasyny artdyrýan bolsa beýleki döwletleriň raýatlarynyň hak we hukuklarynyň bozulmalaryna göz ýummak (kezzapçylyk we ýalanlar), döwlete sap peýda getirýän kärhanalaryň kanun bozmalaryna, ekologiki zyýanlaryna we beýleki oýunlaryny görmezlikden gelmek. Merkantilizm pelsepesi, Britan, Ispan, Fransuz, Portugal, Golland, Italýan, Belgiýa Imperiýalary we Amerikanyň Birleşen Ştatlary tarapyndan geçmişde giňden ulanmak arkaly, ýüzlerçe koloniýalaryň, millionlarça adamlaryň açlykdan, uruşlardan gyrylmagynyň, millionlarça damlaryň gulçulyga zorlanmagyň, millionlarça agaçlaryň we haýwanlaryň rehimsizlik bilen ýok edilmeginiň hasabyna, ummasyz maýa we baýlyk gazanylmagyna getirendir. Lars Magnusson, “*Mercantilism*”(2003)

halkara syýasy krizisine çenlidir. Halkara gatnaşyklary, halkara syýasatynyň ugry esasynda gurulýandyr. Halkara syýasatynyň ugry, "uly güýç"[104]hasap edilýän döwletleriň, özara ylalaşyklary esasynda belli bolýandyr. Şonuň üçinem, "beýleki" döwletleriň ykdysady we syýasy durnuklylygy, "uly güýçleriň" özara ylalaşyklaryna, şeýlelikdede halkara syýasatynyň ugruna gaty baglydyr. Kiçi we "ykdysady gowşak" döwletleriň ("beýleki") ykbaly, uly we güýçli döwletleriň elindedir! Bu düzgün, halkara syýasy taryhy azda-kände bilýän adam üçin täzelik däldir, bu öňler hem şeýledi we hemişe-de şeýle dowam eder. Bir zady ýatdan çykarmaly däldir, halkara gatnaşyklaryň özeni-peýdadyr! Her bir döwlet bu peýda/ peýdalar üçin içgin göreş içindedir. Bu peýdalar: syýasy ýa-da ykdysady peýda hökmünde ikä aýrylmak bilen, bir birlerine baglydyrlar. Ýagny, halkara arenada syýasy peýda gazanmak, döwlete ykdysady peýda getirýändir. Tersine, ykdysady peýdanyň soňy bolsa, syýasy peýdalara eltýändir. Käteleri bolsa, döwletler, syýasy peýdalar üçin, ykdysady zyýanlar çekmeli hem bolýandyr. Halkara arenada, syýasy we ykdysady peýdany gazanmak üçin strategiki we taktiki gurallar we ýollar bardyr. Bularyň esasylary:

1) **Döwletiň içerki, syýasy we ykdysady, durnuklylygyň örän ýokary bolmagy:** Islendik döwletiň halkara abraýyna dessine täsir edýän zat, onuň içerki ýagdaýydyr. Ynamly we başarjaň lideri bar bolan, hökümeti adalatly we halky tarapyndan söýülýän, pul syýasaty berk gözegçilik astynda, halky gurply döwletleriň, elbetde, halkara abraýy diýseň ýokary bolar. Içerki bazarlaryň ähmiýet-strategiki derejede uludyr. Gerekli harytlar bilen özüni üpjün edýän bazar, garaşsyz bazardyr, we hiç hili halkara syýasy we ykdysady basynçdan gorkmaz. Esasan hem maliýe bazarlaryň, (banklaryň, ätiýaçlandyryş we beýleki maliýe hyzmatlaryň) ýerli (hususy ýa-da döwlet) kärhanalary tarapyndan eýelenmegi, pul syýasatyny berk gözegçilikde saklamak üçin diýseň gereklidir. Öz-özüni üpjün edibilýän döwlet, hakyky garaşsyz döwletdir!

2) **Uly we ähmiýetli halkara guramalaryň, analitik (think tank) klublaryň[105][106] we bileleşikleriň (esasy) agzasy bolmak:** Birleşmek, toparlanyşmak, maşgala bolmak diýmek, güýçleri birikdirmek we gerek ýerinde arka durmak diýmekdir. Her bir döwlet üçin, güýçli toparlaryň agzasy bolmak diýmek, bu uly

[104] Birleşen Milletler Guramasynyň Howpsuzlyk Geňeşiniň 5 sany hemişelik agzalarynyň her biriniň (ABŞ, Rusýa Federasiýasy, Beýik Britaniýa, Fransiýa we Hytaý Halk Respublikasy) bütin halkara meseleleri bilen baglanyşykly rezolýusiýalara weto goýma haklary bardyr. Beýleki döwletler bilen deňeşdireniňde, bu güýç diňe şol 5 döwletde bolmagy, bu döwletleri "Uly güýç" döwletleri hökmünde tanalmagyna getirendir. **(www.un.org)**

[105] **Bilderberg Club, Bohemian Club, Valdai Club, Trilateral Commission, Council on Foreign Relations, World Economic Forum.**

[106] Emilie M. Hafner Burton, Jana Von Stein, we Erik Gartzke, "*International Organizations Count*", (2008)

abraýdyr we “täze mümkinçiliklerdir”. Bu “täze mümkinçiligiň” içine, beýleki döwletleriň syýasy liderleri bilen “döwlet derejesinde” bolmadyk duşuşyklar (unofficial meetings) girýändir.

3) **Halkara guramalary, bileleşikleri we analitik klublary döretmek[107]:** Halkara guramalarynyň we analitik klublaryň esasy funksiýasy, döwletleriň arasyndaky meseleleri ara alyp maslahat edilýän zemin bolmak, çözgütler tapmak we gerek ýerinde araçy bolmakdyr. Halkara guramalar we analitik klublar- güýçli syýasy we ykdysady täsir ediji guraldyr. Şeýle guramany döretmek, halkara meselelériniň çözgüt netijelerine täsirini ýetirip bilýän guralyň eýesi bolmak diýmekdir. Bu bolsa uly güýçdir[108].

4) **Halkara derejesinde ýygnaklary, çäreleri we sergileri geçirmek:** Tomusky we gyşky olimpiýa oýunlary, halkara senagat sergileri, ykdysady we syýasy forumlar, halkara guramalaryň ýygnaklary ýaly çäreleri geçirmek, ykdysady taýdan döwlete gymmada düşýändir. Ýöne, bu çäreleriň üstünlikli tamamlanan halatynda, döwletiň gazanjak uly syýasy peýdasy we abraýy bilen deňeşdireniňde, bu çykdajylar hiç zat bolup galýar.

5) **“Uly güýç” döwletlerinde, köp möçberde ildeşleriň bolmagy (immigrasiýa)[109]:** “Uly güýç” hasap edilýän döwletleriň, halkara syýasatyndaky agramy barada, ýokarda agzalyp geçilipdi. Bu döwletlere ildeşleriň ýaşamak we işlemek üçin göçüp gitmeleri, bir tarapdan döwletden “beýin akymyna” getirýän bolsa, beýleki tarapdan, eger döwlet bilen migrantlaryň arasynda ýerlikli gatnaşyklar saklanan ýagdaýynda, bu gatnaşyklar birinjilik bilen döwlete migrantlar tarapyndan garyndaşlaryna ugradylýan pul hökmünde ykdysady kömek, beýleki tarapdan bolsa, migrantlaryň ses bermek we beýleki syýasy basynç ýollaryny ulanmak arkaly, “Uly güýçleriň” halkara meseleleri babatynda döwletiň haýryna has oňaýly çözgütler çykarylmagyna getirýändir. Amerikadaky ysraýyl asylly immigrantlar, Germaniýadaky türk asylly immigrantlar, Rusýadaky ermeni asylly immigrantlar muňa mysaldyr. Esasy zat bolsa, bir döwletden göçüp giden ildeşleriň öz ata watanlary bilen ysnyşykly we mähirli gatnaşyklarda bolmagydyr. Ýerli hökümet, beýleki döwletler göçüp giden ildeşlerini “duşman” ýa-da “dönük” hökmünde, körsyýasatlyk edip, görkezjek boldugy, bu migrantlaryň, geljekde, ýerli hökümete

[107] Han Dorussen we Hugh Ward, “*Intergovernmental Organizations and The Kantian Peace: A Network Perspective*” (2008)

[108] Edward D. Mansfield we Jon C.Pevehouse, “*Democratization and the Varieties of Internationa Organizations*” (2008)

[109] Morten Bennedsen we Sven E. Feldman, “*Lobbying Bureaucrats*”(2006)

garşy işleýän güýç hökmünde beýleki döwletler tarapyndan ulanylmagyna getirer.

6) **"Uly güýçleriň" iň bolmanda biri bilen "örän gowy" gatnaşykda bolmak[110][111]:** Syýasy we ykdysady gatnaşyklar ýyllar geçdigiçe berkeýändir, we iki döwlet arsynda ynamlylygyň, arkalaşygyň artmagyna getirýändir. Köp ýyllaryň dowamynda, "Uly güýç" hasap edilýän döwletleriň iň bolmanda biri bilen şeýle baglaryň bolmagy, bu islendik, esasan hem ösüp gelýän döwlet üçin uly utukdyr. Bu gatnaşyklaryň gymmatyny, "arzan" syýasy we ykdysady meseler sebäpli ýitirilmezligine, strategiki taýdan örän içgin üns berilmelidir!

7) **Döwrebap we strategiki gazaply ýaraglara we ýaragly güýje eýe bolmak[112]:** Öz-özüni gorap bilýän derejede güýçli döwletler hemişede halkara arenada uly abraýa eýe-bolýandyr. Şonuň üçinem, ösüp gelýän döwletler, hökmany suratda ýaragly güýçlerini ösdürmeli we döwrelaýyk saklamalydyrlar. Ýöne, ýaragly güýçlerini göz-görtele, "Uly güýçleriň" dykgatyny çekjek we goňşy döwletleri howsala düşürjek derejede tiz dälde, ýuwaş-ýuwaş, halkara arenada galmagal turuzmajak şekilde ösdürmelidir. Ýaragly güýçlerini ösdürmekligiň üç sany esasy sebäbi bardyr:

   I. Terrorizme, we beýleki döwletleriň agresiýasyna garşy göreş üçin gereklidir[113].
   II. Uruş başlamazdan, urşy ýatyrmak üçin gereklidir[114]. Güýçli ýaragly güýçleri we döwrebap ýaraglar, duşmanlaryň pikirini uruşdan dändirmäge kömek edýändir. Halkara gatnaşyklarynda muňa "Deterrence Theory" ady berilýär, we "saklamaklyk, ýüz döndürmek, pikiriňden dänmek, etjek zadyňy goýbolsun etmek" manysynda ulanylýar. Halkara gatnaşyklarynda, özüni dessine goramaga ukyply döwlet hemişede sylanýandyr we aýratyn uly bir sebäp bolaýmasa, beýle döwlete garşy açyk ýaragly göreşe başlanýan däldir.
   III. "Uly güýçleriň" syýasy we ykdysady "ötegeçmelerinden" azda kände goranmaklyga kömek üçin gereklidir[115]. Uruş,

[110] Harold Hongju Koh, "*Setting the World Right*" (2006)

[111] Benjamin E. Goldsmith, Yusaku Hariuchi we Takashi Inoguchi, "American Global Policy and Foreign Opinion: Who supported the War In Afghanistan" (2005)

[112] John Ferejohn, we Frances McCall Rosenbluth, "*Warlike Democracies*" (2008)

[113] Jeff Viktoroff, "*The Mind of the Terrorist: A Review and Critique of Psychological Approaches*" (2005)

[114] Yoav Gortzak, Yoram Z. Haftel we Kevin Sweeney, "*Offense-Defense Theory: An Empirical Assessment*" (2005)

[115] Patricia L. Sullivan, "*War Aims and War Outcomes: Why Powerful States Lose Limited Wars*" (2007)

gymmat mesele çözme usulydyr, we "Uly güýçler" urşa başlamazdan öňürti urşuň maliýetini hasaplamak bilen bolarlar. Döwrebap ýaraglary we düzgün ýaragly güýçleri bolan döwlete garşy uruş, örän uzaga sürmegi we "Uly güýçlere" gaty gymmada düşmegi, azda-kände, "Uly güýçleriň", halkara arenasynda muskul oýnamalaryny azaldyp biler.

8) **Döwrebap we strategiki gazaply ýaraglary öndürmek we satmak[116]:** Ýarag, strategiki taýdan örän ahmiýetli önümdir. Tehnologiki taýdan döwrebap we strategiki ýaraglary önümçiligi diňe milli ýaragly güýçleriň goranyş, gerek ýerinde bolsa hüjüm etme ukybyny artdyrmak bilen çäklenmän, eýsem bu ýaraglary satmak arkaly döwlet gaznasynyň baýamagy hem diýmekdir. Öz ýaraglaryny özi öndürýän döwletiň, beýleki döwletlerden strategiki garaşsyzlygy hem güýçlenýändir.

9) **Daşary ýurt döwletlerinden algylaryň bolmagy[117]:** Beren el, alan elden üstündir. Bu ýagdaý, halkara arenasynda hem şeýledir. Baý döwletler, halkara syýasy maksatlaryna ýetmek üçin bu guraly örän erjellik bilen ulanmaklyklary ýöne ýere däldir.

10) **Daşary ýurt döwletlerine maliýe hemaýatkärlikler etmek[118]:** Tebigy betbagtçylyklar, ýokançly keselleriň ýaýramagy ýaly, uly adam heläkçiliklerine getirýän hadysalar, halkara arenasynda, döwletleriň arasyndaky dost doganlyk gatnaşyklaryny has hem berkidýän "mümkinçilik" hökmünde ulanmak mümkindir. Gerekli harytlar, pul ýa-da uzak möhletleýin karzlar ýaly hemaýat usullaryny ulanmak arkaly, hökümetiň hem öz halkynyň gözünde galmagy, hem-de halkara arenasynda döwletiň abraýynyň ýokarlanmagyna deňsiz-taýsyz goşantdyr. Islendik döwlete, islendik şekilde (mekdep gurmak, arzan elektrik energiýasyny bermek, köpri gurmak, ýol gurmak we ş.m.) hemaýat etmek, hökmany suratda gatnaşyklara täsiri bolýandyr[119].

---

[116] Dünýäniň iň iri ýarag öndürýän kärhanalaryň 10-sy şu döwletlere degişlidir: ABŞ-6, Beýik Britaniýa-1, Italiýa-1, Ýewropa Bileleşigi-1, Fransiýa-1 we bu edaralar, 2015-njy ýyl boýunça jemi takmynan 30 milliard ABŞ dollaryna ýakyn sap peýda edendirler. **www.sipri.org**

[117] HIPC (heavily indebted poor countries)- Ösüp gelýän döwletleriň arasynda, bergilerini berip bilmeýän 38 döwlet üçin Halkara Pul Gaznasynda döredilen topar. **www.imf.org**

[118] Dünýäde berýän hemaýat (maddy kömek) möçberi boýunça iň iri 10 döwlet şulardyr (sanlar milliard ABŞ dollarynda): ABŞ-31, Beýik Britaniýa-18, Germaniýa-14, Ýaponiýa-12, Fransiýa-11, Şwesiýa-5, Norwegiýa-5, Gollandiýa-5, Kanada-5, Awstraliýa-5. **www.oecd.org**.

[119] Charles Cohen we Erik D. Werker, "*The Political Economy of Natural Disasters*" (2008)

11) **Beýleki döwletleriň içerki bazarlaryna aralaşmak/eýelemek[120]:** Bir döwletiň içerki bazarlarynda, beýleki bir döwletiň sözüniň ýöremegi, esasan hem maliýe bazarlarynda, bu iňňän uly ykdysady täsir ediji güýçdir.

12) **Giň gerimli söwda gatnaşyklaryň bolmagy:** Söwda gatnaşyklary, döwletleri ýakynlaşdyrýar we soňy bilen bolsa, dost-doganlykly gatnaşyklara eltýändir. Halkara arenada, syýasy we ykdysady maksatlara ýetmek üçin, döwletleriň seni goldamagy möhümdir. Goldamagy üçin bolsa seniň döwletiňi tanamaklyklary hökmanydyr. Tanyşmagyň iň ýörgünli ýoly bolsa, söwda gatnaşyklarydyr. Mundan daşary, iki döwlet arasynda söwdanyň möçberiniň uly bolmagy, bu döwletleriň has hem bu gatnaşyklaryň gadryny bilmegine getirýändir.

13) **Tehnologiýanyň, ylmyň[121], lukmançylygyň[122], turizmiň[123] we maliýe bazarlaryň[124] merkezlerinden biri bolmak:** Agzalanlaryň her birisi döwletiň halkara abraýyny artdyrmaga ýardam berýändir. Ýöne, diňe ykdysady we syýasy taýdan örän durnukly döwletleriň muňa güýji ýetýändir.

14) **Döwlete we raýatlara degişli global kärhanalaryň köp bolmagy[125]:** Global derejesinde kärhana diýmek, uly pullar, ady belli önümler we içerki bazarlar diýmekdir, bularyň her birisi halkara syýasatynda uly güýçdir.

15) **Strategiki ähmiýetli haryda we çig mala eýe bolmak:** Ýerasty we tebigy baýlyk hasap edilýän önümleriň barysy strategiki ähmiýetlidir, we bulary "dogry" ulanyp bilen döwlete ummasyz

---

[120] Thad Dunning, "*Resource Dependence, Economic Performance and Political Stability*" (2005)

[121] **www.shanghairanking.com**

[122] Taýland we Hindistan, soňky ýyllarda, dünýäniň lukmançylyk we medisina merkezlerine öwrülendigini, bu döwletleriň, daşary ýurtly "saglyk" turistlerine lukmançylyk hyzmatlaryndan gazanýan milliardlarça ABŞ dollarlary şaýatlyk edýändir. Dünýäniň "saglyk" turizminde birinji we ikinji ýerleri Taýland we Hindistan eýeleýändir. **www. medicaltourismmag.com**

[123] 2015-nji ýylda, dünýäniň turizmden eden girdeji boýunça döwletleriň iň uly 10-nyň sanawy şulardan ybaratdyr (sanlar milliard ABŞ dollaryny aňladýar) : ABŞ-204, Hytaý Halk Respublikasy-114, Ispaniýa-56, Fransiýa-46, Beýik Britaniýa-45, Taýland-44, Italiýa-39, Germaniýa-36, Gon Kong (Hytaý Halk Respublikasyna degişli)-35, Makau (Hytaý Halk Respublikasyna degişli)-31, Awstraliýa-29, Türkiýe-26**. www2.unwto.org**

[124] Dünýäde bazar söwda göwrümi boýunça (market capitalization), iň uly gymmat bahaly kagyzlar birjalarynyň (maliýe bazary) 10-nyň sanawy (sanlar trillion ABŞ dollaryny aňladýar): New York Stock Exchange (ABŞ)-19, NASDAQ (ABŞ)-7, London Stock Exchange (Beýik Britaniýa)-6, Japan Exchange Group (Ýaponiýa)-5, Shanghai Stock Exchange (Hytaý Halk Respublikasy)- 4, Hong Kong Stock Exchange (Hytaý Halk Respublikasy)-3, Euronext (Ýewropa Bileleşigi)-3, Shenzhen Stock Exchange (Hytaý Halk Respublikasy)-2, TMX Group (Kanada)-2, Deutsche Borse (Germaniýa) -2. **www.world-exchanges.org**

[125] Dünýäniň iň iri 100 sany global kärhanalaryň, 52- ABŞ, 9-Beýik Britaniýa, 8-Hytaý Halk Respublikasyna, 7-Germaniýa, 4-Fransiýa, 3-Awstraliýa we Şweýsariýa, 2-Ýaponiýa, Gon kong, Ispaniýa, 1-Taýwan, Daniýa, Kanada, Belgiýa, Braziliýa, Günorta Koreýa we Gollandiýa döwletlerine degişlidir. **www.ft.com**

baýlyk we güýç berýändir. “Dogry” ulanyp bilmeýän döwlete bolsa köp betbagtçylyklar getirýändir[126].

16) **Geografiki taýdan “ähmiýetli” we “amatly” ýerde ýerleşmek**: Döwletiň dünýä kartasynda strategiki ähmiýetli nokatlarda ýerleşmegi, şol döwlete halkara arenasynda goşmaça agram berýändir.

Halkara syýasatynda, känbir agramy bolmaýan döwletler, esasan hem ösüp gelýän döwletler, “uly güýçleriň” barysy bilen dostluk we doganlykly gatnaşykda (deňhukukly gatnaşyklaryň bolmajaklygyny öň aýdyp geçipdik!) bolmagy örän möhümdir. Ýiti we döwletiň bähbidi bolmaýan halkara syýasy meselelere, ýumşak we sabyrly ädimler bilen jogap bermek, gelejekde uly kynçylyklaryň başdan sowulmagyna sebäp bolup biler. Eger mümkin bolsa, bütin döwletler bilen ýakyndan gatnaşykda bolmaly. Bu ýerde mümkin bolsa diýýänimiň sebäbi, käbir döwletler bilen ýakyndan gatnaşyklar, beýleki döwletler we “uly güýçler” tarapyndan ters düşünilmegine getirip biler[127]. Her gatnaşykdan girdeji gözlemeli däldir, emma her gatnaşykdan nähili girdeji alyp boljagyny gaty gowy bilmeli we gerekli wagtynda bähbidiňi goramalydyr.

Ösüp gelýän döwletler üçin, hökümetde syýasy partiýalaryň sany näçe az boldugyça, şonçada döwletiň ykdysady we syýasy geljegi üçin gowudyr! Sebäbi, ösüp gelýän döwletler, ösen döwletler ýaly, entäk syýasy we ykdysady durnuklylygy saklap biljek derejede tejribesi ýokdur. Bu ýagdaýdan peýdalanmak isleýän beýleki döwletler üçin, köp partiýaly döwlet has aňsat bolar diýip çak edýärin. Galybersede, dünýäniň iň ykdysady ösen döwleti we “Uly güýçleriň” biri, ABŞ-da, bary ýogy iki partiýanyň barlygyny unutmalyň. Ykdysady kuwwaty boýunça dünýäde ikinji orny eýeleýän Hytaý Halk Respublikasynyň bir partiýaly içerki syýasaty bardyr. Ýakyn gündogaryň esasy güýji, Türkiýe döwletiniň watançylyk urşundan soň ep-esli ýyllaryň dowamynda, bir partiýaly içerki syýasat sistemasyny ýöredendigini bilýäris.

[126] OPEC (Nebit Eksport edýän Döwletleriň Guramasy) agzasy döwletleriň sany 14 we dünýäniň ýarysynya golaý nebitini bu döwletleriň öndürýändigine garamazdan, ykdysady taýdan ösen döwletleriň hataryna bularyň diňe dördüsi girýändir (Saud Arabystan, Kuweýt, Birleşen Arab Emirlikleri we Katar). Galan döwletler, bu uly baýlykdan entäkleri hem dogry peýdalanmany, käbir içerki we daşarky syýasatlary sebäpli, başaranoklar. **www.opec.org**

[127] Meselem Demirgazyk Koreýa döwleti, halkara arenada gynansak hem pes derejede abraýa eýe bolup (abraýynyň pes bolmagynyň sebäpleri köpdür!), “uly güýç” döwletleriniň köpüsi bu döwlet bilen gatnaşyklaryny doly kesendir. Bir döwletiň, Demirgazyk Koreýa bilen içgin gatnaşyklar gurmaga başlamagy (ýagşy niýetli hem bolsa), halkara syýasatynda bu gatnaşyklar başga bir zady aňladýandyr. Ýuwaş-ýuwaş, Demirgazyk Koreýa döwleti bilen, gatnaşyklary guran döwletiň hem halkara arenada abraýyna zeper ýetmegi gaty ähtimaldyr.

Saýlawlaryň döwri sekiz ýyldan aşagy bolmasa, saýlanan döwlet işgärlerine uzak möhletleýin meýilnamalaryny amala aşyrmakda uly ýardam bolardy. Ýewropa döwletlerinde we ABŞ-da, ýokary döwlet işgärleri (president, premýer ministr) dört ýyllyk saýlanylýar, bu ösen döwletler üçin belki dogrydyr, ýöne ösüp gelýän döwletler, bu möhleti sekiz ýa-da on ýyla çykarsalar, içerki syýasy we ykdysady durnuklylyk üçin has peýdaly bolardy.

Içerki syýasatyň maksady, hökümeti we lideri goldamak, halky bolýan işlerden habarsyz tutmak, mallaşdyrmak bolmaly däldir. Sebäbi beýle syýasatyň soňy hökmany suratda, irde-giçde başgötermelere eltýändir. Syýasatyň maksady, maddy taýdan gurply, "içki dünýäsi" kuwwatly, azat we erkin ruhly halk ýetişdirmek bolmalydyr. Çaganyň geljekde nähili boljakdygy, onuň terbiýesine, ýagny ejesi we kakasyna bagly bolşy ýaly, halkyň hem geljegi hökümetiň syýasatyna baglydyr. Mähir-muhabbet görmedik, hor-zar, urulyp-sögülip ulalan çagadan garakçylaryň, nebsewürleriň, mugthorlaryň we talaňçylaryň döremegi geň zat däldir. Söýülen we sylanan, gerek ýerinde berk, käte bolsa ýumşaklyk bilen, kitaplar we öz pikiri bilen ýetişdirilen çagadan geljekde il bähbitli, gaýduwsyz, gerçekleriň döremegine ynansa bolar. Halk, ynha bu çaga mysaly, eger hökümeti tarapyndan horlanylsa, itilip kakylsa bu halk wagtyň geçmegi bilen hiç bir zada ynanmaýan, agzala, diňe öz bähbidini bilýän, namart we doňýürek bolar. Bu ýagdaýy bolsa, güýçli döwletler öz bähbidi üçin ulanarlar. Kynçylyklara we syýasy çaýkanmalara duçar edilen döwlet ýuwaş ýuwaş elinden bütin baýlygyny beýleki döwletlere aldyrar, ilatyň bolsa halkara abraýy düşüriler, açlyk we gedaýlyk höküm sürer. Taryh boýunça bütin ýykylyp ýok bolup giden döwletleriň asyl sebäbi, öz halkyna düşünmedik, öz halkyny itip kakyp hor gören kör hökümetdir. Bu ýykylyp ýok bolup giden hökümetleriň başyndaky, özleriniň baky höküm sürjegine ynanan kör zehin we gorkak hökümdarlary bolsa, baky bu eden etmişleri üçin taryhda mydama abraýsyz hökümdarlar hökmünde ýatlanyp galarlar. Sebäbi taryh, gurujy we dörediji hökümdarlary söýýändir, ýykyp halkyny weýrana ugradyjy hökümdarlary bolsa baky näletleýändir!

Halk, kynçylyklara we horluklara eger lideriniň söýgüsine ynanýan bolsa, aňsat döz gelýändir. Hakykatdan-da aladasynyň edilýänini duýýan halk, hökümetiň käbir ýalňyşlyklaryna göz ýumýandyr. Halkyň öz närazyçylyklaryny arz eder ýaly, we bu arzalara dessine adalatly serediler ýaly mümkinçilikler döredilmelidir. Hökümet bilen halkyň bagy üzülmeli däldir. Lideriň, raýatlar bilen baglanyşykly meselelere hut özüniň seretmegi, belli bir güni gönümel halk bilen gürrüňdeşlik üçin aýyrmagy, halkyň kalbynda liderine garşy çuňňur hormaty we söýgini baky söndürmejek hereketleriň iň ulusydyr.

“Eger hökümdar, döwletde bolup geçýän bidüzgünçiliklerden habary bar bolup, muňa garşy hiç zat etmeýän bolsa, bu onuň zalymlar bilen şärikdigini aňladar. Eger, hökümdar habarsyz bolsa, onda akmakdygyny aňladar.”
Nyzam al Mülk, “Syýasatnama”, 10-njy fasyl.

5-nji syr. Býurokratiýa we korrupsiýa

Hökümetiň iň uly baýlygy-halkyň ynamydyr, iň uly betbagtçylygy bolsa, bu ynamy ýitirmekligidir. Bu ynam, hökümetiň adalatly içerki we daşarky syýasatyny ýöretmegi netijesinde, halkyň ykdysady ýagdaýynyň durnukly ösmegi bilen, berkeýär we güýçlenýändir. Bu işiň syry bolsa, adalatly içerki we daşarky syýasatdyr! Ýagny, ykdysady ösüş, halkyň baý-garyp deňsizliginiň ösmegi bahasyna alnyp barylsa, hökümete bolan halkyň ynamy düşýändir. Oligopoliýanyň we monopoliýanyň artmagy, ykdysady ösüşe getirip bilýändir, ýöne bu ykdysady ösüşiň miwelerini diňe baýlar iýer[128]. Bu edil, tebigatdaky gigantizm keseline meňzeýändir, ýagny başda hemme zat gowy ýaly bolup görünýär, ýöne soňy bilen bu ösüş maýyplyga eltýändir. Ykdysady ösüşiň netijesinde, jemgyýetiň baý-garyp deňsizligi artýan bolsa, bu “sagdyn” ykdysady ösüş däldir, we beýle ösüşiň soňy “ykdysady we syýasy maýyplykdyr”! Döwleti bir janly mehanizme meňzetsek, bu mehanizmde gormanal mutasiýa (baý-garyp deňsizliginiň artmagy!) esasynda gigantizme (ykdysady we syýasy maýyplyga!) getirýän iki sany esasy kesel (epidemiýa!) bardyr, bular býurokratiýa we korrupsiýadyr. Býurokratiýa we korrupsiýa ýaly, halkyň hökümete bolan ynamyny ýok edýän, “ýalňyş” bilen “dogry”, “laýyk” bilen “nälaýyk”, “kanun esasynda” bilen “bikanun” arasyndaky çyzygyň ýitmesine getirip, jemgyýetiň deňhukukly gatnaşyklarynyň agsamagyna, içinden çüýräp agzybirligiň ýitmegine sebäp bolýan, weýran ediji güýji boýunça başga hiç hili “epidemiýa” ýokdur[129]. Döwletde adalatyň ýitmegine sebäp bolýan iň esasy zat, býurokratiýa we korrupsiýadyr!

Býurokratiýa-hökümet tarapyndan emeli ýol bilen döredilen, halk bilen hökümetiň arasyndaky: böwetleriň, duzaklaryň, çukurlaryň, gapanlaryň we kynçylyklaryň jemidir[130]. Býurokratiýa-emelidir we asyl

[128] Better Life Index (Gowy durmuş indeksi)-Ykdysady ylmynda bu indeks, döwletde halkyň umumy ýagdaýyny, ýagny: ýaşaýyş jaý, iş, lukmançylyk hyzmaty, deňlik, ylym we bilim bilen üpjünçiligini, hem-de hökümetiň halka açyklygyny ölçemek üçin ulanylýar. **www.oecd.org**

[129] Social Progress Index (Jemgyýetiň ösüş indeksi)- Ykdysadyýet ylmynda bu indeks, bir döwletiň jemgyýetdäki deňligi, agzybirligi, saglygy, ykdysady hal ýagdaýy, erkinligi we howpsuzlygy üpjün edişini ölçemek üçin ulanylýandyr. **www.socialprogressimperative.org**

[130] Ease of Doing Business Index (Telekeçilik işine başlamagyň indeksi)- Ykdysadyýet ylmynda bu indeks, döwletde telekeçilik işiniň başlamagynyň we ýöretmeginiň aňsatlygy derejesini ölçemek üçin ulanylýar. Bu indeks sanyň kiçiligi, bu döwletde telekeçilik işine başlamak üçin örän az resminama we wagt gerekdigini, salgyt ulgamyň ýerliklidigini, hususy eýeçiligiň güýçli goralýandygyny

maksady, hökümetdäki ýokary wezipeli adamlaryň öz bähbitlerini goramak üçin, halkyň her bir ädimini gözegçilik etmek we halkyň erkinligini çäklendirmekdir! Býurokratiýa-antilideriň we hökümetiň paranoýasydyr, ýagny halkdan elhenç derejede gorkusyndan dogýan psihiki keseldir. Şonuň üçin, döwletde hemme zadyň öz ediliş düzgünnamasy bardyr. Bu düzgünnamalar, şeýle bir köp, düýbünden gereksiz we çylşyrymly edilip düzülýändir welin, hatda hökümet işgärleriniň özleri hem öz düzgünnamalarynyň näme üçin gereklidigini doly düşündirip bilenokdyrlar we bulaşýandyrlar. Eger raýat bu düzgünnamalarda görkezilen resminamalary ýygnaýan ýagdaýynda hem, netijesi üçin serli-sebäpsiz belki aýlap we ýyllap garaşmalydyr. Onsoňam, düzgünnamalar üstüne düzgünnamalary çykaryp bir topar resminamalary talap etmek arkaly býurokratiýany ulaltmak, hökümet üçin iň aňsat we iň arzan mesele çözme usulydyr. Gidip gazanç etmegiň, ykdysadyýete goşant goşmagyň ýerine, birnäçe iş sagatlarynyň, käte bolsa günleriň, döwletiň edara gapylarynda ýitirmek, hem ykdysadyýete erbet täsir edýändir (ýitirilen iş sagatlary), hem raýatyň psihiki saglygyna zyýany bardyr (stress, göwniçökgünlik, depressiýa)[131]. Bu zyýanlardan özüni goramak üçin, halk, her hili ýollar gözläp ugraýandyr. Buda korrupsiýanyň döremegine getirýändir. Mehanizm ynha şeýle işleýändir: Raýatyň biri bir resminama üçin döwlet edarasyna ýüz tutýar. Edarada oňa şol resminamalary almak üçin gerekli beýleki sekiz resminamalaryň sanawyny berýärler. Bu resminamalaryň sanawyň içinde raýatyň aljak bolýan resminamasyna hiç hili dahyly bolmaýan resminamalar hem bardyr (meselem bir magazyn açmak üçin gerekli resminamalaryň arasynda, çagalarynyň saglygy barada maglumatnama gerekligi raýaty haýrana galdyrýar), muňa garamazdan raýat bu resminamalaryň almagynyň ugruna düşýär. Ertesi gün, raýat işinden bir günlük rugsat alyp, irdenjik birinji döwlet edarasyna barýar, we oňa şu wagt başlygyň ýokdugyny we haçan geljegini belli däldigini aýdýarlar. Raýat dessine, wagtyny ýitirmejek bolup, ikinji edara barýar we üç sagat nobata garaşanyndan soň, ahyr sanawda ikinji belgidäki resminamany alýar. Ertesi gün ýene işinden rugsat alyp birinji belgidäki resminamany almaga barýar welin, oňa ýenede başlygyň ýokdugyny habar berýärler we günortan geljekdigini habar berýärler. Muňa gynanan raýat dessine, ýenede wagt ýitirmejek bolup, sanawda üçünji belgili resminama üçin üçünji döwlet edarasyna barýar, bu ýerde oňa birinji belgili resminama alynmadyk ýagdaýynda üçünji belgili resminama berilmeýändigi

görezýär. Bu indeks sanyň ýokary bolmagy bolsa, telekeçilik işine başlamak üçin örän köp resminamalaryň gerekdigini, hökümetiň rugsadynya garaşmaly wagtyň aýlap çekýändigini, hususy eýeçiligiň goralmaýanlygyny görkezýändir. **www.worldbank.org**

[131] World Happiness Report (Dünýä Şatlyk Maglumaty)-Ykdysadyýet ylmynda bu indeks, döwletde, halkyň durmuşdan alýan lezzetini, halkyň şatlygyny görkezmek üçin ulanylýandyr. Bu san ýokary boldugyça, halkyň bu döwletde şatdygyny, durmuşdan lezzet alýandygyny, ýagdaýynyň gowudygyny, keselleriň azdygyny görkezýändir. Bu sanyň aşagy bolmagy bolsa, bu döwletde halkyň ejir çekýändigini, durmuşdan lezzet almaýandygyny, keselçiligiň we depressiýanyň köpdügini, hökümete ynamsyzlygyň ýokarydygyny görkezýändir. **www.un.org**

aýdýarlar. Günortan raýat, birinji belgili edara barýar we ahyryn başlygy ýerine gelen edaradan birinji belgili resminamany alýar. Üçünji gün, raýat ýenede işinden rugsat alýar we üçünji belgili edara barýar, birinji belgili resminamany görkezýär we üçünji belgili resminama üçin iki günden habar tutmaklygyny aýdylýar. Iki günden soň üçünji belgili resminama üçin habar tutan raýata, entäk resminamanyň taýýar däldigini aýdylýar. Ýene iki günden habar tutan raýata ýene taýýar däldigini habar berilýär. Ýene iki günden tapy bozulan raýata bu jogaby beren hökümet işgärine gahary gelen raýat, hökümet işgärine gödek gürleşip bularyň edýän hereketleriniň kanuna laýyk bolup bolmanyny soraýar, muňa hökümet işgärleri has hem gödek ýol bilen kanun esasynda bu resminamalaryň bir aýyň dowamynda seredilmäge möhleti barlygyny ýüzlerindäki it ýylgyrşy bilen jogap berýärler. Lapy keç bolan raýat bir hepdeden habar tutsada taýýar däl jogabyny alýar, iki hepdeden habar tutsada taýýar däl jogabyny alýar. Göni bir aýdan, işinden rugsat alyp üçünji resminama üçin üçünji edara barýar welin, bu ýerde, oňa resminama bu raýatyň palan-palan resminamalarynda kemçilik tapylany üçin gol çekilmekden ýüz dönderilendigini habar berilýär we kanun esasynda şol palan-palan resminamasyny düzedip täzeden üçünji edara gelmekligini "mähirli" wesýet berýärler. Muňa dünýäsi gowuja daralan raýat, gidip üçünji edaranyň hereketinden hukuk goraýjy edara arza şikaýat edýär. Şikaýat edilen günden üç gün geçeninden soň, raýaty hukuk goraýjy edaranyň sülçüsi öz ýanyna çagyryp, meseläni diňläninden soň, üçünji edaranyň hereketinde hiç hili kanun bozulmalary tapylmandygyny, olaryň düzgünnama boýunça hereket edendigini we käbir goşmaça resminama talap etme haklarynyň bardygyny raýata biparhlylyk bilen düşündireninden soň, raýata biderek ýere beýle goh galmagal turuzmaklygyň ýerliksizdigini düşündirýär we raýaty öz ýoluna salyp goýberýär. Ýekelenen we doly ezilen raýat, çykgynsyz ýagdaýda üçünji edaranyň başlygynyň ýanyna baryp, resminamalara täzeden seretmegi üçin boýnuny büküp ýalbarmaga başlaýar. Üçünji edaranyň başlygy ünslije, raýaty diňläninden soň, iki sagatlap, raýata, jemgyýetde nähili hereket etmeli, nähili gürleşmeli we nähili sabyrly bolmalydygy babatynda raýata, ussatlyk bilen kökejik bilen kofesini owurtlamagyň arasynda, gowuja sapak geçýär. Uly rehimdarlygyny sergilän üçünji edaraň başlygy, doly ýere serilen raýatyň resminamalaryna täzeden seretmek üçin alyp galýar, we raýata has hem rehimdarlyk edip, bu resminamalaryň galan bäşisini düzetmäge ýardam berip bilýändigini mysapyrlyk bilen raýata kakdyrýar. Hiç kim bolup galan raýat, muňa, bagt guşuny gören ýaly begenýär we bu beýik rehimdar adamyň beýle kömegiň ýerde galmajagyny aýdýar. Üç günden soň üçünji edaranyň başlygy bütin resminamalary raýata belli bir sowgat garşylygynda minnet bilen gowşurýar we ýuwaşlyk bilen, eger raýatyň başgada şeýdip kösenip ýören tanyşlary bar bolsa, hökmany suratda habar tutmagyny maslahat berýär.

Býurokratiýa, hökümet işgärlerine goşmaça "peýda" getirýär, ýagny korrupsiýany dogurýar, şonuň üçin, hökümet işgärleri býurokratiýany söýýärler, we täze täze düzgünnamalaryň, jerimeleriň, paçlaryň çykmagyna edil çaganyň köke görende begenişi ýaly begenmegine getirýär. Býurokratiýa artdygyça, hökümet işgärleriniň (hukuk goraýjy edaralaryň, kazyýetiň işgärleri hem muňa dahylly) peýdasy artýar, peýda artdygyça býurokratiýa güýçlenýär we bu mehanizm soňy bilen, öz guýrugyny özi dişläp duran ýylan ýaly, akla başa sygmajak ýapyk we öli mehanizme meňzemegine getirýär. Soňy bilen bolsa akmaklygyň hem gözüni çykarýan düzgünler we tertipnamalar hökümet tarapyndan çykarylyp, halkyň ruhyny gysmakdan başga hiç bir işe ýaramaýan bir bela öwrülmäge başlaýar. Jerimeler we jezalaryň hetden aşa ýokary galdyrmak bolsa, hökümetiň iň söýgüli işine öwrüler. Ynsanperwerlik ortadan düýbünden ýiter, kiçiräk jenaýatlar üçin kelleler kesiler, halkyň malyna –mülküne el goýmalar köpeler. Durnuklylyk ýitip, hökümetiň dälilikleri we günde bir tomaşasy köpeler. Hökümetiň her bir çykaran karary we kanuny, hökümet işgärleri tarapyndan ösüş we galkynyş, döwrebaplyk gurallary dälde, eýsem şahsy peýda gapysy ýaly seredilip başlanar. Hökümetiň garagulyndan başlap, iň ýokary derejeli işgärlerine çenli, korrupsiýanyň esasy oýunçylaryna öwrülerler, uzagyndan bolsa, bu korrupsiýa şeýle bir öser welin, her bir hökümet işiniň düzedilmeginiň, her bir býurokratyň, her bir resminamanyň, her bir zadyň öz "bahasy" bolar, we bu bahany her bir raýat biler. Ýagny, hökümetiň özi, öz içinde ýene bir hökümet ýaradar, halkyna, iki ýüzli ýaşamany öwreder[132]. Iki ýüzli ýaşamak bolsa adamyň tebigatyna deň gelmeýändir, adamyň psihikasyna agyr basyp başlar. Jemgyýetiň içinden çüýremegine, birek-birege ynamy we hormaty dessine azaldar. Döwletde, adalatsyzlyklar başlanar, baý-garyp deňsizliginiň güýçli artmagyna getirer, halkyň arasynda müňkürlik we biparhlyk güýçlener, agzybirlik öler, asudalyk bolsada, bu asudalyk gorkudan dogan asudalyk bolar. Adamlaryň gadry ýiter, puluň gadry artar. Iliň halamaýan: ýalançy, şermende, kezzap we iki ýüzli adamlaryň, hökümetde ýokary wezipeleri eýeläp, onsuzam ynamdan gaçyp barýan hökümetiň dargamagyny tizlendirer. Bütin halk, bir işi amala aşyrmanyň "dogry" ýolunyň bardygyny biler, ýöne hiç kim bu ýoldan gitmez, sebäbi bu ýol bilen işiň amala aşmagy mümkin däldigini her kim biler. Halk, hökümetiň her bir ädiminde, özüne garşy duzak we gapanlar gözlär, hökümetiň, halkyň haýryna iş edýändigine hiç kim ynanmaz, bu bolsa, güýçli, syýasy durnuksyzlyga elter. Býurokratiýa-

[132] Corruption Perception Index (Korrupsiýanyň kabul edilişi)-Ykdysadyýet ylmynda, bu indeks, halklaryň korrupsiýany nähili kabul edişini ölçemek üçin ulanylýar, ýagny, eger bu indeks ýokary bolsa, diýmek bu döwletde korrupsiýa garşy uly ýigrenç bar we döwlet işgärleri korrupsiýany kabul etmeýärler diýmekdir. Meselem 2015-nji ýylda bu indeks boýunça iň ýokary döwletler 1-Daniýa, 2-Finlýandiýa, 3-Şwesiýa, 4-Täze Zelandiýa we 5-Gollandiýadyr. Bu indeksiň kiçi bolmagy bolsa, bu döwletiň halkynyň korrupsiýa öwrenişen, korrupsiýany bolaýmaly zat hökmünde kabul edýär, bermäge we almaga çekinmeýär, korrupsiýa goldanýar we söýülýär diýmekdir. **www.transparency.org**

hökümetiň öz aýagyna urýan iň elhenç paltasydyr. Býurokratiýa-hökümetiň öz özüne gazýan mazarydyr. Býurokaratiýa- drama däldir, býurokratiýa-tragikomediýadyr, güldürip agladýandyr. Býurokratiýa-korrupsiýanyň enesidir we atasydyr, jigisidir we doganydyr, mamasydyr we babasydyr. Býurokratiýanyň bolan ýerinde korrupsiýada bardyr, korrupsiýanyň bolan ýerinde-de hökmany suratda býurokratiýa bardyr[133]. Býurokratiýa-jemgyýetçilik keselleriniň özenidir. Býurokratiýa ösüşe we galkynyşa garşydyr, döwrebap tehnologiýany ýigrenýändir, köneçildir, haýaldyr, sowukdyr, biparhdyr, duýgusyzdyr, akmakdyr, düşünjesizdir, gopbamsydyr, mugthordyr, tamakindir, gysgançdyr, ganhordyr we rehimsizdir. Býurokratiýanyň uly derejede bolan döwlet, psihiki kesele duçar bolan adam ýalydyr, göräýmäne dokuzy düzüw organizm, ýöne gynansakda, jemgyýetde ösüşe ýapyk. Býurokratiýa, ykdysady ösüşi gazyklaýandyr, döwleti ýerinde çüýredýändir, şonuň üçinem, býurokratiýany bütin döwletler diňe azaltmak bilen bolmaly, hatda düýbünden aýyrmanyň usullaryny gözlemeli we durmuşa geçirmeli. Şeýle usullaryň käbiri:

- Döwletde, işsizlik bilen güýçli göreşilmeli. Köp agyr jenaýatlar, şonuň bilen birlikde korrupsiýa we býurokratiýa hem, işsizligiň derejesiniň uly döwletlerinde has hem ösýändir.

- Bazar ykdysadyýeti güýçlendirilmeli, hususy eýeçiligi artdyrmaly, priwatizasiýany adalatly geçirlmeli, monopoliýa we oligopoliýa garşy göreşmeli, raýatyň malyna we mülküne degmeklik düýbünden gadagan edilmeli (eger jenaýat ýoly bilen gazanylandygyny görkezýän subutnamalar bolmadyk ýagdaýynda), kazyýetde ynsanperwerlik bolmaly, jeza jerimleriň mukdary we sany mümkin boldugyça azaldylmaly. Diňe jenaýatyň özi bilen dälde, eýsem ýüze çykýan sebäpler bilen göreşilmeli. Bir zady gaty berk bellemeli, garyplyk we deňsizlik bolan ýerinde, elmydama korrupsiýa we býurokratiýa hem gülleýändir. Korrupsiýanyň we býurokratiýanyň ösen döwletleri, elmydama garyp we bazar ykdysadyýetine ýapyk döwletlerdir, baý we bazar ykdysadyýeti güýçli döwletlerde býurokratiýa we korrupsiýa düýbünden ýok derejesinde azdyr.

[133] Economic Freedom of the World Index (Dünýäniň ykdysady erkinligi indeks)-Ykdysady ylmynda bu indeks, bir döwletde telekeçilik we ösüş üçin gerekli mümkinçilikleriň (meselem: kanuny namalar we hususy eýeçiligiň goralyşy) derejesini ölçemek üçin ulanylýar. Eger bu son ýokary bolsa, bu döwletde ykdysady ösüş üçin, telekeçilik üçin bütin mümkinçilikleriň bardygyny görkezýär. Bu sanyň aşaklygy bolsa, döwletde ösüş we galkynyş üçin, örän köp böwetleriň bardygyny, we telekeçilik etmegiň örän kyndygyny görezýär. **www.fraserinstitute.org**

- Hökümet işgärleri edip, jemgyýetiň iň okumyş we dürüst adamlaryny almaly

- Hökümet tarapyndan, düýbünden garaşsyz we gönümel prezidente (lidere) tabyn korrupsiýa garşy göreş birligi (komitetini) döredilmeli. Bu birligiň düzümine ahlak taýdan arassa, edermen, mert, zäher ýaly ýiti zehinli işgärler alynmaly. Bu birligiň işgärleriniň ykdysady we maliýe kynçylyklar bilen duçar bolmazlar ýaly hem-de geljekde parahorluga baş goşmaz ýaly, aýlyk haklarynyň örän ýokary bolmagyny üpjün edilmeli. Bu birligiň işini üstünlikli amala aşyrar ýaly, hökümet tarapyndan ykdysady we syýasy goltky güýçli bolmaly.

- Hökümet işgärlerine ýokary aýlyk bermeli

- Döwlet edaralaryny tehnologiki taýdan täze usul bilen işlär ýaly ýagdaý döretmeli. Meselem: Töleglerіň barysyny diňe internet arkaly geçirmeli, döwlet edarasynda nagt pul tölegi geçmeli däl! Diňe internet arkaly resminamalary doldurmak we ugratmak, internet arkaly sorag-jogap we arza şikaýat

- Şol bir resminamany gaýta gaýta talap edip durmaz ýaly, raýatlar barada döwletiň içinde baş maglumat merkezini döretmek we bu maglumat merkezinde bütin gerekli maglumaty saklamak.

- Bütin döwlet edaralarynyň maliýe hasabatlarynyň öz internet saýtynda halka açyk bolmagy. Kazyýetden başlap, bagçylyk edarasyna çenli, nirden näçe pul gazandy, we nirä nähili bu pullar sowuldy

- Ýokary wezipä çekilmäge teklip berilýän adamlaryň maliýe taýdan bütin maglumatlaryny, onuň garyndaşlaryna degişli maliýe maglumatlary halka aýan etmeli. Meselem bir edara ýolbaşçy saýlanmaga degişli şahsyň özüne we ýakyn garyndaşlaryna degişli bütin emläkleriň sanawy çykarylyp çap edilmeli

- Ýokary wezipe eýeleýän adamlaryň garyndaşlaryna degişli hususy kärhanalary bar bolsa, bu kärhanalaryň döwlet kärhanalary bilen işleşilmegini gadagan etmeli

- Ýokary wezipeli döwlet işgärleriniň ýakyn garyndaşlarynyň hökümet işlerinde ýokary wezipe eýelemegini gadagan etmek (başlyk, orunbasar, hat-da bölüm başlygy bolmagy gadagan etmeli)

- Ýokary wezipeli döwlet işgärleriniň hökmany suratda hepdede bir gününiň halkdan gelýän arza şikaýatlara seretmek üçin açyk bolmagy (bu hökmany suratda belli bir san bolmaly, meselem iň azyndan hepdede bäş sany arza şikaýata seredilmeli!), we arza şikaýatyň netijeleri barada wezipeli işgäriň hasabatynyň bolmagy (ýöne diňläp gapydan ugradyp goýbermeli däl, işlemeli we hasabat bermeli!)

- Halkyň arasynda ýokary hormata eýe bolan, öz işi bilen, ýaşaýşy bilen nusga görkezen, arza-şikaýat meselesinde iň köp işler görkezen, päk ahlakly döwlet işgärleriň ýörite nyşanlar we sylaglar bilen ýylda sylaglanmagy

- Düzgünnamalaryň, kararlaryň we beýleki býurokratiýanyň gurallarynyň sanynyň, mukdarynyň we möçberiniň iň aza getirilmegi

- Korrupsiýa garşy göreşiň dowamly we rehimsiz alnyp barylmagy, düzgünbozulmalaryň bolsa agyr jenaýata deňleşdirilmegi, malyň we mülküň korrupsioneriň elinden alynmagy

Bu ýerde gaty ähmiýetli bir zady bellemek gerek, korrupsiýa we býurokratiýa, adalatyň iň uly duşmanydyr. Şonuň üçin bu iki aýylganç duşman bilen göreşmek üçin gaty erdem we gaýratly lider hökmanydyr. Bu lideriň bolmadyk ýagdaýynda, korrupsiýa we býurokratiýa garşy göreşiň hiç bir ýere barmajaklygy babatynda taryhda müňlerçe mysallary bardyr. Korrupsiýanyň giňden ýaýramagy, halkyň bu harama öwrenişmegine getirer, bu bolsa iň aýylganç zatdyr. Halkyň korrupsiýa öwrenişdirilmegi, diňe hökümetiň günäsidir. Korrupsiýanyň we býurokratiýanyň iň uly duşmany bolsa aç-açanlykdyr. Ýagny, hökümet işgärleriniň we edaralarynyň nirden we nähili gazanýandygyny, býujetiň puluny nirä we nähili sowulýandygyny halka aç-açan etmeklik, hökümetiň we halkyň bu elhenç keselden sagalmagyny örän tizlendirer.

“Geçmişden gelýän däp boýunça, hökümdarlaryň iki hazynasy bolardy: asly-hazyna we harjy-hazyna. Hökümete gelýän peýdalar asly-hazyna goýulardy we has zerur bolmasa, bu hazyna el degirilmezdi. Hökümetiň çykdajylary üçin harjy-hazyna ulanylardy”
Nyzam al Mülk, “Syýasatnama”, 49-njy fasyl.

6-njy syr. Önümçilik

Bir adamyň gymmaty (gadry, bahasy), şol adamyň ömri boýunça eden işleriniň ähmiýetliligi bilen ölçenýändir. Halkara ähmiýetli iş eden şahsyň gadyr gymmaty, ýokary bolýandyr, we asyrlar, käte bolsa müňýyllyklaryň dowamynda bu şahyslar bütin dünýä halklarynyň aňynda, ýaşaýyşyny dowam etdirýändir. Gysgaça aýdanymyzda, bir adamyň gymmaty, onuň öndüren önüminiň gymmaty bilen deňdir. Gerodoty, Aristoteli, Sokraty, Pifagory, Ibn Sinany, Ibn Rüşdi, Omar Haýýamy, Nyzam al Mülki, Babury, Şekspiri, Piri Reisi, Jelalleddin Rumyny, Alp Arslany, Lew Tolstoýi, Çehowy, Dostoýewskini, Botwinnigi, Kasablankany, Brýus Lini, Maýk Taýsony, Muhammed Alini, Çaýkowskini, Musorgskini, Çerçili, Kurçatowy, Lomonosowy, Eýnşteýni, Kalashnikowy, Mikeleanjelony, Leonardo Da Winçini, Lao Szini, Konfusini, Rabindranat Tagory, Mithun Çakrabortini we beýleki beýik şahyslar, dünýä halklarynyň aňynda baky ýerleşendir, sebäbi bu şahyslaryň önümleri örän gymmatlydyr. Taryhçylar, bir medeniýeti öwrenenlerinde, esasy üns berýän zady, şol halkyň durmuşda ulanýan önümleridir. Bir döwletiň ykdysady, syýasy, ylmy we medeni taýdan ösüş derejesini, bu döwletiň öndürýän önümleri arkaly bilinýändir. Bu önümler dürli-dürli bolmak bilen birlikde, bir saç daragyndan başlap, hökümdaryň çykaran kararlaryna çenli, bularyň jemi, şol halk barada maglumatlaryň örän ähmiýetli çeşmesi bolup duryändyr. Dünýäde birnäçe halklaryň yzynda bu halklar barada maglumat berjek önümleriň galmanlygy ýa-da örän az galanlygy zerarly, bu halklaryň ykbaly barada taryhçylaryň çaklamalaryndan başga hiç zat ýokdur. Önüm-halkyň aýnasydyr. Önüm, öndürijileriniň we önümiň niýetlenişi boýunça ençeme toparlara bölünýändir. Ýene-de bir agzamaly zat, önümleriň bir-birleri bilen örän içgin baglanyşygydyr. Meselem: býurokratiýa içerki syýasatyň önümidir, emma bu önüm ýene-de bir içerki syýasatyň önümi bolan, korrupsiýanyň emele gelmegine, sebäp bolýandyr. Býurokratiýa bilen korrupsiýanyň bolmagy bolsa ykdysady deňsizlige, ýagny jemgyýetde baý-garyp deňsizligine täsirini ýetirýändir. Bu bolsa ykdysady syýasatyň önümidir we baý-garyp deňsizliginiň artmagy, jemgyýetiň beýleki önümlerine-de: ylym, medeni we hatda daşary syýasatyň önümlerine-de uly täsirini ýetirýändir.

Ylym we bilim ulgamynyň önümleri dessine öz täsirini ykdysady syýasatyň önümlerine ýetirýändir. Meselem açyşlar we oýlap tapyşlar. Ykdysady syýasatyň önümi bolsa içerki syýasata uly täsirini ýetirýändir. Ýagny, döwlet, bir biçimde uly zawoda meňzeýändir, we bu zawodyň aýry-aýry önümçilik bölümleri bardyr, bu bölümler **bir** önümiň aýry-aýry bölegini öndürmek üçin bardyr. Öndüriljek önümiň hili we bahasy bu bölümleriň hersiniň öz işini ýerine ýetirişine baglydyr, sebäbi aýry-aýry önümiň bölekleri soňunda birleşdirilip **bir** önüm hökmünde zawoddan çykarylýandyr. Bu zawoduň ýokary hilli önümleri öndürmegi üçin, bütin bölümleriniň ýokary derejede ösen we bir-birleri bilen örän ysnyşykda işlemekligi şertdir. Döwletiň öndürýän ýekeje önümininiň ady – ösüşdir, galkynyşdyr. Bu ösüş, bütin ösüşleri öz içine alýandyr: ykdysady, syýasy, ylmy, medeni, jemgyýetçilik we başgalaryny. Taryhda, belli bir önümiň, diňe bir döwletiň ösüş ykbalyna däl eýsem bütin dünýäniň ösüş we galkynyşyna uly täsirini ýetiren ýerleri az bolan däldir. Ýokarda bellenilişi ýaly, bir halkyň/medeniýetiň/döwletiň gymmaty (gadry, bahasy, abraýy), onuň öndürýän önümininiň gymmatyna gaty baglydyr. Şeýle önümleriň käbirleri:

- ***Içerki syýasatyň önümleri:*** Syýasatçylar, saýlawlar, hökümet işgärleri, agzybirlik, asudalyk, adalat, deňhukuklylyk, syýasy durnuklylyk, partiýalar, býurokratiýa, korrupsiýa, raýatara uruş, erkinlik, gozgalaň, reforma, oligarhiýa, demokratiýa, we syýasy jenaýatlar.

    - 1215-nji ýylda, Angliýanyň koroly Jon, öz baronlarynyň basgysy netijesinde "Magna Karta" resminama gol çekýär. Bu resminama, monarhyň syýasy güýjüne parlament tarapyndan çäklendirme getiren dünýäde ilkinji resminamadyr.
    - 1601-nji ýylda, Angliýanyň "Garyplar Kanuny", döwlet tarapyndan jemgyýetdäki garyp-gasarlara kömek puly bermek baradaky kanun bolup, dünýäde ilkinji hökümetiň jemgyýet çykdajylary (public expenditures) baradaky resminamadyr.
    - 1776-njy ýylda, Amerikanyň Kontinental Kongresi tarapyndan "Deklarasiýa" kabul edilýär. Bu resminama, raýatlaryň deňhukuklylygyny kabul edýän dünýäde birinji kanuny resminamadyr.
    - 1789-njy ýylda, Fransiýadaky rewolýusiýanyň netijesi, kada kanunlaryň, jemgyýetiň we bütin ýewropanyň halkynyň dünýä garaýşynyň düýpgöter üýtgemegine getirdi.
    - 1833-nji ýylda, dünýäde ilkinji bolup, Britan Imperiýasy tarapyndan, gulçulyk we gul söwdasy kanun esasynda gadagan edildi.

- 1838-nji ýylda dünýäde ilkinji işgärler birleşiginiň (labor union) döredilmegi.
- 1865-nji ýylda, Amerikanyň Birleşene Ştatlarynda dört ýyl süren raýatara urşyň netijesi demirgazyk güýçleriň ýeňşi we gulçulyk sistemanyň üýtgemegi boldy.
- 1893-nji ýylda, dünýäde ilkinji gezek aýal maşgala saýlawlara gatnaşmaga we ses bermäge Täze Zelandiýanyň hökümeti tarapyndan rugsat berildi.
- 1917-nji ýylda, Wladimir Ilýiç Lenin, Bolşewikleriň rewolýusiýasyny başlatmak arkaly, birinji kommunist döwletiň döredilmegine sebäp boldy.
- 1947-nji ýylda, Mahatma Gandiniň "gulak asmazlyk" syýasaty, Hindistanyň garaşsyzlygyna getirdi.
- 1949-njy ýylda, içerki syýasy we açyk göreşi netijesinde Mao Zedun, ahyry Hytaýde kommunist hökümetini döretdi.

Bu beýik içerki syýasatyň önümleriniň ähmiýeti, diňe bir döwlete täsir etmek bilen ýetinmän, bütin dünýäniň içerki syýasatlaryna täsirini ýetirendir.

- ***Daşarky syýasatyň önümleri:*** Döwletler, garaşsyzlyk, bitaraplyk, halkara arenasynda abraý, halkara guramalary, halkara meseleler, uruş, terrorism, halkara maliýe krizisi, duşmanlar, halkara basynç, halkara çäreler.

  - 1095-nji ýylda, Rim Papasy Urban II tarapyndan Haçlylar ýörişiniň başladylmagy.
  - 1206-njy ýylda, Çingiz Hanyň dünýäde iň uly we güýçli imperiýalaryň biri hasap ediljek imperiýanyň gurluşyna başlamagy.
  - 1399-nji ýylda, Teýmirleňňiň iň soňky basybalyjylyk ýörişi.
  - 1492-nji ýylda, Kolumbyň Täze Dünýäni açmagy we netijede, Ýewropa güýçleriniň Günorta Amerika aralaşmaga başlamagy.
  - 1517-nji ýylda, Martin Luteriň, Germaniýanyň Wittenberg şäherindäki Hristian Katolik ybadathanalaryň biriniň gapysyna "95 mesele" atly, eserini çüýläp gaýtmagy, Ýewropa döwletleriniň syýasatynyň, Rim Papasyna bagly bolmagyndan aýrylmagyna getirendir.
  - 1509-njy ýylda, Ýewropa imperiýalarynyň Afrika kontinentinden adamlaryň, Günorta Amerikadaky koloniýalara, gulçulyga, daşanyp başlamagy.
  - 1520-nji ýylda, Suleýman I, Osmanlylar Imperiýasynyň tagtyna geçmegi, Ýewropada täze güýjüň emele gelmegine getirendir.

- 1815-nji ýylda, Napoleon Bonapartyň Waterlo söweşinde ýeňlişe sezewar bolmagy.
- 1867-nji ýylda, Ýaponiýada Şogunatyň düşmegi, we Imperatoruň galmagy, ýurduň daşary ýurtlulara açylmagyna getirendir.
- 1869-nji ýylda, Suez Kanalynyň açylmagy, Aziýa bilen Ýewropanyň söwda ýolunyň 6000 mil gysgalmagyna getirendir.
- 1914-nji ýylda Birinji Jahan Urşunyň başlamagy.
- 1939-njy ýylda, Faşist Germaniýanyň Polşa çozmagy bilen, Ikinji Jahan Urşunyň başlamagy.
- 1945-nji ýylda, dünýäde ilkinji gezek atom bombalarynyň ulanylmagy.
- 1946-njy ýylda, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň ilkinji ýygnagy we "Sowuk Urşuň" başlamagy.
- 1989-njy ýylda, Gündogar Ýewropa döwletlerinde Kommunizmiň ýykylmagy.
- 1991-nji ýylda, Sowet Sosialistik Respublikalarynyň Birleşiginiň ýykylmagy.

- ***Ykdysady syýasatyň önümleri:*** Baý-garyp deňligi, önümçilik, telekeçiler, kärhanalar, söwda, işsizlik, bazar ykdysadyýeti, ykdysady krizis, ykdysady durnuklylyk, açlyk, baýlyk, ýeter-ýetmezçilik, birjalar, monopoliýa, oligopoliýa, uzak we gysga möhletli goýumlar we ykdysady jenaýatlar.

  - 1100-nji ýylda, Hytaýda ok därisiniň ulanyşa başlanmagy.
  - 1407-nji ýylda, häzirki Italiýanyň Genoa şäherinde birinji bankyň açylmagy.
  - 1450-nji ýylda, häzirki Ýemen döwletinde, kofeniň içgi hökmünde ulanylmaga başlanyşy.
  - 1455-nji ýylda, Germaniýada Guttenberg tarapyndan kitap çap etme usuly bilen Ýewropany tanyşdyrmagy.
  - 1535-nji ýylda, Fransuz syýahatçysy Jak Kartier tarapyndan çilimiň dünýä tanadylmagy.
  - 1537-nji ýylda, Ýewropalylaryň ýer almasy (potato) bilen tanyşmagy, Ýewropada adamyň sanynyň birden ösmegine sebäp bolandyr.
  - 1609-njy ýylda, Germaniýada birinji gazetiň çykarylyp başlanmagy, maglumat alyş-çalyşyny has hem giňelmegine getirendir.
  - 1610-nji ýylda, Ýewropalylar çaý bilen tanyşdy.
  - 1760-njy ýylda, Britan Imperiýasynda senagat rewolýusasynyň başlanmagy.

- 1776-njy ýylda, iňlis alymy Adam Smit, "*Wealth of Nations*" ykdysady kitabyny ýazýar.
- 1796-njy ýylda, adamyň durmuşynda birinji kömekçi maşynlaryň ulanylmaga başlanmagy.
- 1812-nji ýylda, fransuz oýlap tapyjysy Nikola Appert tarapyndan önümleriň uzak möhletleýin konserwirleme usulyny tapmagy.
- 1830-nji ýylda, Britan Imperiýasynda birinji bugda işleýän otly ýöräp başlandyr.
- 1834-nji ýylda, Çarlz Perkin tarapyndan sowadyjynyň oýlap tapylmagy.
- 1839-njy ýylda, Çarles Gudýer tarapyndan reziniň täzeden işleniş usulyny tapmagy, bu önümiň dünýäde giňden ulanylmagyna getirendir.
- 1844-nji ýylda, telegrafyň oýlanyp tapylyşy, maglumat alyş-çalyşyň has hem tizleşmegine getirendir.
- 1851-nji ýylda, birinji tikin maşynlaryň öndürilip başlanyşy.
- 1854-nji ýylda, iňlis alymy Genry Bessemer tarapyndan polatyň täze işleniş usulyny oýlap tapmagy, bu önümi ykdysadyýetde has hem giňden ulanylmagyna getirendir.
- 1859-njy ýylda, amerikan telekeçileriniň gazuw işleri dowamynda nebite duçar bolmagy.
- 1863-nji ýylda, Alfred Nobel tarapyndan dinamitiň oýlanyp tapylyşy, örän uzak möhletli gurluşyklary gysga wagtyň dowamynda ýerine ýetirilmegine getirendir.
- 1876-nji ýylda, Graham Bell tarapyndan telefonyň oýlanyp tapylyşy.
- 1876-nji ýylda, Tomas Edison tarapyndan elektrik lampanyň oýlanyp tapylyşy.
- 1886-njy ýylda, amerikan dermanhanaçy Jon Pemberton tarapyndan Coca-Cola içgisiniň döredilmegi.
- 1895-nji ýylda, fransuz doganlar Lumiere tarapyndan kinofilmiň döredilmegi.
- 1907-nji ýylda, belgiýaly oýlap tapyjy Leo Beakland tarapyndan plastmasyň (plastics) açylyşy.
- 1908-nji ýylda, amerikan telekeçi Genry Ford tarapyndan birinji maşynyň öndürilişi.
- 1913-nji ýylda, Genry Ford tarapyndan giň göwrümli önümçilik usulynyň birinji işledip başlanyşy.
- 1928-nji ýylda, ABŞ-da birinji telewizoryň işläp başlanyşy.
- 1936-njy ýylda, Jon Meýnard Kiýnes tarapyndan "*The General Theory of Employment, Interest and Money*" atly ykdysady kitabyny ýazmagy.

- ***Ylym we bilim syýasatynyň önümleri:*** Alymlar, talyplar, ylmy kitaplar, açyşlar, tehnologiýa, ylmy konferensiýalar, uniwersitetler, institutlar, labaratoriýalar we ylmy akademiýalar.

  - 1010-njy ýylda, takmynan bu ýyllarda Ibn Sina "*Canon of Medicine*" atly kitabyny ýazyp gutarýar. Bu kitap lukmançylyk okuw kitaby hökmünde Ýewropada alty ýüz ýyllap ulanylandyr.
  - 1088-nji ýylda, şu günki Italiýanyň Bologne şäherinde, birinji uniwersitet açylandyr. Bu uniwersitetde esasan hem Rim kanunlaryny öwredilmek üçin açylandyr.
  - 1117-nji ýylda, Hytaý deňiz güýçleri tarapyndan birinji kompassyň ulanylyp başlanmagy.
  - 1169-njy ýylda, Ibn Rüşd, Aristoteliň kitaplaryny terjime etmäge we Aristoteliň kitaplaryna düşündiriş ýazmaga başlamagy, bu beýik şahsyýetiň täzeden dünýä tanalmagyna getirendir. Ýewropaly alymlar Aristoteli, Ibn Rüşdüň terjimesi arkaly tanandyrlar.
  - 1240-njy ýylda, Jelaleddin Rumi, Sufizmiň düýbüni tutandyr.
  - 1271-nji ýylda, Marko Polo Aziýa ös syýahatyny başlaýar.
  - 1273-nji ýylda, Tomas Akuinas bütin Katolik Hristiýanlaryň ünsüni çeken "*Summa theological*" kitabyny ýazýar.
  - 1325-nji ýylda, bell syýahatçy Ibn Batuta, Marokkadan Mekkä Haj zyýaratyna çykmagy bilen, dünýäniň iň tanymal syýahatçysynyň 75000 mil başdangeçirmeleri başlandyr.
  - 1380-nji ýylda, Ibn Haldun, taryhy eserlerini ýazmaga başlandyr.
  - 1513-nji ýylda, italýan asylly akyldar Makiawelli, "*The Prince*", atly syýasy eserini ýazýar.
  - 1543-nji ýylda, Kopernik, älemiň merkezi bardygyny ýazgylarynda görkezýär.
  - 1543-nji ýylda, belgiýaly Andreas Wesalius tarapyndan, taryhda ilkinji adam bedenini doly we dogry görkezýän anatomiýa kitaby, "*On the Structure of the Human Body*" çap edildi.
  - 1609-njy ýylda, Galileo, älemi teleskop arkaly öwrenip başlaýar.
  - 1628-nji ýylda iňlis anatomisti William Harweý tarapynda bedende gan aýlanyşyň syry açyldy.
  - 1637-nji ýylda, Deskartes, "*Discourse de la methode*" kitabyny ýazýar.
  - 1664-nji ýylda, Isak Nýuwton, ýer çekimi baradaky teoriýasyny ýazýar.
  - 1674-nji ýylda, gollandiýaly Anton fon Lewenhuk, mikroskopyň döremegine getiren linzalary oýlap tapdy.
  - 1684-nji ýylda, Leibniz, "*Calculus*" atly kitabyny ýazýar.

- 1690-njy ýylda, Lok, "*Essay concerning human understanding*" pelsepi kitabyny ýazýar.
- 1762-nji ýylda, Russo, "*The social contract*", kitabyny ýazýar.
- 1842-nji ýylda, Loň tarapyndan lukmançylykda birinji sapar agyry kesijiniň ulanylyp başlanmagy.
- 1844-nji ýylda, Karl Marks bilen Fridrih Engles birinji sapar duşuşandyrlar. 39 ýyl süren bu dostlugyň netijesinde Kommunizm dörändir.
- 1859-njy ýylda, Çarlz Darwiniň "*On the Origins of Species*" kitabyny ýazýar.
- 1866-njy ýylda, awstriýaly ruhany Gregory Mendel tarapyndan janlylardaky genleriň üsti açyldy.
- 1882-nji ýylda, nemes alymy Robert Koh tarapyndan, mikroblaryň kesellere baglanyşygy orta atyldy.
- 1895-nji ýylda, nemes alymy Wilýam Rötngen, günümizde lukmançylykda giňden ulanylýan rentgenti açandyr.
- 1900-njy ýylda, Zigmund Freýd, "*The Interpretation of Dreams*" kitabyny çap etmek bilen, lukmançylyk we psihologiýa ulgamynda öçmejek yz galdyrandyr.
- 1903-nji ýylda, Raýt doganlary birinji 12 sekundlyk uçuşyny amala aşyrandyrlar.
- 1905-nji ýylda, Albert Eýnşteýn, ýazan ylmy işinde "relativity theory" (degişlilik teoriýasyny) baradaky pikilerini birinji sapar galama alandyr.
- 1911-nji ýylda, Ruzerford, atomyň gurluşyny orta atdy.
- 1927-nji ýylda, Lemaitre, älem giňişliginiň ýarylma netijesinde "Big Bang" emele gelendigi teoriýasyny ilkinji orta atýar.
- 1928-nji ýylda, şotland alymy Aleksandr Flemiň tarapynda penisillin açylýar.
- 1953-nji ýylda, alymlar Krik we Watson tarapyndan DNA-yň gurluşy açyldy.
- 1959-njy ýylda, Sowet Sosialistik Respublikalarynyň Birleşigi tarapyndan birinji sputnik äleme ugradyldy.
- 1989-njy ýylda, AIDS-yň üsti açyldy.

Önüme näçe ylym siňen bolsa, şonçada onuň gymmaty artýandyr! Ýokanç kesellere ýa-da beýleki ölüm howply kesellere garşy göreşmek üçin öndürilen dermanyň agramy birnäçe gramdyr, emma onuň bahasy bolsa birnäçe tonna pagtanyň bahasyndan gymmatdyr. Munyň sebäbi bolsa, ylymdyr. Ýagny, ölüm howply wirusa garşy derman öndürmek üçin ylym we alymlar gereklidir, emma pagta ýetişdirmek üçin ylyma we alymlara onçakly mätäç duýulýan däldir. Önümçiligi ösdürmegiň, önümçilikden peýdany giňeltmegiň iň dogry ýoly, ylmy we tehnologiki taýdan ýokary önümleri öndürmekdir! Tapawudy

ýok, bu önüm bir kökeden başlap, strategiki ýarag önümine çenli, haýsy önüme köp yhlas we ylym siňdirilen bolsa, şol önüm hem bazarlary eýelär. Her bir hökümet, ýokary hilli önümleri öndürer ýaly ýagdaýlar döretmäge ymtylmalydyr we bu ugurda telekeçiler bilen ysnyşykly işlemelidirler. Hökümet bilen telekeçileriň ysnyşykly işlemegi esasynda iň ýokary hilli önümler önýändir. Meselem, turizm, bütin dünýäde ykdysadyýetiň öräп peýdaly pudaklaryndan biri diýip hasap edilýändir. Turizmiň ösmegi we peýda getirmegi üçin birnäçe zatlaryň bolmagy hökmanydyr. Ýagny, kaşaň myhmanhanalaryň, gezelenç ýerleriniň, syýahatçylar üçin ýörite çykyşlaryň we haýran galdyryjy beýleki zatlar bilen deň hatarda, bu döwletde jenaýatyň az bolmagy, erkinligiň höküm sürmegi we migrasiýa syýasatynyň has ýeňillikli bolmagy hökmanydyr! Eger birinji agzalanlary telekeçileriň özleri gurnamaga taýyn bolsa, ikinji agzalanlary diňe hökümetiň goldamagy bilen amala aşyryp bolýandyr. Ýene bir mysal, soňky döwürlerde kino sungatynyň ösmegi, bu pudagyň öräп ýokary hilli önümler arkaly (kinolar), öräп ýokary peýdalaryň gazanylmagyna sebäp bolandyr. Bu ugurda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Golliwudyny, Hindistanyň Bollywudyny we Nigeriýanyň Nollywudyny agzap geçmezlik mümkin däldir. Agzalan bu kino sungatynyň merkezleriniň, özüniň aklyňy haýran ediji kino önümlerini dünýä bazarlarynda ýerlemekleri netijesinde her ýylda gazanýan peýdalary milliardlarça Amerikan dollarlaryna deňdir. Islendik ýokary hilli sungat önümini öndürmek üçin, sungat ussatlarynyň we tehnologiýanyň deň hatarynda, şol döwletde erkinligiň we adam hukuklarynyň hökümet tarapynda hormatlanmagy şertdir.

Her bir önümiň hili boýunça birnäçe görnüşi bardyr. Ýokary hilli önüm, we hili pes önüm. Ýokary hilli önümleri öndürmek üçin şertleri agyrdyr, ýöne bu şertler ýerine ýetirilende gazanyljak peýda hem uludyr. Bu şertleriň iň ulusy we ähmiýetlisi bolsa, hökümet tarapyndan goldanmakdyr. Diňe we diňe hökümetiň goldamagy esasynda ýokary hilli **önümleri** (öý-hojalyk önümleri we sungat önümlerinden başlap, strategiki ýaraga çenli bütin önümler muňa girýändir!) öndürmek mümkin bolýandyr.

Ýokary hilli önümçiligiň artdyrmagyň käbir şertleri:

- Döwlet tarapyndan **proteksionist**[134] syýasatynyň alnyp barylmagy. Daşary ýurtdan import edilýän önümlere tariflerіň ýokarlandyrmagy arkaly, içerki önümçiligiň goralmagy.
- Oba hojalyk (azyk senagaty) önümçiliginiň, strategiki ähmiýete eýeligi zerarly, ýeňillikli bank karzlary we beýleki maliýe ýardamlary arkaly elmydama goldanmagy.

[134] Jagdish N. Bhagwati, “Protectionism”, 1988

- Agyr senagaty we beýleki strategiki önümlerini öndürmegi döwlet derejesinde ähmiýete eýe bolup, maliýe ýardamlar arkaly elmydama goldanmagy.
- Gurply telekeçileriň birleşmeleri döredilmegi we hökümetiň bu birleşmeler bilen ysnyşykly we adalatly işleşmegi we goldanmagy.
- Lideriň we hökümet işgärleriniň, diňe we diňe ýerli önümlerini almaklyklary, ýerli öndürijileri mahabatlandyrmak we goldamak derejesinde örän ähmiýetli we hökmany ädimdir. Meselem, eger ýerli pomidor goýultmajy bar bolsa, lider we hökümet işgärleri bu ýerli goýultmajyny almalydyrlar. Eger ýerli tekstil önümi bar bolsa, iň ýokary derejeli hökümet agzalaryna çenli bu ýerli tekstil önüminden peýdalanmalydyrlar. Ýerli önümler, hil taýdan import edilýän önümlere garanyňda pesiräk hem bolýan bolsalar, hökümet tarapyndan bu önümleri almak bilen, ýerli öndürijileri goldamalary, önümçiligiň ösmeginiň iň uly syrydyr.
- Tehnologiýanyň we ylmy merkezleriň ösdürilmegi.
- Söwdanyň goldanmagy we söwdanyň aňsatlaşdyrylmasy.
- Býurokratiýanyň we korrupsiýanyň ýok edilmegi.
- Esasan hem medeniýet we sungat önümleriniň (aýdymlar, kinolar, kitaplar, teatr we şekillendiriş) önümçiliginiň hilini ýokarlanmagy üçin, bu ugurlarda erkinligiň we adam hukuklarynyň goralmagynyň döwlet tarapyndan goldanmagy.
- Sportuň önümi bolan türgenleriň, has ýokary derejede bolmaklyklary üçin, professional sportuň döredilmegi we goldanmagy.
- Döwlet tarapyndan, ýokary hilli we örän ähmiýetli önümler öndürmek üçin (derman senagaty, ýarag senagaty, informatika we kopýuter, ýokary tehnologiki önümler we ş.m.) inwestisiýalar we ýatyrymlar edilmeli.
- Döwlete degişli kärhanalaryň sanyny azaldyp, hususy eýeçiligiň güýçlendirilmegi hökmanydyr! Diňe strategiki taýdan ähmiýetli önümleriň döwlet tarapyndan öndürilmegine üns berilmelidir, (tebig gaz, nebit, elektroenergiýa, azyk önümleriniň käbirlerini (un, et we ýag) we ýarag önümleri) galan önümçiligi bolsa telekeçilere galdyrylmalydyr.
- Bazar ykdysadyýeti goldanmalydyr.
- Hususy eýeçilik we hak-hukuk kadalary güýçlendirilmeli we has hem ynsanperwer maksatly edilmelidir.
- Önümçilik artdyrylýarka, döwletiň esasy üns bermeli zady hem, önümçiligiň dowamynda tebigata ýetirilýän zyýanyň minimumda tutmakdyr. Uly peýdalar gazanmak maksady bilen telekeçileriň tebigaty hapalamaklaryna garşy döwlet elmydama hüşgär bolmalydyr.

- Salgyt we beýleki maliýe ulgamlarynyň kämilleşdirilmegi, önümçilige örän oňaýly täsir edýändir.

“Bir Lideriň, öz halkynyň öňünde iki uly işi bardyr:
Şolaryň birinjisi, adalatly hökümet gurmakdyr,
ikinjisi bolsa, söwdany ösdürmekdir”

7-nji syr. Söwda we telekeçiler

Baýlygyň iň uly çeşmesi söwdadyr! Taryhyň dowamynda adamzat, bakteriýalaryň söwdasyndan başlap, adam söwdasyna çenli aklyňa gelmejek zatlaryň söwdasyna baş goşandyr we geljekde nämeleriň söwdasy boljakdygyny hiç kimiň çak edip biljegine-de ynanamok. Dünýä geljege barýar, döwür üýtgeýär, adamlar üýtgeýär, täze-täze pikirler döreýär, munuň bilen birlikde bolsa täze-täze harytlar peýda bolýar. Bu täzeliklerden gaçyp gutulma ýokdur, diňe we diňe täzelikleri kabul etmek we dessine bu täzelikleriň getirýän peýdasyny dogry ulanmak ugrunda göreşmek bardyr.

Söwdanyň maksady peýdadyr, usuly bolsa ýönekeýdir: Arzan alyp (ýa-da öndürip) gymmada satmak! Söwdanyň eger peýdasyny sanasaň, megerem muňa günler aýlar hem ýetmezmikän diýýän. Söwda barada müňlerçe ylmy işler bar, söwdany birnäçe görnüşe aýyrýarlar, garaz söwdanyň ykdysady galkynyşa we umumy adamzada ähmiýetini, alymlardan başlap daýhanlara çenli, kabul etmeýän, bilmeýän we görmeýän ýok diýsek ýalňyş bolmaz. Söwda we onuň ykdysady ösüşe we galkynyşa bolan ähmiýetini eger okyjy maňa gysgaça aýtmaga rugsat berse, men ynha şeýle diýerdim: “ Bir lideriň iň esasy **birinji** işi, halkyny ykdysady galkynyşa alyp gitjek adalatly hökümet gurmakdyr. **Ikinji** ähmiýetli işi bolsa, döwletde söwdanyň ýoluny açmak, söwdanyň ösmegi we güllemegi üçin gerekli kanuny we syýasy ýagdaýlary döretmekdir”. Söwda, ykdysady galkynyşa we ösüşe beýle ähmiýeli bolsa, näme üçin bu syr ýedinji ýerde durýar, näme üçin ikinji ýa-da üçünji ýerde däl? Eziz okyjym, ýedinji syrdan öňdäki bütin syrlar, bir döwletde ykdysady ösüşiň we galkynyşyň bolmagy üçin gerekli bolan düýpli, fundamental abzallaryň jemidir. Mysal üçin, diýeli syrkaw, saglyk ýagdaýy agyr bolan ýaş ýetginjekden, halkara derejeli boks ussadyny ýetişdirmek üçin näme gerek? Birinjilik bilen, bu ýetginjegiň agyr boks türgenleşigine çydar ýaly, saglyk ýagdaýynyň dikeldilmegi hökmanydyr. Eger saglyk ýagdaýy dikeldilmese, hiç bir türgenleşik, hiç bir tehnologiýa bu ýetginjekden boks ussadyny döretmäge ýardam bermegi mümkin däldir. Ikinjilik bilen, ýagny saglyk ýagdaýy dikeldilensoň, bu ýetginjege agyr boks türgenleşigine çydar ýaly dogry iýmit we düzgün tertip-nyzam hökmanydyr. Yalňyş iýmitlenýän we erbet gylyk häsiýetleri bolan (çilim çekmek, tertipsiz, alkogol içgilerine höwes bildirýän we ş.m.) ýetginjek, saglyk ýagdaýy nähili gowy bolanda-da, geljekde halkara derejeli boks ussady bolup ýetişmegi mümkin däldir.

Birinji we ikinji şertler ýerine ýetirilenden soň, bu ýetginjegi türgenleşdirjek we halkara derejelei boks ussady etjek tälimçi we türgenleşik mekany bolmalydyr. Ussat tälimçi we türgenleşik mekany bolmasa, ýetginjegiň özi nähili zehinli we akylly bolsada, boks ussady bolup ýetişmegi mümkin däldir. Ynha, bu şertler ýerine ýetirilenden soň, geljekde bu ýetginjekden halkara derejeli boks ussady bolup ýetişmegine garaşsa bolar. Dykgat ediň, "halkara derejeli boks ussady bolup ýetişer" diýemok, "ýetişmegine garaşsa bolar" diýilýändir. Ýagny, ýerine ýetirilen şertler, ýetginjegiň gelejekde boks ussady bolmaklygyň mümkinçiliginiň ýokarlanmagyna getirýändir, hökmany suratda boks ussady bolar diýmek däldir! Ynha, eziz okyjym, edil ýokarda görkezilen mysal ýaly, ykdysady galkynyşyň we ösüşiň ýedinji syryndan ýokardaky syrlary, bu boks ussadynyň birinji we ikinji şertlerine meňzär, ýagny saglyk dikeldilip erbet gylyk häsiýetlerden arassalanmak ýalydyr. Lider saýlanmaly, adalatly hökümet gurulmaly, pul syýasaty durnuklaşdyrylmaly, içerki we daşarky duşmanlar we dostlar bilinmeli we gerekli gatnaşyk syýasaty saýlanmaly, býurokratiýa we korrupsiýa garşy göreşi dowamly alnyp barylmaly we nähili önümler öndürilen ýagdaýynda iň uly peýdany gazanyljakdygyna bilinip, bularyň barysy ýerine doly ýetirilenden soň, söwdanyň hakykatdan hem ykdysady ösüşe we galkynyşa peýdasyny duýsa bolar (mümkin!). Eger, ýokarda agzalan alty syr ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda, söwdadan geljek peýdanyň halka örän az mukdarda ýarary bolar, sebäbi söwdadan geljek peýdanyň has uly mukdarda peýdasyny diňe adalatsyz hökümetiň saýlap seçen adamlary (oligarhiýa) iýerler.

Söwdanyň getirýän ykdysady, syýasy we ylmy peýdalaryndan käbirleri:

- Harytlaryň we hyzmatlaryň sanynyň artmagy
- Harytlaryň we hyzmatlaryň hiliniň ýokarlanmagy we bahasynyň düşmegi
- Önümçilikde täze usullaryň (know-how) öwrenilmegi
- Harytlaryň we hyzmatlaryň hiliniň ýokarlanyp bahasynyň düşmegi netijesinde, halkyň umumy ykdysady ýagdaýynyň ýokarlanmagy
- Ýerli we daşary ýurtly telekeçileriň we hususy kärhanalaryň köpelmegi netijesinde işsizliginiň azalmagy
- Ýerli we daşary ýurtly telekeçileriň we hususy kärhanalaryň artmagy netijesinde, salgyt töleýjileriň köpelmegi we salgyt töleglerіň mukdarynyň artmagy
- Daşary ýurt göni ýatyrymlarynyň (FDI: foreign direct investment) artmagy netijesinde, ykdysady ösüşiň güýçlenmegi
- Tehnologiki alyş-çalyşyň tizlenmegi

- ❖ Ylmyň ösmegi
- ❖ Jemgyýetiň aňynyň, dünýä garaýşynyň giňelmegi
- ❖ Maliýe ulgamynyň gurplaşmagy we döwrebaplaşmagy
- ❖ Salgyt ulgamynyň kämilleşmegi
- ❖ Telekeçiligiň ösmegi netijesinde, ýerasty baýlyklaryna garaşlylygyň azalmagy
- ❖ Döwletiň halkara abraýynyň artmagy
- ❖ Täze täze ulgmalaryň we işleriň döremegi
- ❖ Halkara gatnaşyklarynyň täsiriniň artmagy
- ❖ Adam hukuklarynyň hormatynyň we goragynyň artmagy
- ❖ Sungatyň we döredijiligiň ösmegi
- ❖ Sportuň ösmegi
- ❖ Turizmiň giňden ýaýramagy
- ❖ Kanunlaryň ynsanperwerleşmesi
- ❖ Jemgyýetde ýardam berme gorlarynyň we fondlarynyň artmagy

Söwdanyň durnukly ösmegi we güllemegi üçin gerekli bolan ädimler:

1. Lideriň bolmagy
2. Adalatly hökümetiň gurulmagy
3. Pul syýasatynyň durnukly bolmagy
4. Halkara gatnaşyklarynyň durnukly we dostlukly bolmagy
5. Býurokratiýanyň we korrupsiýanyň ýok diýerli derejede pese gaçyrylmagy
6. Önümçilik maksatlaýyn meýilnamalaryň bolmagy
7. Açyk bazar ykdysadyýetiniň höküm sürmegi
8. Adam hukuklarynyň we emläk hukugynyň öräп ýokary derejede goralmagy
9. Kazyýet we hukuk goraýjy edaralarynyň ýokary derejede adaltly we açyk işlemegi
10. Turizme gujak açylmagy
11. Migrasiýa we Gümrük edaralarynyň ösen we açyk bolmagy
12. Kanunlaryň ynsanperwer bolmagy
13. Syýasy we ykdysady durnuklylygyň bolmagy
14. Maliýe ulgamynyň döwrebap bolmagy
15. Salgyt ulgamynyň ýeňillikli bolmagy
16. Telekeçiligiň we telekeçileriň ýokary derejede goldanmagy
17. Monopoliýa garşy kanunlaryň bolmagy
18. Hökümetiň tehnologiki täzeliklere açyk bolmagy we mümkin boldugyça wagtynda işe goýulmagy
19. Ýerli telekeçileriň önümlerine yhlas bildirilmeli

Söwda-töwekgelçilikdir! Bu töwekgelçiligi göze alyp, töwekgelçilikden çekinmän, gorkman söwda baş goşup bilýän raýatlar, her bir döwlet üçin, edil ýerasty we ýerüsti baýlyklarynyň bolşy ýaly, bu raýatlar hem baýlyklaryň biridir! Telekeçiler baýlykdyr, döwlet üçin telekeçiler "ýumşak güýçdür", ýagny döwletiň maliýe güýjüniniň egsik gelýän ýerinde, telekeçileriň ýardamy örän möhümlidir. Ýöne, beýle diýmek, hökümet bilen telekeçileriň has içgin gatnaşmagy gowudyr diýmek däldir, sebäbi, nähili hem bolsa, hökümet işgäri halkyň hyzmatynda bolmalydyr we telekeçileriň öňünde-soňunda peýdanyň hyzmatyndadygyny unutmaly däldir.

Ykdysadyýetiň energetik gory, telekeçilerdir. Zawod fabrikleri guryanam, uly karzlary alýanam, işsizligi azaldýanam, täze önümleri öndürýänem telekeçilerdir. Hemme zadyny, malyny mülküni orta goýup, töwekgelçilige baş urup söwda başlamak aňsat däldir. Her kim alym bolup bilýän däldir, sebäbi alym boljak bolsaň ylyma söýgiň bolmaly, bu dünýä malyndan gönüň dok bolmaly, sabyrly bolmaly we birnäçe beýleki häsiýetlere eýe bolmalydyr, muny her kim başarmaýar. Sport ussady bolmany hem her kim başarmaýar, her kim sagdyn we güýçli dogulmaýar, sagdyn we güýçli bolandada her kimde göreşiji gaýduwsyz ruh bolmaýar, sporta çyny bilen aşyklar az-azdyr. Edil şonuň ýaly hem, telekeçilik, her kimiň başaryberjek işi däldir. Telekeçilik üçin argynsyz zähmet, tygşytlylyk, tertip düzgün, pula we mala bolan söýgi, täzelikler garşy elmydama açyklyk, töwekgelçilige garşy söýgi, elmydama gymyldy hereketde bolmak wajypdyr we bu häsiýetler gynansakda her kimde ýokdur. Telekeçilige baş urýan az däldir, ýöne sözüň hakyky manysynda bu ugurda uly üstünlükler gazanýanlar az-azdyr.

Ösen döwletleriň taryhyny okap görseňiz, bir zada duş gelersiňiz, bu zat, telekeçilik we täjirçilik "sungatynyň" örän ösen bolmagydyr. Birinji kompyuteri öndürýänem, nebitden energiýa almany ýola goýanam, äpet gämileri gurup we öz janlaryny orta goýup beýleki kontinentlere okeanlaryň üsti bilen gidýänlerem, giň gerimli magdan gazuwy üçin şahtalary guryanlaram, garaz telekeçileriň bu dünýä medeniýetiniň globallaşmagyna eden hyzmaty deňi taýsyzdyr. Rus imperiýasynyň ykdysady ösüşine we galkynmagyna Pýotr I nähili gatanjy bolan bolsa, bu ugurda argynsyz-irginsiz, diýseň zehinli demir ussaçylyk we magdançylyk işi bilen özüni görkezen, birnäçe zawodlary we şahtalary gurmak bilen birlikde döwletini daşary ýurtly ýarag öndürijilerinden garaşsyz eden Demidowlaryň maşgalasynyň gatanjy az bolmasa gerek. Tekstil önümçisi Morozowlar, emläkçiler Stroganowlar, ylyma we açyşlara bolan söýgüsi bilen tanalan altyn magdançysy Kuznesowlar, şeker öndürijiler Brodskiler we Tereşenkolar, fabrikantlar Malsowlar, sungata bolan söýgüsi bilen

dünýä tanalan Tretýakowlar, zawodçylar Rastorguýewler we ýüzlerçe beýleki iri telekeçileriň döwletiniň we halkynyň hal ýagdaýyna bolan iňňän uly gatanjyny taryh hiç wagt unutmasa gerek. Bu telekeçileriň irginsiz zähmeti netijesinde Rus imperiýasy öz döwründe iňňän uly ädimler bilen yza-galak döwletden, Ýewropanyň iň gurply merkezlerine öwrülendirler. Megerem okyja Rotşild, Rokfeller, Kolumb, Ford, Mitsubişi, Bill Gates, Stewe Jobs, Toyota, Sumitomo, DeBeers, Ralph Loren, Zukerberg, Guççi, Walton, Mars, Koç, Sabanci, Koch, Johnson, Ferrero, Ambani, DuPont, Elon Musk we Carnegie atlar tanyş bolmaly, hatda belkide gündelik ulanýan zatlarynyň ýa-da hyzmatlarynyň birden biri bu ýokarda agzalan ady belli telekeçileriň önümi bolmagam gaty ähtimal bolsa gerek. Ýokarda ady geçen her bir telekeçiniň çeken agyr zähmeti, kelleagyrylary we gören kynçylyklary, hiç bir hökümdaryňkydan, imperatoryňkydan we prezidentleriňkiden artyk bolmasa, kem däldigi köre hasadyr. Bu telekeçileriň ýürekliligi we töwekgelçilige döz gelişi bolsa, her bir harby generala nusga bolmaga degýär diýsek ýalňyşmazmykam diýýän.

Telekeçiler, döwletiň esasy baýlyklarynyň biridir. Ykdysady galkynmagyň we ösmegiň syrlarynyň biri hem, telekeçiler bilen hökümetiň "dogry" we "ysnyşykly" gatnaşyklarydyr. Bu gatnaşyklar "örän ysnyşykly" bolmagy, soňy bilen oligarhiýa eltýändir, ýagny döwletde birnäçe örän baý adamlaryň eden etdiligi bolar. Muňa mysal edip baý-garyp aratapawudynyň uly bolan islän döwletiňizi alsaňyz ýalňyşmarsyňyz. **Baý-garyp aratapawudy uly bolan döwletleriň hemmesinde, hökümet bilen telekeçileriň "örän ysnyşykly" (garyndaşlyk derejesinde!) gatnaşyklarynyň bardygyny aňsatlyk bilen görse bolar.** Tersine, "Hiç hili gatnaşyklaryň bolmagy" bolsa, döwletiň ykdysady galkynmagyna zeper ýetirer. Muňa mysal edip Soýet Soýuzyny getireliň. Ýetmiş ýylyň dowamynda bu ägirt uly ykdysady we syýasy güýje eýe döwletde telekeçilik ýazgaryldy (spekulýant, kapitalist diýilen lakamlar dakyldy!) we telekeçiligiň ösmegine garşy göreşildi. Soňy bilen bu ýagdaý ykdysady çöküşe eltdi, bu çöküşiň asyl sebäpleriniň biri hem, "**Sowet hökümetiň, ykdysady galkynyşyň we ösüşiň, telekeçilersiz we telekeçiliksiz amala aşyryp bolýanlygy baradaky ýalňyş düşünjesidir".** Bu Sowet hökümetiniň göýberen düýpli ýalňyşlygyny wagtynda gören Hytaý Halk Respublikasynyň lideri Deng Xiaoping, 1980-nji ýyllarda gyssagly ykdysady reformlara başlamagy netijesinde, bu günki Hytaý Halk Respublikasynyň syýasy birligi saklanyp galandyr.

Lideriň, liderlik ukybynyň görkezijileriniň biri hem, hökümet bilen telekeçileriň gatnaşyklaryny, hökümetiň ýa-da telekeçileriň şahsy bähbitleri esasynda dälde, eýsem, halkyň umumy bähbidini goramak esasynda, uzak möhletleýin we ygtybarly gatnaşyklary gurup bilmegidir.

“Bir döwletiň ykdysady ösüşiniň we galkynyşyň depgini, bu döwletde ylymyň ösüşine we alymlaryň sanyna gönümel baglydyr!”

8-nji syr. Ylym we Alymlar

Her haýyrly işiň başy ylymdyr, akyldyr! Dogryny ýalňyşdan, peýdany zyýandan, beýigi pesden, ösüşi weýrançylykdan, halaly haramdan, günälini günäsizden, adalaty zulumdan aýyrýan zat, akylly, ýagny ylymly başdyr. Bir döwletde näçe ylymly, bilimli, okumyş we bilermen adamlaryň köp bolmagy, bu döwletiň ykdysady galkynyşyna we ösüşine şonçada uly ähmiýeti bardyr. Ylym bereketdir! Alymlar bolsa döwletiň genji hazynasydyr! Eýsem ylymy we bilimi nähili ösdürmeli we ylymyň we bilimiň ykdysadyýetiň ösmegine we galkynmagyna nähili täsiri bar? Ynha şu soraglara jogapda hem uly syr ýatandyr. Bu syry şu ýerde beýan edeli:

Ylymy we bilimi nähili ösdürmeli? Biler bolsaňyz, altyndan we kümüşden okuwlar we uniwersitetler gursaňyzam, içinede okatmak üçin iň tanymal daşary ýurtly alymlardyr professorlar bilen dolduranyňyz bilen ylym ösenok! **Ylym, diňe we diňe, ylyma talap bolanda ösýändir!** Ylyma talaby bolsa, hökümetiň alyp barýan syýasaty uly täsirini ýetirýändir. Eger hökümet açyk gapylar syýasatyny, deň-hukuklylyk we agzybirlik, ykdysady ösüş we tehnologiki özgerişlikler syýasatyny alyp barýan bolsa, bazar ykdysadyýetini öňe sürüp adalatly we açyk hökümet gurmagyň ugrunda bolsa, onda bu hökümete ýiti we ötgür, basan ýerinden ot çykarýan, häzirki döwrüň meselelerine düşünýän we çözgütlerini hem bilýän, tehnologiki özgerişiklere açyk ýigitler hem gyzlar gerek bolar. Düýpli döwlet derejeli meýilnamalary amala aşyrmak üçin (zawod we fabrikler, elektrik stansiýalary, we ş.m.) bolsa ökde injenerler, matematikler, fizikler we beýleki ulgamlaryň hünärmenlerine diýseň mätaç bolunar. Mätäç bolundygyça, uniwersitetler we beýleki ylym ojaklary ýokary derejeli hünärmenleri ýetişdirmek üçin herekete geçip başlarlar. Ylymly bilimli adamlara hökümetde talap boldugyça, ylym we bilim öser.

Ylymyň we bilimiň ösmegine täsir edýän faktorlaryň käbirleri:

- ✓ **Hökümetiň, ylymly we bilimli ýaşlara talabynyň bolmagy (demand):** Bu barada ýokarda hem agzap geçildi, gysgaça aýdanymyzda, bazar ykdysadyýetinde bir haryda talabyň artmagy netijesinde, şol harydyň bahasy artýandyr, bahasynyň artmagy bolsa, şol harydy bazara üpjün edijileri derrew herekete

geçirýändir. Mysal üçin, bazarda mesge ýagyna talabyň köpelmegi netijesinde bu ýaglaryň bahasy galdy (diýeli 20%-30%), bu ýag bilen söwda edýän telekeçiler dessine muny görüp, bazar ýene ýag getirerler. Talap, bazardaky esasy oýunçydyr! Ylyma **hakyky** talap bolmasa, ylym ösmez!

- ✓ **Ylymly we bilimli ýaşlaryň döwlet tarapyndan goldanmagy:** Ösüp gelýän döwletleriň ösen döwletleriňki ýaly güýçli we baý uniwersitetleriniň bolmazlygy örän tebigydyr (gynansakda!). Ýagny, ösüp gelýän döwletler eger güýçli depginde ösmegi, ykdysady we syýasy özgerişleri çaltlaşdyrmagy meýilleşdirýän bolsa, bu ýagdaýda, içerdäki zehinli ýaşlaryň hökümetiň talabyny berjaý edip biljek derejede ylymly we bilimli, hat-da mukdarynyň hem ýetmezligi ikuçsyzdyr. Geljekde, ylymly we bilimli ýaşlaryň ýetmezçiligi has hem ýitileşip, bu mesele döwlet derejesinde bir tragediýa öwrülmez ýaly, hökümet hökmany suratda, bu ýaşlaryň daşary ýurtlardaky **ösen uniwersitetlerde** ylymy öwrener ýaly goldaw programmalary bolmalydyr. Her ýylda, belli mukdarda ýiti zehinli ýaşlar daşary ýurda magistratura, doktorantura okuwa döwletiň hasabyna iberilmelidir. Zehinli ýaşlar, döwletiň iň uly baýlygydyr, we bularyň zehininiň köýüp gitmezligi üçin, döwlet **wagtynda** olaryň gadryny bilip, olary goldamalydyr. Wagtynda bu zatlar edilmese, geljekde işini bilýän ýerli hünärmenler gytçylygy bolar, daşary ýurtly hünärmenleri getirdip işletmek bolsa birinjilik bilen örän gymmada düşer, ikinjilik bilen bolsa işindäki şahsy jogapkärçilik az bolar (meselem, eger bir ýerde kemçilik görse, kellesini agyrdyp durmaz, esasy zat aýlygyny alyp öýüne, daşary ýurda gaýtmak bilen bolar)

- ✓ **Açyk bazar ykdysadyýetiniň ösmegi:** Bazar ykdysadyýetiň ösmegi diýmek, hünärmenleriň arasynda hem ýaryşyň ýitileşmegi diýmekdir. Ýagny, hünärmenler hem öz gezeginde gowy aýlykly işler üçin dowamly öz ylmyny we bilimini artdyrmak bilen bolarlar. Bazar ykdysadyýetinde, zehinli hünärmenler özüniň zehin derejesine laýyklykda aýlyk alarlar (hususy kärhanalarda), bu bolsa hökümetde işleýän hünärmenleriň eger hususy kärhanalarda aýlyk köp bolsa) hususy kärhanalara geçme hyjuwlaryny artdyrar. Bu ýagdaý öz gezeginde, hökümetiň öz hünärmenlerini alyp galmak üçin has oňaýly ýagdaýlar (aýlyklaryny galdyrmak, jaý bermek we ş.m.) döretmegine sebäp bolar. Soňy bilen bolsa, hususy kärhanalarda işleýän hünärmenler bilen, hökümetde işleýän hünärmenleriň hal-

ýagdaýlarynyň deňleşmegine getirer. Bazar ykdysadyýeti şunlukda, hususy kärhanalar bilen hökümetiň arasyndaky zehinli we işini bilýän adamlar üçin ýaryşyň ýitileşmegi netijesinde, bilimli adamlaryň gadry artar we hal ýagdaýy gowulanar.

- ✓ **Söwdanyň we önümçiliginiň ösmegi:** Hyzmatlaryň we harytlaryň artmagy, täze-täze önümleriň öndürilmegi, bu harytlary we hyzmatlary ýerlemek, ýasamak, bejermek we öndürmek üçin ylymly we bilimli adamlar gerek bolar. Bu bolsa talap diýmekdir, talap diýmek bolsa ösüş diýmekdir.

- ✓ **Döwlete degişli däl uniwersitetleriň sanynyň köpeldilmegi:** Bilim, edil beýleki harytlar we hyzmatlar ýaly, diňe we diňe adalatly ýaryşyň netijesinde hili gowulanýandyr. Döwletde, ylyma monopoliýa bolmaly däldir! Döwlet uniwersitetleri ylym we bilim beriş hilini, diňe hususy eýeçilige degişli uniwersitetler tarapyndan adalaty we açyk ýaryşyň netijesinde ýokarlandyrarlar. Eger, döwlet uniwersitetleri hiç hili ýaryş görmedik ýagdaýynda, ylymyň we bilimiň hiliniň artmagyna garaşmak diýmek, wagt ýitirmek diýmekdir.

- ✓ **Hususy eýeçiliginiň artmagy:** Hökümet, mümkin boldugyça hususy eýeçiligi artdyrmagyň ýolunda bolmalydyr. Hususy eýeçilige degişli ylmy barlag labaratoriýalary, uniwersitetleri we orta okuw jaýlaryny ýöredilmegine rugsat bermelidirler. Ýöne bu zatlaryň, kanuna laýyklykda we halkyň bähbidine edilýändigine gözegçiligini birjik hem gowşatmaly däldir. Daşary ýurtly, betpäl adamlaryň elinde uniwersitetleriň we ylymyň oýunjak edilmegine garşy göreşi, hökümet hiç wagt unutmaly däldir.

- ✓ **Aragatnaşyk ulgamynyň ösen we örän elýeterli bolmagy:** Iň gowy zatlary döretmek we öndürmek üçin, hökmany suratda bu zatlary görmek we bilmek gereklidir. Uçarlaryň hereketlendirijileriniň nähilidigini bilmeýän we görmedik adam, nähili ýagdaýda bu hereketlendirijini ýasasyn? Gözüň bilen görmek, düşünmek we bilmek, ylymyň we bilimiň birinji şertlerindendir! **Globallaşýan dünýämizde, görmek we bilmek, internet we aragatnaşyk ulgamlary diýmekdir!**

- ✓ **Adam hukuklary we erkinlik hormatlanmaly:** Ylym we bilim, syýasatyň hyzmatynda bolmaly däldir, asyl syýasat ylymly we bilimli bolmalydyr.

- ✓ **Çaphanalar, gazetler, metbugat we kitaplar erkin bolmaly:** Okamak üçin, ýazmak üçin, döretmek üçin, öz pikirleriňi beýan etmek üçin bütin mümkinçilikler döredilmelidir. Dogry we akylly söz üçin kelle çapylýan ýerde ylym bolmaz.

Ykdysadyýetiň galkynmagy we ösmegi, ***belli bir derejä çenli***, ylmy derejesi pes döwletler üçin mümkindir. Belli bir dereje diýmek, ykdysady ýagdaýlary örän pes bolan döwletler üçin diýmekdir. Ýagny, oba-hojalyk agyrlykly ýa-da syýahatçylyga agyrlykly ada döwletler ýaly döwletlere, ylmy derejesi uly bolmak gerek hem däldir. Ýöne, sözüň doly manysynda ösmek üçin, beýik döwletleriň hataryna geçmek üçin, öndürýän we gurýan döwletleriň hataryna geçmek üçin ylym we bilim hökmanydyr. Geljekde, ylym we bilimiň ähmiýeti, has hem çuňňur duýuljakdyr. Sebäbi, dünýämiziň ýyl-ýyldan gytlaşýan tebigy baýlyklary, we ýyl-ýyldan köpelýän adam sany, döwletleri we hökümetleri bu babatda täze ýollary we ugurlary gözlemäge iterýär. Nähili ýaşamaly, mugt energiýa barmyka, günüň energiýasyny nähili peýdalanyp bolar, bugdaýyň hasyllylygyny nädip artdyrmaly, et önümlerini nädip arzanlaşdyrmaly, howany we tebigaty nädip kirletmän saklamaly we ş.m, soraglar, eýýäm öňden bäri bütin ösen we ösüp gelýän döwletleriniň hökümetlerini howsala salýandygyny unutmalyň. Bu soraglara jogaplar irde-giçde beriler, we bu jogaplar diňe we diňe ylmyň we bilimiň arkasy bilen beriler. Bu soraglara jogaplary tapan ilkinji döwletler bolsa iňňän uly peýdalar gazanarlar. Sebäbi bu soraglaryň her biri milliardlarça dollarlyk soraglardyr. Gelejekde, haýsy döwlet beýleki döwletlere garanyňda tehnologiki üstünligi bar bolsa, şol döwlet hem iňňän uly ösüşlere ýeter, halky baý ýaşar. Tehnologiki üstünlüge bolsa, diňe ylymyň we bilimiň üsti bilen ýetilýändir.

Alymlar goldanmaly, baýraklar gowşurylmaly, iň ähmiýetlisi bolsa, bu alymlaryň ýazan işleri durmuşda ulanylar ýaly mümkinçilik döredilmeli. Peýdasyz ylymdan, ulanyşsyz ylymdan we boş ylymdan haýyr görülmez.

Bir zady hiç wagt ýatdan çykarmalyň, müňlerçe ýylyň dowamynda, tehniki we tehnologiki taýdan ösen döwletler, tehnologiýa taýdan pes döwletleriň üstünden höküm sürüp gelendirler. Esasan hem, ýarag tehnologiýasy güýçli döwletler elmydama çekinilýän we hormatlanýan döwletleriň hatarynda bolarlar. Beýleki döwletler bolsa, gynansakda, bu döwletleriň tabynlygynda bolmakdan başga çäreleri bolmaz. Bu tabynlyk gönümel tabynlyk bolmasada, syýasy we ykdysady tabynlyk hem, tabynlygyň bir görnüşidigini biz ilkinji syrymyzda agzap geçipdik.

“Syýahatçylyk pudagynyň asyl maksady, syýahatçylaryň göwünlerini açmak bilen, olaryň höwes bilen pul sowmaklyklary üçin mümkinçilikleri artdyrmak bolmalydyr”

9-njy syr. Syýahatçylyk

Globallaşýan dünýämizde, transport ulgamynyň, maglumat tehnologiýasynyň we halkara gatnaşyklar ulgamynyň ösmegi, halkara howpsuzlyk ulgamynyň giňemegi we adamlaryň ykdysady-maliýe ýagdaýlarynyň gowulanmagy, adamlaryň tebigy duýgusy bolan bilesigelijilik duýgusyny doly doýurmaga iterýär. Ýagny, adamlaryň, indi gyzyklanýan medeniýetlerini, taryhy ýerleri we höwes edýän tagamlaryny diňe bir kinolarda we kitaplarda okaman we görmän, eýsem baryp ýerinde görme mümkinçiligi artýar. Döwletleriň ählisi diýen ýaly, bu pudagyň getirýän ägirt uly ykdysady peýdasyny kabul edendikleri üçin, syýahatçylary öz ýurtlaryna çekmek üçin bu döwletleriň hökümetleri bütin mümkinçilikleri döredýärler. Syýahatçylygyň ösmegine getirýän sebäpler ynha şulardyr:

- **Ýurtda, ykdysady we syýasy durnuklylyk bolmalydyr:** Hiç bir syýahatçy syýasy çaýkanmalaryň içinde bolan, ykdysady çöküşlikde çyrpynýan döwletlere barmaz.

- **Adam hukuklary ýokary derejede goralýan bolmaly, jenaýatyň örän az bolmagy:** Aňsatlyk bilen töhmetler atylyp azatlygyndan mahrum edilibiljek, ýa-da maly elinden alynjak bolsa, syýahatçylar bu döwletleriň daşyndan aýlanyp geçerler. Janyna we malyna howp abanmak mümkinçligi uly bolan döwletler hem, syýahatçylaryň barmaga höwes edýän ýurtlaryň sanawynda ýokdur.

- **Hukuk goraýjy edaralary örän çalt we effektiw işlemeli:** Bir zat bolan ýagdaýynda (ogurlyk, ýa-da dawa jenjel), hukuk goraýjy edaralarynyň meselä haýal we biparh seretmeleri, syýahatçylary bu döwletden gaçyrýandyr.

- **Maliýe ulgamy döwrebap bolmaly:** Syýahatçylar dünýäniň her bir künjünden gelýändirler, şunyň bilen baglylykda bu syýahatçylaryň ýurda gelen mahaly, töleg geçirmek, pul birligini alyş-çalyş etmek, we başgada pul bilen baglanyşykly bütin meseleler örän döwrebap bolmalydyr. Syýahatçy bu babatda gelen ýurdunda kösenmeli däldir.

- **Migrasiýa gullugy örän çalt we effektiw işlemeli:** Wiza (rugsat) bilen bagalanyşykly bütin meseleler dessine çözüler ýaly ýagdaý döredilmelidir. Wiza rugsady bolmasyz ýurda girip çykma ylalaşygy bolan ýurtlaryň sanyny köpeltmeli, gysgaça aýdanymyzda yurda girip çykma mümkinçligi mümkin boldugyça ýeňilleşdirilmeli.

- **Dynç alyş we gezelenç üçin bütin gerekli ýagdaýlar döredilmeli we mümkin boldugyça köpeldilmeli (Restoranlar, barlar, sirkler, teatrlar, marketler, transport, howpsuzlyk, internet we ş.m.)**

- **Dynç alyş merkezleriniň (restoran, bar, we ş.m.) iş sagatlary mümkin boldugyça uzaldylmaly, hat-da ýigrimi dört sagat işleme mümkinçilikleri döredilmeli:** Ösen döwletleriň köpüsinde, dynç alyş we iýmitleniş ýerleriniň öňden bäri ýigrimi dört sagat işleme mümkinçlikleri bardyr. Syýahatçy (esasan hem ösen döwletleriniň birinden gelen syýahatçy), eger isläп wagty restorana gidip bir zatlar garbanmak üçin mümkinçlik döredilmedik bolsa, bu oňa örän oňaýsyz täsir eder. Syýahatçy isläп wagty isläп zadyny elýeterde tapyp bilmelidir! Bir zady unutmalyň, syýahatçylar dynç alyşa we göwünlerini açmaga gelýändirler!

- **Syýahatçylara garşy ýumşaklyk görkezilmeli, kanunlaryň ynsanperwerligini artdyrmaly.** Hiç bir syýahatçy, sähel zada berk çäre görülýän döwlete syýahatçylyga gitmek islemez! Çilim çekeni üçin berk ýygymlaryň bolmagy, ýa-da alkogolly içgileri içeni üçin jezalaryň örän berk bolmagy, bu zatlar syýahatçylaryň gaçmagyna sebäp bolýan zatdyr.

- **Şäherleri arassa we dowamly täzelikler bilen üpjün etmeli:** Arassaçylyk mydama göwün açyjydyr. Howanyň arassalygy, iýmitiň arassalygy (düzüminde GMO bolmaýan, tebigy arassa önümler we ş.m.) we köçeleriň arassaçylygy syýahatçylaryň keýpine we şatlygyna diýseň oňaýly täsir edýändir.

- **Alkogolly içgileri, çilimi we beýleki dynç alyş maksatlaýyn ulanylýan, psihiki-baglaýjy häsiýeti bolmaýan (neşe serişdelerine girmeýän), serişdeleri eger gadagan edýän kanunlar bar bolsa bularyň ýatyrylmagy hökmanydyr:** Syýahatçylyk pudagy, örän girdejili pudakdyr. Ýöne bütin beýleki pudaklar ýaly, bu pudagyň hem jemgyýete erbet täsiri ýok däldir. Esasy zat, bu pudagyň ykdysadyýete we galkynyşa oňaýly täsiriniň, oňaýsyz täsirinden ep-esli uly bolmagydyr. Syýahatçylygyň ösmegi diýmek, dünýäniň her künjünden, her tüýsli, her

hili edim-gylymly, akly-pikiri seniňkiden üýtgeşik adamlaryň seniň ýurduňa dynç almaga, iýip-içmäge, gezmäge, görmäge gelmegi diýmekdir. Ýurduň syýahatçylyk pudagyny ösdürmekdäki maksady, ynha bu syýahatçylaryň getirýän we ýurtda sowýan pullarydyr. Näçe köp pul sowsa, şonçada ýurduň bähbidi üçin gowudyr. Azda-kände, bu syýahatçylaryň getirýän üýtgeşmelerine (kelleagyrylaryna) çydalmasa, syýahatçylyk düýbünden ösmez. Syýahatçylyk pudagynyň asyl maksady, syýahatçylary terbiýelemek, olara däp-dessurlar barada sapak bermek dälde, olaryň wagty hoş geçer ýaly we olaryň has hem ýurtda köp bolup, gelen ýerinde pul köp sowar ýaly etmekdir. Gynansakda, häzirki döwürde, "dynç almak" düşünjesiniň içine, alkogolly içgileri içmek, çilim we beýleki neşe serişdelerine girmeýän serişdeleri ulanmak hem girýändir. Bu zatlaryň, döwletde gadagan edilmegi, berk moral we etiki kada kanunlaryň bolmagy jemgyýet üçin peýdaly hem bolsa, syýahatçylyk pudagy üçin düýbünden kemçilikdir. Okyjym bu ýerde, bu saglyga zyýanly serişdeleri artdyrmaly, ulanyşyny ösdürmeli diýip düşünmesin, bu serişdeleriň ulanylmagy öňe sürülmeli we döwlet tarapyndan goldanmaly däl, ýöne beýleki tarapdan, bu serişdeleriň garşysyna güýçli depginde söweş hem alyp barmak ýerliksizdir. Içmek, iýmek we çekmek isleýänler, bu serişdeleri, kanun esasynda, hiç zatdan çekinmän içip, iýip we çekip biler ýaly ýagdaý döredilmelidir.

- **Moral we etiki häsiýeti berk gözegçilik edýän kanunlar bar bolsa (aýal maşgalarar başyny ýapmaly, gysga etekli köýnekler geýmek bolanok, erkekler gysga şortly gezmeleri gadagan we ş.m.), bularyň ähli si dessine ýatyrylmaly, mümkin bolsa kazinolar hem açylmaly:** Syýahatçylygyň ösmegine iň gowy täsir edýän zat, "bu döwletde bolanok" diýilmegini azaltmakdyr. "Beýle bolanok, içmek bolanok, geýmek bolanok, ýöremek bolanok, şu bolanok we bu bolanoklar" näçe köp bolsa, şonçada syýahatçylyk pese gaçar. Her bir syýahatçylygy ösdürmek isleýän döwlet ýokarda aýdylanlary berk bellemelidir.

- **Syýahatçylary hormatlamaly we hakykatdan hem halkyň myhmansöýer bolmagy hökmanydyr. Syýahatçylar özleriniň hormatlanmaýan, islenmeýän, myhmansöýerligi pes bolan döwletlere gitmezligi tebigydyr:** Syýahatçylyk pudagyny hakykatdan hem ösdürmek isleýän döwlet, hakykatdan, çyn ýüregi bilen syýahatçylary söýmeli, myhmansöýer bolmalydyr. Geleni söýmeseň, sylamasaň, gelenine hoş bolmasaň, bu pudak asla aýaga galmaz.

Syýahatçylyk, maksada laýyklykda, örän köp ugurlara aýrylýandyr, bularyň käbirleri:

- **Dynç alyş we gezip görme maksatly syýahatçylyk:** Dynç almak, iýip-içmek we gezmek üçin bütin mümkinçilikler döredilen bolmaly, tebigy tarapdan mylaýym we ýakymly howasy bolmaly, deňizlere we suwlara açyk bolmagam gereklidir.

- **Ylym we okuw üçin syýahatçylyk:** Bu syýahatçylyk ugruny artdyrmak üçin, örän ýokary hilli ylym we bilim beriş ulgamyň we uniwersitetleriň bolmalydyr. Ylym we tehnologiýada ýokary derejelere gelmedik döwletler bu ugurdaky syýahatçylygy ösdürip bilmezler. Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Beýik Britaniýa, Germaniýa, Ýaponiýa we Şwesariýa, okuw üçin syýahatçylaryny iň köp kabul edýän döwletleriň iň birinjileridir.

- **Söwda niýetli syýahatçylyk:** Söwda etmek üçin bütin mümkinçilikler döredilen bolmalydyr. Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Birleşen Arab Emirlikleri, Hytaý Halk respublikasy we Türkiýe, bu ugurda syýahatçylary iň köp kabul edýän döwletleriň biridirler.

- **Dini syýahatçylyk:** Dini mukaddeslikleriň bolmagy hökmanydyr! Saud Arabystan, Izrail, Hindistan we Italiýa (Watikan), dini syýhataçylaryny iň köp kabul edýän döwletlerdir.

- **Iş niýetli syýahatçylyk:** Işgärleri we migrantlary kabul edip biljek derejede kanunlarynyň erkin bolmagy we ykdysady taýdan örän tiz depginde ösýän döwlet bolmalydyr. Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Birleşen Arap Emirligi, Katar, Kuweýt, Rusýa Federasiýasy we Ýewropa Birleşigine girýän döwletleriň ähli si muňa mysal bolup bilerler.

- **Saglyk üçin syýahat:** Globallaşýan dünýämizde soňky döwürde, saglygyny bejertmek maksatly syýahatçylygyň artyşyna şaýat bolunýar. Ökde hünärmenleriň bolmagy, şypahanalaryň we hassahanalryň bolmagy we iň ähmiýetlisi hem bularyň bahasynyň elýeterli bolmagy, syýahatçylygyň bu ugrunyň güýçli depginde ösmegine getirendir. Muňa mysal edip Hindistan döwletini getirmek bolar.

Syýahatçylyk, ykdysady ösmegiň we galkynmagyň syrlarynyň biridir we ösüp gelýän döwletler üçin iňňän möhümli syrdyr. Bir zady gowy bellemeli, syýahatçylyk bu "oturan ýeriňden" girdeji diýmekdir. Taryha ser salyp görseň, gelim-gidimli, söwda ýollarynyň ugrunda bolan obalar tiz

wagtyň içinde uly şäherler öwrülýändirler. Sebäbi her gelen geçen bir zatçyklar alyp ýa-da goýup gidýändir we wagtyň geçmegi bilen şol ýeriň bereketi artýandyr. Bar etmeli zadyň myhmansöýerligi artdyrmak, dynç alar ýaly ýagdaý döretmek, azda-kände ynsanperwer we ýumşagrak bolmakdyr (kanun esasynda). Bu mümkinçiligi hiç bir ösüp gelýän döwlet sypdyrmaly däldir, hat-da iki eli bilen berk ýapyşmalydyr. Bu mümkinçilikden peýdalanmaýan döwlet, derýanyň gyrasynda ýaşap, balyk tutmaýan nalajedeýine meňzär.

Bibliografiýa

1. www.un.org
2. www.unfpa.org
3. Adam Smith*"Wealth of Nations"* (1776)
4. David Riccardo *"Principles of Political Economy and Taxation"* (1817)
5. Leon Walrus tarapyndan *"Elements of Pure Economy"* (1874)
6. Alfred Marshall, *"Principles of Economics"* (1890)
7. Nicholas Georgescu-Roegen, "*Mathematical Proofs of the Breakdown of Capitalism*" (1960).
8. Ira Berlin "*Many Thousands Gone*" (2000).
9. Gunnar Myrdal, "*What is Development*?" (1974).
10. Elias Cannetti "*The Crowds and Power*" (1962 ý.)
11. Stanley Meisler "*United Nations. A History*" (2011)
12. Mahdi Darius Nazemroaya "*Globalization of NATO*" (2012)
13. Richard Peet "*Unholy Trinity: The IMF, World Bank and WTO*" (2009).
14. Joseph Stiglitz "*The Three Trillion Dollar War"* (2008
15. www.worldbank.gov
16. www.bbc.com
17. www.middlepowers.org
18. M. Mitsopoulos and T. Pelagidis, "*Understanding the Crisis in Greece*" (2012).
19. www.imf.org
20. Axel Dreher, "*A Public Choice Perspective of IMF and World Bank Lending Conditionality*" (2004).
21. Marcelo de Paiva Abreu, "*Brazil as a Debtor, 1824-1931*" (2006).
22. Margit Koves, "Fascism in the Age of Global Capitalism" (2004).
23. Funakosi Gitin, "*Karate-do: My way of life*" (1956 ý)
24. Jaakko Hintikka, "Are Mathematical Truth Synthetic a Priori?" (1968).
25. K. Vela Velupillai, "*The Unreasonable Ineffectiveness of Mathematics in Economics*" (2004), "*The Mathematization of Macroeconomics*" (2008), "*Freedom, Anarchy and Conformism in Academic Research*" (2011).
26. Jeffrey D. Sachs and Andrew M.Warner, "*Natural resource abundance and economic growth*", NBER (1995).
27. Hubert Seipel "*Putin. The Logic of Power*", (2016)
28. Erline Moxnes we Eline van der Heiden, "*The effect of Leadership in a Public Bad Experiment*" (2003)
29. Kenneth Arrow, "*Little's Critique of Welfare economics*" (1951)
30. Torsten Persson we Guido Tabellini, "*Is Inequality harmful for Growth*" (1994).
31. Wladimir Georgiýewiç Grafskiý, "*Wseobshaýa Istoriýa Prawa i Gosudarstwa*", (2007).
32. www.admin.ch
33. Daron Acemoglu, "*Simple Model of Inefficient Institutions*"(2006)
34. Ling Shen, "*When will a dictator be good*" (2007)
35. Gunnar Myrdal," *Institutional Economics*" (1978)
36. Elinor Ostrom, "*Collective action and the Evolution of Social Norms*" (2000)
37. Oliver E. Williamson, "*Institutions of Governance*" (1998) we" Economics *of Governance*" (2005).
38. R. H .Coase, "*Durability and Monopoly*" (1972).
39. Lawrence R. Klein, "*Supply Side*" (1978).
40. www.ec.europa.eu
41. P.Moyes, "*A note on minimally progressive taxation and absolute income inequality*" (1986).
42. Max Weber, "*Economy and Society*", (1978)

43. www.worldbank.org
44. Louis Kaplow, "*Antitrust, Law and Economics, and the Courts*" (1987).
45. Nauro F. Campos we Francesco Giovannoni "*Lobbying, Corruption and Political Influence*" (2007).
46. www.senate.gov
47. www.fatf-gafi.org
48. Lee Ellis, Kevin M. Beaver, John Wright "*Handbook of Crime Correlates*"(2009)
49. Nicholas Sambanis," *What is Civil War*?" (2004)
50. www.fortune.com
51. www.nestle.com
52. www.novartis.com
53. www.apple.com
54. www.abc.xyz
55. www.microsoft.com
56. www.jnj.com
57. www.wellsfargo.com
58. www.allianze.com
59. www.toyota-global.com
60. Gene M. Grossman we Elhanan Helpman, "*Endogenous Innovation in the theory of Growth*" (1994).
61. Jordi Gali, "*Multiple Equilibria in a Growth Model with Monopolistic Competition*"(1996)
62. Richard Snyder we Ravi Bhavnani, "*Diamonds, Blood and Taxes: A Revenue Centered Framework for Explaining Political Order*" (2005)
63. Jordi Gali, David Lopez Salido, we Javier Sallez, "*The Understanding Effects of Government Spending on Consumption*" (2007)
64. Rafael La Porta, Florencio Lopez de Silanes, Christian Pop-Eleches, we Andrei Schleifer, "*Guarantees of Freedom*" (2002)
65. Jean Jacques Laffront we Jean Tirole, "*Privatization and Incentives*" (1991)
66. Alberto Alesina we George-Marios Angeletos, "*Fairness and Redistribution*", (2005).
67. Christopher A. Sims, "*Monetary Policy Models*" (2007)
68. Armen Alchian, "*Why Money*?"(1977).
69. Gregory Mankiw, "*Macroeconomics*" (2010).
70. Steve H. Hanke we Nicholas Krus, "*World Hyperinflations*" (2012)
71. S. Rao Aiyagari, R. Anton Braun we Zvi Eckstein, "*Transaction Services, Inflation and Welfare*" (1998)
72. Eldar Sharif, Peter Diamond we Amos Tversky, "*Money Illusion*" (1997).
73. www.cia.gov
74. Robert J. Gordon, "*Macroeconomics: Theory and Policy*" (1988).
75. Milton Friedman, "*Optimum Quantity of Money*" (1969).
76. Kiminori Matsuyama," *Financial Market Globalization, Symmetry-Breaking and Endogenous Inequality of Nations*" (2004)
77. Mark Weisbrot, "*Ten Years After: The Lasting Impact of the Asian Financial Crisis*" (2007)
78. Yegor Gaidar, "*Lessons of the Russian Crisis for Transition Economies*", (1999).
79. Narayana Kocherlakota, "*Optimal Monetary Policy: What We Know and What We Do Not Know*" (2005)
80. www.un.org
81. www.unesco.org
82. Axel Dreher, "*IMF Conditionality: Theory and Evidence*" (2009).
83. Friedrich Hayek, "*The Pure Theory of Capital*" (2007).
84. Patrick Heller, "*Degrees of Democracy: Some Comparative Lessons from India*" (2000)
85. Emilie M. Hafner Burton, Jana Von Stein, we Erik Gartzke, "*International Organizations Count*", (2008)
86. Han Dorussen we Hugh Ward, "*Intergovernmental Organizations and The Kantian Peace: A Network Perspective*" (2008)

87. Edward D. Mansfield we Jon C. Pevehouse, "*Democratization and the Varieties of Internationa Organizations*" (2008)
88. Morten Bennedsen we Sven E. Feldman, "*Lobbying Bureaucrats*" (2006)
89. Harold Hongju Koh, "*Setting the World Right*" (2006)
90. Benjamin E. Goldsmith, Yusaku Hariuchi we Takashi Inoguchi, "*American Global Policy and Foreign Opinion: Who supported the War in Afghanistan*" (2005)
91. John Ferejohn, we Frances McCall Rosenbluth, "*Warlike Democracies*" (2008)
92. Jeff Viktoroff, "*The Mind of the Terrorist: A Review and Critique of Psychological Approaches*" (2005)
93. Yoav Gortzak, Yoram Z. Haftel we Kevin Sweeney, "*Offense-Defense Theory: An Empirical Assessment*" (2005)
94. Patricia L. Sullivan, "*War Aims and War Outcomes: Why Powerful States Lose Limited Wars*" (2007)
95. www.sipri.org
96. www.oecd.org
97. Charles Cohen we Erik D. Werker, "*The Political Economy of Natural Disasters*" (2008)
98. Thad Dunning, "*Resource Dependence, Economic Performance and Political Stability*" (2005)
99. www.shanghairanking.com
100. www. medicaltourismmag.com
101. www.unwto.org
102. www.world-exchanges.org
103. www.ft.com
104. www.opec.org
105. Jean Jacques Laffront we Jean Tirole, "*Privatization and Incentives*" (1991)
106. Alberto Alesina we George-Marios Angeletos, "*Fairness and Redistribution*", (2005).
107. Jagdish N. Bhagwati, "Protectionism", 1988